SEÝITNAZAR SEÝDI ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET
MUGALLYMÇYLYK INSTITUTY

TARYH – GEOGRAFIÝA FAKULTETI

Taryh we ony okatmagyň
usuly kafedrasy

**Hatamow J.**

# Türkmenistanyň orta asyrlar taryhy

## (X asyrdan mongol basybalyşlaryna çenli)

**TÜRKMENABAT-2009**

Türkmenistanyň orta asyrlar taryhy
(X asyrdan mongol basybalyşlaryna çenli)

**Jepbarguly Hatamow**
Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI, taryh we ony okatmagyň usuly kafedrasy, 2009. –139 s.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň okuw usuly topary tarapyndan makullandy.**
(Talyplar we taryh mugallymlary üçin okuw gollanmasy)

**Syn ýazanlar: Mamutow A.**
**Aýdogdyýew P**

**Türkmenabat Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI. 2009**

# Garahanly türkmen döwleti



Garahanly döwletiniñ hökümdarlary döwletiñ taryhyny ýazdyrmak bilen meşgullanmandyr diýsek öte geçdigimiz bolmaz. Garahanlylara degişli ýeke –täk taryhçynyñ Abul Fatyf al- Gafir al-Almaýy “Kaşgaryñ taryhy” (Tarihi Kaşgar) atly eseri bize mälim, emma ol hem dolulygyna saklanmandyr. Ondan alynan bölekleri biz XIII asyryñ ýazary Jemal Karşynyñ eserinden tapyp bilýäris. Şeýlelikde bu döwlet baradaky taryhy maglumatlary biz döwletiñ çäginden daşarda ýaşan arap we pars ýazarlarynyñ işlerinden almaly bolýarys.

1156-njy ýylda ajaýyp pars şahyry Nizamy Aruzi ýöne ýere “han öýüniñ (garahanlylaryñ J. H.) atlary diñe şahyrlaryñ şygyrlarynyñ hasybyna saklanypdyr” diýip bellemändir[1]

840-njy ýylda garlyklaryñ öñki ýabgusy Bilge Kül Kadyr han Ýedisuw türklerine garşy üstünlikli ýöriş edip, şol ýyl ýeke-täk kagan (han) titulyny alypdyr. Ýeri gelende aýtsak kagan sözüni köplenç häzirkizaman alymlary han sözi bilen çalyşýarlar. Emma entek Mahmyt Kaşgarly kagan we han derejeleriniñ hukuk derejelerinde tapawut ýok bolupdyr diýen ýaly düşünjelere jogap edip kaganyñ hanlaryñ hany manysynyñ bardygyny tekrarlapdyr. Kaganyñ hana garanda has uly hökümdardygyny ýazypdyr[2].

Döwletiñ döreýşi baradaky gürrüñimize dolansak Bilge Kül Kadyr hanyñ kagan bolan ýyly-840-njy ýyl Garahanly döwletiniñ dörän wagty hökmünde kabul edilendir.

---

[1] Бертельс Е.Э., - История персидско-таджикской литературы. М., 1960. с.458.

[2] Hatamow J. Mahmyt Gaşgarly türki halklaryñ döwlet dolandyryşynda hormatly unwanlary hakynda.

Garahanly türkmen döwletini döreden türkmen taýpalary garlyklar, ýagmalar, çigillerdir. Gara sözi gadymy türkmenlerde beýikligi we güýçlüligi aňladyp, Gara han sözi «Beýik, baştutan» diýmegi aňladypdyr. «Gara» sözi kuwwatly manysyny hem beripdir.

Döwleti döredijiler ilkinji nobatda garlyklar hasaplanýar. Iñlis alymy **K.E. Boswort** özüniñ "Musulman şanesillikleri" atly işinde Garahanlylary ürç edip öwrenen, bu mesele boýunça has ygtybarly alym hasaplanýan **O.Prisak** atly alymyñ hem Garahanlylar döwletini döredenlere garlyklaryñ baştutanlyk edendigini tassyklaýandygyny ýazýar. Garlyklaryñ türkmenlerdigi bolsa subutnama talap etmeýän hakykatdyr. Yeri gelende ýatlasak **Mahmyt Kaşgarly** garlyklary türkmenler diýip belläpdir. Ol ýagmalara «Gara ýagma» diýlendigini belleýär.

**W.W. Grigorýew** atly alym döwleti garahanlylar döwleti diýip atlandyrmagy teklip edipdi. Şondan bäri ol dünýä taryhynda şol at bilen öwrenilýär. Garahanlar neberesine ylmy çeşmeleriň käbirlerinde «Ilekler döwleti» hem diýlendigine gabat gelmek bolýar. «Il» sözi Watan, ülke manysyny berýär. Şu ýerde bir zady anyklaşdyrmagy zerur hasaplaýarys. Ol hem Garhanlylaryñ hökümdarlaryna döly garaşsyzsyzlyk gazanýançalar Ilek diýlip, soñra bolsa Gara han diýlip atlandyrylan bolmagy mümkin. Garahanly türkmenler özlerini Alp Är Töňgäniň neslinden diýip atlandyrypdyrlar. Bu dogrudyr, çuñki Garahanlylar neberesini musulman taryhy çeşmeleri "Afrasiabyñ öýi" diýip atlandyrýarlar[3].

Gündogarşynaslar W.W. Bartoldyň, W. Minorskiniň F. Sümeriň tassyklaýşy ýaly, alymlaryň arasynda Garahanly türkmenleriň döwletini guranlaryň arasynda ikinji derejeli orun tutany ýagmalardygy hakdaky pikir agdyklyk edýär. Ýagmalar öz hökümdarlaryna öñ hem Bugra han diýipdirler. Täjik alymy **B. Gafurow** bugranyň – düýäniň ýagmalaryň oňony bolandygyny belleýär. Döwleti gurmakda baştutanlyk eden garlyklaryñ bolsa oñony Gaplañ bolupdyr. Şonuñ üçin bolsa gerek, Garahanlylar döwletiniñ baştutanlarynyñ öz atlary bilen köplenç Arslan sözi utgaşykly gelýär. Galyberse-de Arslanlaryñ Garahan (baş han),

[3] Bartold W.W. "Oçerk istorii türkmenskogo naroda" . Soçineniýe,tom II, çast 1, Moskwa 1963, 558s.

Bogralaryñ hanlykda ikinji hökümdarlar bolmagy garlyklaryñ bu döwletde ýolbaşçylyk ornuny görkezýän goşmaça delildigini-de aýtmalydyrys.

Ýagmalar uýgur döwleti ýykylandan soň Kaşgar sebitlerine gelipdir. Soňra olar Il jülgesinde ýaýrap, Balasaguny öz ellerine geçiripdirler. Mahmyt Kaşgarly XI asyryň ikinji ýarymynda ýagmalaryň bir böleginiň Il derýasynyň boýlarynda, beýleki böleginiň Taraz sebitlerinde ýaşaýandygyny belläpdir.

Kadyr handan soňra döwletde ogullary Bazar Arslan bilen Ogulçak han höküm edipdirler. Bazar Arslanyñ we Ogulçak hanyñ hökümdarlyk ýyllaryny tapmak bize başartmady. Dogruşy, Garahanly türkmenleriñ nesil daragtyny yzarlamak meselesinde alymlar mydama kynçylyk çekýärler. XX asyrda Garahanlylar meselesi bilen aýratyn gyzyklanyp, ylmy iş ýazan alym O. Prisak, Musulman şanesilliksleriniñ şejeresiniñ ilkinji gezek sulbasyny düzen E. Zambaur, Garahanlylar barada birnäce ylmy işleri ýazan akademik B. B. Bartold, “Musulman şanesillikleri” atly kitaby ýazan K.E Boswort ýaly alymlaryñ ählisi bu döwletiñ şejeresini dikeltmekde ejizdiklerini boýun alýarlar. E. Zambaur Garahanlylary “şejeresi doly anyklanmadyk ýeke-täk iri musulman şanesilligi” diýip görkezýär. Garahanlylaryñ hökümdarlary barada maglumatlary toplamakda kynçylyk döredýän ýagdaýlaryñ esasysy olaryñ baştutanlarynyñ köpüsiniñ Arslan Gara han ýa-da ýöne Arslan han diýlip atlandyrylmagy, hökümdaryñ kömekçisi wezipesinde bolanlaryñ bolsa Bogra han diýlip atlandyrylyp, hakyky atlarynyñ taryhy çeşmelerde az saklanmagy bolup durýar. Mysal üçin akademik W.W. Bartold “Bogra han” atly makalasynda bary-ýogy dört sany Bogra hanyñ adyny tapmagy başarandygyny görkezýär.

Garahanlylaryñ yslamy kabul edenlerinden soñra musulman atlaryny, lakamlaryny öz oguz-türkmen atlary bilen utgaşdyrmaklary şejeräni yzarlamakda kynçylyk döredýän ýagdaýlaryñ ýene biridir

Garahanly döwleti yslam dinini kabul eden ilkinji türkmen döwletidir. Garahanlylar yslam dinini X asyryñ ikinji ýarymynda köpçülikleýin kabul edipdirler. Şol wagt Garahanlylaryñ hökümdary Satyk Bogra han we onuñ ogly Musa hökümdarlyk edipdirler.

Bir zady bellemelidiris. Ol hem yslam dini haýsydyr bir uruşlaryñ netijesinde däl-de meýletinlik bilen uzak wagtyñ dowamynda Garahanly döwletine ornaşandygydyr. Diñe 955-nji ýylda tagta geçen Musa biraz wagt hökümdarlyk edenden soñra yslamy döwlet dini hökmünde jar edipdir. Garahanlylar barada gürrüñ edilende bu döwletiñ iki şaha bölünendgini, Günortasynyñ paýtagty köplenç Uzgen, Günbatarynyñky Samarkant bolandygyny bilmelidiris.

Samanly döwletiniň synmagy netijesinde onuň eýeçilik edýän ýerleri türkmenler tarapyndan döredilen Gaznaly we Garahanly döwletleri tarapyndan eýelenildi. Samanly döwletiniň Horasandaky agalygyny Mahmut Gaznaly 999-njy ýylda syndyran bolsa, ol döwletiň Mawerennahrdaky agalygyny Garahanly türkmen döwleti 999-njy ýylda syndyrdy.

Geliñ Garahanlylaryñ samanylaryñ ýerlerini eýeleýşi barada biraz giñräk duralyñ. Garahanlylar tarapyndan Samanylaryñ ýerlerini basyp almak, ol döwletiñ demirgazyk-gündogar çetinden başlanypdy. Ilkinji bolup samanylardan basylyp alnan ýer häzirki Gazagyztanyñ territoriýasynda ýerleşen Çimkent töwerekleridir. 992-nji ýylda garahanlylaryñ goşuny ilkinji gezek Buhara girýärler. Horasandaky samanylaryñ dikmesi Abualy ibn Abulhasan Simjuri gizlinlikde garahanlylar bilen gepleşik geçiripdir we ol Samany döwletine dönüklik edipdir. Ol Buhara garahanlylar çozan wagty Horasandan öz ibermeli goşunyny ibermändir.Samany serkedelerinden ýene biri aýgytlaýjy pursatda dönüklik edip duşmanyñ tarapyna geçipdir. Ol dönügiñ ady Faýyk bolup, ol Samanylaryñ garahanly goşunyna garşy iberen goşunyñ serkerdesi eken. Foik öz goşuny bilen duşmanyñ tarapyna geçip, olaryñ Buhara garşy ýörüşine goşulypdyr. Samany döwletiniñ Horasandaky dikmesiniñ we goşun ýolbaşçysy Faýykyñ dönüklikleri netijesinde goragsyz galan paýtagty-Buharany ýeñillik bilen garahanlylar eýeläpdirler. Samany döwletiniñ hökümdary Amula (Türkmenabada) gaçypdyr.[4] Emma garahanlylar hanlarynyň ýogalandygy sebäpli şol ýyl Buharany taşlap gaýtmaga mejbur bolupdyrlar. Garahanlylaryñ bu

[4] Гафуров Б. Г. История таджиксого народа. Т.1, Москва 1955, стр.,228-229.

çozuşy samanylar döwletiñ berk däldigini görkezipdir. Döwlete garşy gozgalañlar başlanypdyr.

Nuh II Buhara dolanyp gelenden soñ ilkinji bolup Horasanyñ hökümdary Abualy ibn Abulhasan we Faýyk gozgalaña baş göteripdirler. Olara garşy göreşde kömek bermegini haýyş edip Nuh II Gaznaly hökümdary Söbüktegine ýüz tutupdyr. 20 müñ göşuny bilen Söbüktegin gozgalañçylaryñ goşunlaryny derbi-dagyn etmekde saldamly kömek beripdir. 995-996-njy ýyllarda garahanlylar ýene-de samanylaryñ ýerlerine çosuşlar gurapdyr. Bu gezek hem Söbükteginiñ kömegi bilen çozuşlar yza serpikdirilipdir.[5]

Çozuş yza serpikdirilse-de garahanlylary köşeşdirmek üçin Nuh II olara eglişikler edipdir. 996-njy ýylda garahanlylar bilen Samanylaryñ arasynda şertnama baglaşylyp, ol boýunça Zerewşanyñ kenarlaryndan demirgazyk tarapdaky samany ýerleri Garahanlylara berilýär[6]. 997-nji ýylda Nuh II we Söbüktegin ýogalýarlar. Gaznada Häkimiýete Mahmyt geçýär, Samanylar döwletiniñ tagtyna bolsa Nuh II ogly Mansur ibn Nuh geçipdir. Mansur ibn Nuh Mahmyt Gaznalynyñ diýeninden çykmandyr. Faýyk we beýleki emeldarlar Mansuryñ Mahmyt bilen ýakynlaşmagyna düýbünden garşy bolupdyrlar. Olar Mansuryñ gözlerini oýupdyrlar. Şondan köp wagt geçmänkä 999-njy ýylda Mansur ýogalypdyr. Faýykyñ tarapdarlarynyñ talaby bilen samanylar tagtyna Mansuryñ dogany Abdulmälik ibn Nuh geçýär. Ol Samanylardan iň soňky hökümdar bolupdy. Faýyk we onuñ tarapdarlarynyñ hereketlerine jogap edip, Mansuryñ aryny almak bahanasy bilen Mahmyt Gaznaly Owganystanyñ demirgazygyndaky Samanylara degişli ýerleri eýeläpdir. Şol ýyl Samanylaryñ Horasandaky ähli ýerlerini öz döwletine birleşdiripdir. Samany döwletinde diñe Mawerennahrdaky ýerler galypdyr.

Garahanlylar hem Mawerennahra çozuşlaryny dowam edipdirler, Buharany basyp alypdyrlar. Abdulmälik ibn Nuh 999-njy ýylda Garahanly Nasyr Ilek han tarapyndan Buharada maşgalasy bilen bilelikde tussag edilipdir. Samanlylardan Abdulmäligiň dogany

---

5 Гафуров Б. Г. История таджиксого народа. Т.1, Москва 1955, стр., 229.

6 Bartold W.W. “Istoriýa Türkestana” . Soçineniýe,tom II, çast 1, Moskwa 1963, 128s.

Abuibragim Ysmaýyl ibn Nuh Garahanlylara garşy dogany tussag edilenden soňra hem göreşi dowam etdirdi. Ol birnäçe söweşlerde Garahanlylary ýeňmegi hem başardy. Şonuň üçin ol Muntasir (ýeňiji) lakamy bilen meşhurdyr.

Muntasir Garahanlylar tarapyndan Uzgen şäherinde (häzirki Gyrgyzystanda) tussag edildi. Muntasir tussaglykdan gaçyp, Köneürgenje gelip şol ýerde goşun toplap Garahanlylara garşy göreşi dowam etdirdi. Ol Buhara ýöriş gurapdyr. Buharada Garahanly ýerli hökümdary kowup çykarmagy-da başarypdyr. Buharadan Samarkanda ýöriş edipdir. Garahanly hökümdarynyň dogany Japar Tegin bu wagt Samarkandyň ýerli hökümdarydy. Japar Tegin Buharadan gaçyp baran garahanly goşuny bilen öz goşunlaryny birikdirip, Muntasiriň garşysyna uly goşun bilen çykypdyr. Emma Japar Tegin söweşde ýeňilip, özüniň birnäçe harby serkerdeleri bilen ýesir düşüpdir. Muntasir ýesirleri we Japar Tegini Buhara alyp gaýdypdyr. Buharada olary dogany Abdulmäligiň we onuň maşgalasynyň Garahanlylar tarapyndan tussaglykda saklanýandygy üçin saklajakdygyny aýdypdyr. Muntasir ýesirleri çalyşmagy hem teklip edipdir.

Emma Garahanly türkmen döwletiniň hany Nasyr Elek han Muntasire garşy uly goşun güýjini ulanypdyr. Muntasir Nasyr Ilek hanyň goşunynyň köpdüginden gorkup, Buharany taşlap Horasana gaçypdyr. 1003-nji ýylda Muntasir täzeden Mawerrennahra ýöriş edipdir. Söweşde Muntasiri oguzlar-türkmenler goldapdyrlar, şolaryñ goldamagy bilen ol üstünlik gazanypdyr. Oguz türkmenleri Garahanlylaryň goşunyny ýeňip, 18 sany Garahanly harby serkerdäni ýesir alypdyr. Emma ýeňişden soň olja paýlaşmak meselesinde Muntasiriñ öz harby serkerdeleri we oguzlar bilen sözi azaşypdyr. Oguzlar 18 sany ýesiri Muntasire bermändirler. Olary garahanlylara has gymmat satmak isläpdirler. Muntasiriñ oguz-türkmenler bilen arasy bozulypdyr. Ol 1003-nji ýylyň ahyrynda ýene-de Horasana gaçmaga mejbur bolupdyr. 1005-nji ýylda 4 gezek Muntasir Mawrennahra ýöriş edipdir. Emma ýöriş döwründe öz goşun serkerdeleriniň dönükligi bilen ýeňlişe sezewar bolupdyr. 1005-nji ýylda Muntasir bir taýpa serdary tarapyndan öldürilipdir.

Biz ýokardaky jikme-jikligi getirmegimiziň sebäbi taryhçylaryň arasynda Samanly döwletiniň ýykylan ýyly barada iki pikiriń bardygydyr. Olaryň birinjisi Abdulmäligi soňky Samanly hökümdary hasaplap, Samanly döwletini 999-njy ýylda ýykylan hasaplaýarlar, ikinjisi Muntasiri Samanly döwletiniň soňky hökümdary hasaplap, ol döwleti 1005-nji ýylda ýykyldy diýip hasap edýärler. Biziň pikirimizçe garaýyşlarynyň birinjisi dogrudyr. Çünki Muntasiriň ne-hä hemişelik merkezi şäheri bardy, ne-de hemişelik eýelik edýän ýeri bardy. Galybersede Muntasiriň hemişelik hereket edýän goşuny hem ýokdy. Ol söweşlerde ele salan oljasynyň hasabyna wagtlaýynça ol ýa-da beýlejki taýpa serdarlary bilen gepleşik geçirip şolary söweşlerde ulanýardy. Olar hem söweşde ýeňip özüne ýetdik olja paýyny alandan soňra Muntasiriň goşunyny terk edýärdiler.

Garahanly türkmen hanlary öz ýagdaýyny resmi taýdan berkitmek üçin Bagdat halyflygynyň tabynlygyndadygyny jar edipdirler. Hat-da ilkibaşda olar Abbasy halyflarynyň atlaryny goýup pul hem zikgeläpdirler. Görşümiz ýaly Samanly döwletiniň eýeçilikleri iki türkmen döwleti tarapyndan paýlaşylýar. Bu iki döwlet başda Samanly döwletiniň mirasyny parahatçylykly ýagdaýda paýlaşmak barada ylalaşyk hem baglaşdylar.

Bu ylalaşyk Garahanly Nasyr ibn Aly ilekhan we Mahmut Gaznalynyň döwründe 1001-nji ýylda baglaşylypdy. Şol ylalaşyk boýunça iki türkmen döwletiniň arasyndaky serhet kesgitlenilipdir. Serhet Amyderýa boýunça geçirilip, derýandan Günortasy Gaznalyllara, Mawerennahr bolsa Garahanlylara degişli edilipdir. Garahanlylar we Gaznalylar biri-birleriniňkä ilçileri iberipdiler. Dostlugy has-da berkitmek üçin Mahmut Gaznaly garahanly hökümdar Nasyr ibn Aly ilekhanyň gyzyna öýlenipdir.

Garahanlylar şeýle dostdana gatnaşygy ilkinji bozup, 1006-njy ýlda Mahmut Gaznaly Hindistanda ýörişde wagty Gaznaly döwletiniň çäklerine ýöriş gurapdyrlar. Garahanly goşunlary Tus, Hyrat we Nyşapur şäherlerini eýeläpdirler. Garahanlylaryň beýleki bir bölek goşuny bolsa Balh şäherine ýoriş gurapdyr. Emma, Balhyň ilaty Garahanlylara berk gaýtawul görkezipdir. Mahmut Gaznaly

Garahanlylaryň çozuşy hakyndaky habary eşidip, Hindistandan Gazna dolanypdyr. Balhdan Nyşapurdan we Horasanyň beýleki şäherlerinden garahanlylary kowup çykarypdyr. Garahanly türkmenleriň az sanlysy gaçyp Mawerennahra yzyna barypdyrlar. 1007-nji ýylda Nasyr Ilek han Hotanyň (Gundogar Türküstan) häkimi Kadyr han Yusup bilen birleşip 40-50 mün goşun toplap Gaznalylara garşy täze ýöriş gurapdyr. Mahmut Gaznaly hem bu uly goşuna garşy Hindistan ýörişlerinde taplanan uly goşun bilen çykypdyr. Ol Hindistandan alan 500 sany söweş pillerini hem bu söweşde ulanypdyr. Söweş Balh şäheriniň golaýynda bolupdyr. Söweşjeň piller bu söweşiň Mahmut Gaznalynyň peýdasyna tamamlanmagyna getiripdir. Garahanly goşuny ýeňilip gaçmaga mejbuir bolupdyr. Goşunyň uly bölegi Gaznalylar tarapyndan Amyderýa gark edilipdir.

Garahanlylar şu uly ýeňlişinden soň Gaznaly ýerlerine çozuş etmändirler. Nasyr ilekhanyň abraýy gaçyp, Garahanlylaryň ýurdunda tagt ugrunda dawalar başlanypdyr. 1012-nji ýylda Nasyr ilekhan ýogalypdyr. Ol ýogalandan soňra tagta, onuň dogany Aly Tegin geçipdir. Ol ýaş, gaýratly, harby sungatdan başy çykýan, edermen serkerde bolupdyr. Emma Garahanlylaryň beýleki emeldarlary Aly Tegine garşy hem häkimýet ugrunda baş galdyrypdyrlar. Özara dawalar Garahanlylaryň döwletini gowşadypdyr. Mahmut Gaznaly hem Garahanly döwletini gowşatmak üçin dawagärleriň haýsy-da bolsa birini goldap, olary öjükdiripdir. Mahmut Gaznaly seljuklary Garahanlylara garşy goýmagy başarypdyr. Seljuk türkmenlerine arka durupdyr. Aly Teginden soňra Garahanlylaryň nesil daragtyny yzarlamak kynlaşýar.

Garahanlylar XI-XII asyrlarda seljuklara, gara-hytaýlara, Köneürgenç türkmen döwletine tabyn ýa-da özbaşdak ýagdaýda tä XIII asyryň başyna çenli döwlet bolup ýaşapdyrlar.

Garahanlylar döwletini gowşadan ýagdaýlaryñ biri Garahytaýlylaryñ döwletiniñ döredilmegidir. Bu döwlet 1130-1210-njy ýyllarda ýaşapdyr. Garahytaýlylar garahanlylaryñ eýelik edýän ýerlerine aralaşyp, olaryñ özlerine salgyt tölemeklerini we öz hökümdarlary bolan Gurhany beýik hökümdar hökmünde ykrar etmeklerini gazanypdyrlar. Naýmanlaryñ çozuşlary netijesinde 1210-njy ýylda Gündogar Garahanly

döwleti, 1212-nji ýylda döwletiñ Günbatar şahasy ýykylypdyr. Bu nesilşalygyň soňky hökümdary Gylyç Arslan ibn Gylyç bolup, ol 1212-nji ýylyň ahyrynda Köneürgenç türkmen döwletiniň hökümdary Muhammet şa tarapyndan öldürilipdir we Garahanly türkmen döwletiniň esasy ýerleri Köneürgenç türkmen döwletiniň eline geçipdir.

## Gaznaly türkmen döwleti



**Gaznaly türkmen döwletiniň taryhynyň taryhy çeşmeleri.** Gaznalylar döwleti 962-1186-njy ýyllarda ýaşan döwletdir. Onuň jemi 21 sany hökümdarynyň bolandygy mälimdir. Gaznalylar barada XIII asyrda ýaşap geçen beýik taryhçy Yzzaeddin Ibn Esiriň "Kämil taryh" atly türkmen dilinde çap edilen eseriniñ (3 jiltli) I kitabynda gymmatly maglumatlar berilýär.[7] Bu kitapda Gaznalylar baradaky maglumatlar "Söbükteginiñ nesilşalygynyñ döremeginiñ beýany" atly makala bilen başlanýar[8] we Söbükteginden öñ döwleti dolandyran hökümdarlar barada maglumat berilmeýär.

Beýhakynyň "Masudyň taryhy" atly eseri Mahmud Gaznalynyň we Masudyň hökümdarlyk eden döwürlerine bagyşlanylypdyr. Bu kitaba akademik Bartold musulman taryhy çeşmeleriniň arasynda iň kämili, ygtybarlysy hasaplaýar. Gaznalylar barada Ymam Abu Japar Tabarynyň "Taryh" atly kitabynda hem beýan edilýär. Ỳöne, Ibn Esir Tabarynyň "Taryh" eserini dolulygyna öz kitabynda ulanypdyr. Kemini dolduryp,

---

7 Yzzaeddin Ibn Esir "Kämil taryh" I jilt., Aşgabat «Miras» 2005, 89-205-nji sah.

8 Yzzaeddin Ibn Esir "Kämil taryh" I jilt. Aşgabat «Miras» 2005, 89-nji sah

artykmaç hasaplan ýerlerini nätakyklyklaryny aýrypdyr. Şonuň üçin şu tema öwrenilende Tabarynyň işini ýörite agtaryp tapjak bolmagyň zerurlygynyñ ýokdugyny aýtmak isleýäris. Ibn Esiriň “Onuň içindäki (Tabarynyň “Taryh” kitabyndaky J. H.) ähli maglumatlaryň birini hem goýman aldym”[9] diýen sözleri-de biziñ pikirimiziñ dogrudygyny tassyklaýar. Gaznalylar barada Muhammet Utbiniñ “Mahmyt Gaznalynyń taryhy” atly Miras merkeziniń 2006-njy ýylda türkmen dilinde çap eden kitaby ähmiýetlidir. Köşk taryhçysy M. Utbi Mahmyt Gaznalynyñ edermenliklerini aşa öwendigini hasaba almasañ bu kitap möhüm çeşmedir.

Bulardan başga-da “Mahmut Gaznalynyñ pentnamasy” atly eseriñ bolandygy barada maglumat bar. Türkmen alymlary bu eseriñ golýazmasyny agtaryp, ahyr 2007-nji ýylda Hindistanyñ Haýdarabat şäheriniñ kitaphanasyndan tapdylar. Nesip bolsa ol tiz wagtlarda türkmen diline terjime ediler. Şeýle-de Mahmyt Gaznaly we onuñ weziri Aýaz han barada ýene bir eser alymlar tarapyndan Hindistandan Türkmenistana getirildi. “Mahmyt we Aýaz han” atlandyrylýan bu eserde Mahmydyñ ýörüşleri döwründe weziri akyldar Aýaz han bilen başdan geçiren geñ-tañlyklary, eden gürrüñleri beýan edilipdir. Aýaz hanyñ garyplykdan wezir derejesine çykandygy üçin köneje çarygyny jaýynyñ görnükli yerinde asyp goýup, öte geçjek bolsa şoña seredendigi baradaky rowaýat häzirki günlere çenli saklanypdyr. “Aýaz han çarygyña bakarak” dyen nakyl hem şondan galypdyr.

**Gaznaly türkmen döwletiniň döremegi.** Gaznalylar döwletiniň dörän döwrüne seredeliň. Samanylar X asyryň II ýarymynda gowşapdy. Oguzlar döwleti synyp, oguz-türkmen halky dargapdy. Şeýle özara uruşlar döwri türkmenleriň gaýa taýpasy Horasana göçýär.

Gaznaly döwleti gözbaşyny Samany döwletiniň harby serkerdesi (sipahsalary) Alp Teginden alyp gaýdýar. Alp Tegin hem gaýy türkmenlerindendir. Alp Tegin ýaşlykdan Samanylaryň harby mekdebiniň terbiýesini alan, gulamlykdan goşun başlyklygyna ýetişen, Samany köşgüniň atly-abraýly harby serkerdesi bolupdyr. Ol 35 ýaşynda Horasanyň baş harby serkerdesi bolýar. 961-nji ýylda Samanylar

[9] Yzzaeddin Ibn Esir “Kämil taryh” I jilt. Aşgabat «Miras» 2005, 10-nji sah

döwletiniň Horasandaky emiri Abdylmälik aradan çykýar. Köşk emeldarynyň içinde Alp Teginiň garşysyna topar döreýär. Olar Horasanyň harby serkerdesiniň abraýynyň ýokary göterilip, köşkde esasy ýeri eýelejekdiginden howatyrlanyp, ony öldürmegiň kastyna çykýarlar. Alp Tegin özüne garşy dörän topara garşylyk görkezip bilmejekdigine göz ýetirip, Horasandaky mülküni taşlap, Owganystanyň demirgazygyna gitmäge mejbur bolýar.

Alp Teginiň özüniň wepaly gulamlary bilen Hindiguş daglaryndan geçmeginiň esasy sebäbi hem bu ýerde türki taýpalar ýaşapdyr. Şol taýpalaryň goldawyndan peýdalanyp, Samanylara garşy göreşmegi maksat edipdir. Bu ýere IX asyryň ahyrlarynda oguzlaryň halaç taýpasy göçüp gelip, Kabulyň gündogaryndan Gandagara çenli aralykda ornaşypdyrlar. Emma Alp Tegin bu ýerde Samanylara garşy uruşmak üçin mümkinçilik tapyp bilmeýär. Sebäbi bu ülkede han-begleriň özara uruşlary dowam edipdir. Ol tire-taýpalaryň garşylyklaryndan ýerlikli peýdalanyp, Kabulyň eteklerindäki türki halklaryň kömek bermegi bilen Gazna ýöriş edýär.

Alp Tegin Gaznany dört aýlap gabandan soň, 962-njy ýylyň Ýanwar aýynyń 12-sinde basyp alýar. Ol Gazna şäherini täze dörän döwletiň merkezine öwürýär. Gaznanyň merkez edip saýlanmagynyň sebäbi ol tebigy taýdan güýçli berkitmäniň ortasynda ýerleşipdir, şäheri çar tarapdan daglyk gurşapdyr. Alp Tegin Gaznada özüniň döwletini döreden soñ uzak ýaşamandyr, ol 963-nji ýylyň Sentýabr aýynda aradan çykypdyr. Ol ýogalansoñ onuñ iki ogly Ishak we Bilge Tegin döwleti dolandyrypdyrlar. Ỳöne olar özbaşdak hökümdarlar hökmünde atasyndan galan döwleti dolandyrmagy başarmandyrlar.

Ishak Gaznanyň öňki hökümdary Lawik bilen göreşip bilmän, kömek soramak üçin Buhara gaçyp gidýär. Ol Samanylardan bolan Mansur I-niñ kömek bermegi bilen Gaznany eýeleýär we samanylara garaşly hökümdara öwrülýär. Ishakdan soňky Gaznanyň hökümdary Bilge Tegin bilen Piri Tegin hem özbaşdaklygyny gazanyp bilmändirler. Piri Alp Teginiñ neberelerinden bolmandyr. Şonuñ üçin oña garşy hereketler başlanypdyr.

977-nji ýylda Alp Teginiň giýewsi Söbüktegin Gaznanyň hökümdary Pirini tagtdan agdarýar. Söbüktegin öz garşydaşyndan doly üstün çykyp, 977-nji ýylyň 20-nji aprelinde özüni Gaznanyň emiri diýip jar çekdirýär. Gaznanyň öňki hökümdarlary ýaly Söbüktegin hem samanylara garaşly bolupdyr. Ỳöne ol garaşsyzlyga gönükdirilen syýasaty alyp barypdyr.

Gaznalylar döwletiniň taryhyny beýan eden Abul Fazl Beýhaky özüniň "Masudyň taryhy" diýen işinde: "Söbük Tegin özara taýpa uruşlary netijesinde Nur welaýatynda ýaşaýan türkmenler tarapyndan ýesir alnypdyr" diýip belleýär. Söbüktegin Yssyk kölüń kenarlaryndaky oguzlardan bölünip aýrylan, tuhsy atly türkmen taýpasy tarapyndan ýesir alynýar. Ol gelip çykyşy boýunça gaýy türkmenlerinden bolupdyr*. Gaýylar şol döwürde yslam dinini kabul etmändirler. Şol sebäpli türkmenler tarapyndan gul edilip satylan Söbüktegin Alp Teginiň elinde musulmançylygy kabul edýär, onuñ körekeni bolýar.

Netijede Gaznaly döwletiniň düýbini Alp Tegin tutan hem bolsa, döwletiniň berkararlygy Söbüktegin tarapyndan goýulýar. Ibn Esir ýöne ýere Gaznadaky döwleti "Söbüktegin nesilşalygy" diýip atlandyrmandyr. Hatda Gündogary öwreniji alym A.Bertels "Söbüktegin tarapyndan düýbi tutulan bu nesilşalyga Gazna şährinde dörändigi üçin Gaznalylar döwleti diýilýär" diýýär. Ýöne ýokarda belleýşimiz ýaly Gaznaly döwleti samanly döwletiniň hökümdary Nuh II-ä tabyn ahyryn.

Söbükteginiň wepaly gullugy üçin Samanly döwleti ony goldapdyr. Hatda onuň ogly Mahmydy Horasanyň goşunbaşysy, dolandyryjysy wezipelerine belläpdir[10].

Horasanyň hökümdary Mahmyt ol ýerini kakasynyň diýeni boýunça dolandyrypdyr. Gaznaly döwleti iş ýüzünde özbaşdak döwlete öwrülipdir.

Gaznalylar döwletiniň hökümdarlary Söbükteginiň dolandyran döwründen başlap Hindistana birnäçe gezek ýörişler gurapdyr. Hindistan barada şu ýerde gysgajyk bir ýagdaýy bellemegi zerur hasaplaýarys. Ol hem arap basybalyşlary döwründe Hindistanyñ diñe

* Gaýy taýpasy häzirki gökleň türkmenleriniň ata-babalary hasaplanýar.

10 Ibn Esir "Kämil taryh" I kitap 104-116 sah.

Sind welaýatynyñ serhetýaka etraplarynyñ az bölegine (häzirki Päkistanyñ ýerleri) yslam dininiñ ýaýrandygydyr. Yslamy Hindistana ýaýratmak işini Gaznalylar döwleti amala aşyrypdyr. Söbüktegin Hindistana ýöriş etmegiñ başyny başlapdyr. Ol Hindistannyñ Demirgazygyndaky Şahiler patyşalygynyñ hökümdary Jaýpal bilen birnäçe gezek söweşipdir, birnäçe şäherleri basyp alypdyr. Jaýpaly uly salgytlar tölemäge mejbur edipdir. Hatda ony ýsir alyp 50 sany pil berjek diýenden soñ boşadypdyr. Dogry Jaýpal ýurduna baransoñ sözünde durmandyr. 997-nji ýylda Söbüktegin Hindistana täze ýörişe ugrajak pursaty aradan çykypdyr. Ol ýogalmazynyň öň ýanynda tagta mirasdüşer diýip kiçi ogly Ysmaýyly (Alp Teginiñ gyzyndan bolan ogly) jar edipdir.

Ysmaýýl 7 aý hökmümdarlyk edipdir. Soň ony Horasanyň häkimi mälik Mahmyt eýeläpdir.

Gaznada dörän bu döwlet Mahmyt tagta geçende gutarnykly öz garaşsyzlygyny alypdyr.



**Mahmyt Gaznaly*** 970-nji ýylyñ Sanjar aýynyñ 14-inde eneden dogulýar.[11] Ol 998-1030-njy ýyllarda Gaznaly döwletiniñ hökümdary bolýar. Ol Gaznaly döwletini musulman dünýäsine ykrar etdiren soltandyr. 999-njy ýylda Mahmyt Gaznaly Horasanda hökümdarlygyny gutarnykly berkidýär. Bagdat halyfy al-Kadyr Mahmyt Gaznalynyň kuwwatly hökümdardygy üçin oña «Döwletiň daýanjy we diniñ ynamdar wekili (Ýemin ad-daula amin al-milla) diýen hormatly at bilen bilelikde «Horasanyň soltany» diýen nyşany berýär.

* "Mahmyt" sözüniñ asly "Mahmud" diýen arap sözüdir. Onuñ "öwülýän, taryplanýan" diýen manysy bar. Gaznaly lakamy bolsa onuñ öz döwründe ulanylman, diñe soñky ýazarlar tarapyndan döwletiñ şol şäherdedigini añlatmak üçin berilendir.

11 Muhammet Utbi "Soltan Mahmyt Gaznalynyñ taryhy" A., "Miras "2005, 291-nji sah.

Muhammet Utbi, Abul Fazl Beýhaky, Nyzamylmülk we beýlekiler Mahmyt Gaznalyny «Mukaddes uruşlaryň gahryman serkerdesi, musulman dünýäsiniň beýik soltany» hökmünde taryplapdyrlar.

Mahmyt Gaznaly 1001-1026-njy ýyllarda 17 gezek Hindistana gazawat-din ugrunda söweşlerini amala aşyrýar. Ỳurduñ serhetlerini giñeldýär. Kakasynyñ duşmany Jaýpaly 1002-nji ýylda doly ýeñýär. Ol Horezmi hem basyp alýär. Horezme ýörişi barada giñiräk gürrüñ edeliñ!

Horezmi Mahmydyñ eýeleýşi barada Beýhakynyñ "Mesudyñ taryhy" atly işinde gowy ýazylypdyr. Horezmi dolandyrýan Mamun ýogalansoñ tagta ogly Abul Hasan Aly geçýär. Aly Mahmut Gaznalynyñ aýal doganyna öýlenýär. Ondan soñ tagta Alynyñ dogany Abul Abbas Mamun geçýär. Ol hem 1015-nji ýylda Mahmydyñ aýal doganyna öýlenýär[12].

Mahmyt Gaznaly Abul Abbas Mamunyñ özüne näderejede wepalydygyny we garaýşyny anyklamak maksady bilen diplomatik öwrüm edýär. Ol öz weziriniñ üsti bilen Mamunyñ ilçisine Horezmde Mahmydyñ adyna hutba okatmaklaryny aýtdyrýar. Özü-de bu teklip barada Mahmyt hiç zat bilmeýän şekilli bolýar. Mamun soltandan birugsat beýle teklibi weziriñ aýdyp bilmejegini bilip, öz emeldarlary bilen bu mesele barada maslahat geçirýär. Şonda Mamun Mahmytdan gorkup öz eýeleýän ýerlerinde onuñ adyna hutba okadylsa gowy boljagyny aýdýar. Emma Mamunyñ egindeşleri muny özbaşdaklygyñ ýitirilmegi bolar öýdüp, oña garşy bolýarlar. Mamun iki oduñ arasynda galýar. Bir tarapdan Mahmytdan gorksa, ikinji tarapdan emeldarlarynyñ garşylygyna sezewar bolýar.

Şeýle şertlerde hutbaly mesele Mahmydyñ weziri tarapyndan ikinji gezek has gödekräk görnüşde talap edilýär. Mamun ýene maslahat geçirýär. Mahmydyñ talabyny aýdýar. Özüniñ talaby ýerine ýetirmek isleýändigini aýdan-da emeldarlar köşkden Mamuna sögünip çykyp gaýdýarlar. Horezmşa olary her edip hesip edip yzyna gaýtarýar, hatda

12 Бартольд В.В. "Туркестан в эпоху монгольского нашествия"// Сочинения, т. I, "Издательство восточной литературы", М. 1963, стр., 337.

özünden Biruniniñ sözleri bilen aýtsak özünden ötünç soratmagy başarýar.[13]

Horezmşa bilen emeldarlaryñ arasyndaky dörän ýagdaý barada Mahmyt Gaznala habar ýetipdir. Mahmyt Gaznaly Mamuny gowşak hökümdar saýyp, giýewsine garşy baş göterenlerden ar aljakdygyny aýdyp başlaýar. Bu ýagdaý Horezmşa bilen Mahmydyñ arasyna sowuklyk aralaşmagyna sebäp bolýar. Garahanlylar döwletiniñ hökümdary hem Horezmşa bilen Gaznalynyñ arasynda dörän dartgynly ýagdaýy öz bähbitleri üçin ulanmak isleýär. Ol iki tarapa hem ilçi iberip, gaýyn giýewiñ arasynda araçy bolmaga taýýardygyny duýdurýar. Mamun hatda Garahanlylardan ýaragly kömek bermeklerini haýyş edýär. Emma garahanlylar kömek bermekden kes-kelläm ýüz öwürýärler. Garahanlylaryñ ilçisi Mahmydyñ ýanyna hem baryp, araçy bolmak meýillerini mälim edýärler. Emma garahanlylaryñ öz bähbidini araýandyklaryny açyk bilýän Mahmyt olaryñ kömegine mätäc däldiklerini, Mamun bilen eýýäm aralarynyñ sazdygyny aýdyp ilçileri gaýtarýar.

Mahmyt dessine Mamuna hat ýollaýar. Ol hatynda Mamunyñ emeldarlarynyñ başyna gidendigini, olara hut özüniñ jeza berjekdigini, şol maksat bilen 100 müñli, 500 pilli goşunyñ taýýar edilendigini aýdýar. Hatynda 3 sany şertiñ haýsy-da bolsa birini ýerine ýetirmegini mamundan talap edýär. Ol şertler aşakdakylardan ybarat:

1.Mahmyt Gaznalynyñ adyna hutba okatmaly;

2.Pul we mynasyp sowgatlary ibermeli;

3.Giñ wekilçilikli töwellaçylary Mahmydyñ ýanyna ibermeli.

Mamun ters düşünip ýokarda agzalan 3 şertiñ ählisini ýerine ýetirmäge girişýär. Bu bolsa goşunbaşy Alp Teginiñ baştutanlygynda gozgalañyñ başlanmagyna getirýär. Gozgalañçylar Weziri we Horezmşanyñ ýakyn emeldarlarynyñ birnäçesi öldürýärler, birnäçesi gaçyp janyny gutarýarlar. Mamun öz galasynda gizlenýär. Ony açdyryp bilmän galany oda ýakyp, 1017-nji ýylyñ Mart aýynyñ 20-sinde

---

[13] Бартольд В.В. "Туркестан в эпоху монгольского нашествия"// Сочинения, т. I, "Издательство восточной литературы", М. 1963, стр., 338.

Mamuny öldürip, onuñ ýaş ýegeni Abul Haris Muhammedi tagta çykarypdyrlar.

Mahmyt Gaznaly aýal doganyny gozgalañçylar öz ýanyna alýança sypaýyçylygy elden bermändir. Gozgalañçylar Mamuny öldürenler hökmünde birnäçe adamy tussag edipdirler, hatda Mahmuda jerime hökmünde 200 000 dinar pul, 4000 at bermäge söz beripdirler. Mahmut sultan baş gozgalañçy Alp Tegini we başga-da olaryñ birnäçesini bermegi talap edipdir. Alp Tegin bu şerti kabul edip biljek däldi. Ol gyssagly urşa taýýarlanypdyr we 50 müñli goşun toplamagy başarypdyr.

Mahmyt Horezme garşy ýörüşe barýandygyny Garahanlylaryñ döwletiniñ iki böleginiñ ikisiniñ-de hökümdarlaryna habar beripdir. Olar Mahmydyñ aşa güýçlenmegiunden howatyr etseler-de patyşany öldürenlere garşy ýörüşe garşy hiç zat aýdyp bilmän, Soltanyñ hereketini oñlaýandyklaryny habar beripdirler. Amuldan toplan goşunlary bilen Amyderýanyñ çep kenaryndan Mahmyt Horezme garşy ýörüşe başlapdyr.

Esasy söweş Hazaraspyñ ýanynda bolupdyr. Söweşde horezmliler ýeñilip, gozgalañçylaryñ ýolbaşçylary ýesir alnypdyr. 1017-nji ýylyñ Iýul aýynyñ 3-nde Mahmyt Kät şäherini basyp alypdyr. Gozgalañçylaryñ ýolbaşçylarynyñ esasy üçüsini pile depeledip, soñra olaryñ jesedini piliñ holtumynda "patyşany öldüreniñ güni şeýle bolar" diýip şäheriñ köçelerinden aýlapdyrlar. Soñundan Mamunyñ guburynda 3 sany dar agajyny taýýarladyp, ol üçüsini şol ýerde asyp goýupdyrlar. Mahmydyñ tabşyrygy bilen olaryñ guburynyñ üstünde "Bu ýerde öz eýesine hyýanat eden pylan ogly pylany bar" diýen ýazgy ýazylypdyr[14]. Horezme Altyntaşy baş hajib belläp, onuñ ýanynda düzgün-tertip ýola düşýänçä Arslan Jazibiñ baştutanlygynda goşun galdyrypdyr.[15]

Mahmyt Gaznaly Hindistana we Horezme ýörişlerden başga-da Mawerennahra hem ýöriş geçiripdir. 1025-nji ýylda Gündogar Garahanly döwletiniñ hökümdary Kadyr han bilen ylalaşyp, Mawerennahra ýöriş edipdir. Bu ýörüşiñ maksady garahanlylaryñ

14 Muhammet Utbi "Soltan Mahmyt Gaznalynyñ taryhy" A., "Miras "2005, 255-nji sah.
15 Бартольд В.В. "Туркестан в эпоху монгольского нашествия"// Сочинения, т. I, "Издательство восточной литературы", М. 1963, стр., 338-341.

ýerlerini basyp almak däl-de özüne bähbitli adamy Günbatar garahanly tagtyna geçirmek bolupdyr. Mahmyt bilen Kadyr hanyñ ylalaşygy boýunça Mawerennahrda Kadyr hanyñ ikinji ogly Ỳagan –tegin tagta geçmelidi. Emma ol Mahmudyñ gyzyna öýlenmelidi. Kadyr han öz gyzyny Mahmydyñ ikinji ogly Muhammede çykarmalydy.[16] Emma gudaçylyk gürrüñi başa barmandyr. Mahmyt soýuzdaşlaryny goldamak baradaky sözlerini ýerine ýetirmändir. Mahmyt 1025-nji ýylda Mawerennahra ýöriş etse-de edipdir welin Kadyr hanyñ baştutanlygynda Garahanly döwletiniñ iki bölegini birleşmegini islemedik bolmaga çemeli. Çünki ol ikisi birleşip, güýçlense Mahmydyñ bähbidine däldi. Mahmyt Mawerennahrdaky seljuklaryñ güýçlerini howply görüp, olar bilen gepleşikler geçiripdir. Seljugyñ ogly Arslany (Ysraýyl) ähtiýalanlyk edip (Ibn Esiriñ sözleri boýunça) ýesir alyp, Hindistana tussag edipdir[17].

Aly-tegin Samarkandy we Buharany taşlap, gaçypdyr. Onuñ aýaly, gyzy, olaryñ ýükleri Mahmydyñ adamlary tatapyndan ele salnypdyr. Emma Aly-tegini doly ýok etmändir. Onuñ garahanlylaryñ bir şähasyny ýok edip, ikinjisiniñ aşa güýçlenmegini islemändir. Hatda Ýagan –tegin Mahmydyñ źanyna baryp, beren sözlerini ýatladanda onuñ sözlerine köp üns bermändir. Mümkin Aly-tegin bilen Mahmydyñ arasynda-da gizlin gepleşikleriñ geçirilen bolmagy mümkin. Näme-de bolsa Aly-tegin Mawerennahryñ esasy böleginiñ hökümdary bolmagynda galypdyr.

Daşary syýasatda Mahmyt Gaznaly Bagdat halyflygy bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet beripdir. Mahmyt 1026 njy ýylda halyf Kadyryñ ilçilerini kabul edipdir. Olar Mahmydyñ täze basyp alan ýerlerini resmileşdirip, oña berilýändigi baradaky haty we Soltanyñ özi üçin täze tituly alyp gelipdirler. Mahmyt özüni samanylaryñ hakyky mirasdüşeri edip görkezipdir. Halyf Garahanlylara sowgatlar ibermezlik we olar bilen gatnaşyljak bolsa Mahmydyñ üsti bilen gatnaşmak barada onuñ bilen şertnama baglaşypdyr.[18]

---

[16] Бартольд В.В. "Туркестан в эпоху монгольского нашествия"// Сочинения, т. I, "Издательство восточной литературы", М. 1963, стр., 346

[17] Бартольд В.В. "Туркестан в эпоху монгольского нашествия"// Сочинения, т. I, "Издательство восточной литературы", М. 1963, стр., 346-347

[18] Бартольд В.В. "Туркестан в эпоху монгольского нашествия"// Сочинения, т. I, "Издательство восточной литературы", М. 1963, стр., 355

Taryhy nukdaý-nazardan seredenimizde Mahmyt Gaznalynyň yslam dinine uly sarpa goýandygy dogrudyr. Gaznaly hökümdary Hindistana eden gazawatlarynda talanyp alnan hazynasyny yslam dininiň kada-kanunlary esasynda paýlapdyr. Yslam dininiň kanuny boýunça talanan hazynanyň bäşden bir bölegi sadaka üçin bölünip alnypdyr. Bäşden üç bölegi goşuna paýlanylypdyr. Galan bölegi döwletiň hazynasyna alnypdyr. Şonuň üçin Mahmyt Gaznalynyň guran gazawatyna halk köpçülikleýin gatnaşypdyr.

Mahmyt Gaznalynyň içeri we daşary syýasatda gazanan üstünlikleri esasan hem döwletiň harby ulgamynyň gowy guralanlygy bilen berk baglanyşyklydyr. Ol döwrebap tertip-düzgünli goşuny döretmek üçin köp zähmet siňdirýär. Gaznaly goşunyndaky gulamlaryň parahat halky birugsat talamaga haklary bolmandyr.

Gaznaly soltany goşunyň içinde ýüze çykaýjak pitneleriň sebäplerini syzyp, adatdan daşary çäreleri görüpdir. Onuň buýrugy bilen köşkde ýörite goşun saklanylypdyr. Şol goşun türkmen, kawkazly we owgan halklaryndan düzülip, olara ýaşlykdan harby tälim berlipdir. Gulamlaryň aglaba bölegi gul bazarlaryndan, ýaş oglan wagty satyn alnandygy sebäpli, olar özüniň haýsy halkdan gelip çykandygyny hem bilmändirler. Bu gulamlara güýçli harby tälim berlip, öz eýesine wepaly gulam edilip taýarlanylypdyr. Goşundaky gulamlaryň haýsydyr biriniň kölegeli tarapy görünse, ony hemmä göz edip, piliň aýagynyň aşagyna taşlapdyrlar.

Gaznaly goşunynyň esasy harby güýji saýlama atly goşun hasaplanypdyr. Bu atly goşunyň gulamlarynyň aglaba bölegi türkmenlerden ybarat bolupdyr. Olar Gaznaly soltanynyň buýrugy bilen gul bazarlaryndan satyn alnyp, şäherden çetde harby tälim öwredilipdir. Türkmenlerden toplanan gulamlaryň köpçülikleýin saýlama atly goşuna alynmagynyň esasy sebäbi olar at üstünde uruşmaga we ýaýdan ok atmaga gaty ökde bolupdyrlar.

Mahmyt Gaznalynyň döwründe hereket edýän harby goşunda araplar az sanly bolup, olar möhüm ýeri eýelemändirler. Parslar bolsa goşuna alynmandyr. Olar diňe hat-ýazuw we hasabyýet bilen baglanyşykly köşk işlerinde işledilipdir.

Gyzylgumyň jümmüşindäki seljuk türkmenleri Gaznaly soltanynyň ýanyna özleriniň ilçilerini iberip, oňa hat ýollapdyrlar. Olar soltan Mahmyda: «Mallarymyzy bakmaga bize öri meýdanlary darlyk edýär. Biziň ilimize hormatly soltanyň rehimi inip, Jeýhundan (Amyderýadan) geçip, Horasanda ornaşmaga rugsat berer diýip Sizden umyt edýäris» diýip belläpdirler. Gaznaly hökümdary seljuk türkmenleriniň ýazan haty bilen tanşandan soň öz emeldarlaryny maslahata çagyrýar. Maslahatda Tus şäheriniň häkimi Arslan Jazibi soltan Mahmyda ýüzlenip: «Seljuklara Horasanyň ýoluny görkezmeli däl. Olar ummasyz köp sanly atly goşuny özünde jemläp, özleriniň batyrlygy bilen hemmäni geň galdyrýar. Men ol adamlaryň ýüzünde üstümize abanýan howpy görýärin. Erkana ýaşaýan seljuklar biziň döwletimiziň tertip-düzgünine boýun bolmazlar. Eger-de bulagaýlyk başlansa, düzetmek mümkin bolmaz» diýýär. Mahmyt Gaznaly Arslan Jazibä garap: «Sen näme teklip edýärsiň?» diýipdir. Tus häkimi: «Meniň teklibim şeýle hökümdar. Olaryň (seljuklaryň) hemmesini gaýyklara mündirip, Jeýhunyň (Amyderýanyň) ortasynda gark etmeli ýa-da olar ýaýdan ok atyp bilmez ýaly ähli erkek göbeklisiniň başam barmaklaryny çapdyrmaly» – diýip teklip edipdir. Gaznaly soltany birsalym oýa batyp oturandan soň, şeýle jogap beripdir: «Arslan, seniň ýüregiň edil daş ýaly gaty. Sen doňýürek zalym adam. Şertnamany bozup, bigünä adamlary heläk etmek patyşalaryň mertebesine gelişmeýär» diýipdir.

Mahmyt Gaznaly seljuklaryň haýyşyny kabul edip, Amyderýadan geçmäge rugsat beripdir. Seljuklaryň dört müň öýlüsi Ýagmyr, Gökdaş, Buka we Gyzylyň ýolbaşçylygynda Horasana geçipdirler. Soltan Mahmydyň buýrugy bilen derýadan geçen seljuklar berk gözegçilik astyna alnypdyr. Gaznaly emeldarlary ätiýaç çärelerini geçirip, seljuklaryň ählisini ýaragsyzlandyrypdyrlar. Olara Sarahsyň, Parawyň (häzirki Serdar şäheri) we Abiwerdiň (Kakanyň) golaýyndan ýer bölünip berlip, aýry-aýrylykda ýerleşdiripdirler.

1025-nji ýylda Horasana aralaşan Ýagmyryň garamagyndaky seljuklar 1028-nji ýylda gaznaly goşunyna gulluga kabul edilýär. Ýagmyr ähli urugy bilen Reýdäki emir Masudyň garamagyndaky goşunda gullugyny ýerine ýetiripdir.

1030-njy ýylda Gaznaly döwletiniň hökümdary Mahmyt Gaznaly aradan çykanda Ýagmyryň ýolbaşçylygyndaky seljuk türkmenleri emir Masuda Gaznany eýelemekde uly goldaw beripdirler.

Mahmyt Gaznaly mirasdary Masudyň terbiýesine özüniň borjy hökmünde garapdyr. Soltan Mahmyt 1010-njy ýylda Gurlaryň üstüne ýörýş edende, ogly Masudyň batyrlygyna, başarjaňlygyna geň galypdyr. Şu ýörişden soň, Gaznaly soltany Masudy tagtyň mirasdary edipdir.

Mahmyt Soltanyñ ömrüniñ ahyrky ýyllarynda saglygy erbetleşipdir. Muña seretmezden ol Horasanda döwlet işlerini tertibe salmak üçin tusa, ol ýerden Ferawa (Paraw) gelipdir. 1030-njy ýylda Balha barypdyr. Emma hassalygy ýaramazlaşyp, özüni zordan Gazna atypdyr. Gaznada 1030-njy ýylyň Aprel aýynyň 29-na inçekeselden (tuberkulýoz) oturan ýerinde aradan çykýar.

Musulman dünýäsinde yz galdyran serkerdäniň söweşjeň ýoly altmyş ýaşynyň içinde tamamlanypdyr. Ol Mahmyt Gaznaly otuz ýyl çemesi hökümdarlyk edýär. Hökümdarlyk eden döwrüniň ýarysyny harby ýörişlerde geçirýär.

Mahmyt Gaznaly bu wakalardan soň özüniň toplan baýlyklaryny ogullaryna nähili ynanjagyny bilmändir.

Gaznaly köşgüniň bir emeldary şeýle wakanyň şaýady bolupdyr. Soltan ömrüniň soňky günlerinde hökümdarlyk eden ýerlerinden toplan baýlyklaryny hazynadan getirmegi buýrupdyr. Getirilen altyn-kümüşler, gymmatbaha daşlar, köşgüň giň otagynyň birinde ýazylypdyr. Şol otagyň içindäki öwşün atýan gymmatlyklar hemmäni geň galdyrypdyr. Soňra hökümdar toplan baýlyklaryny açgözlik bilen seredip, uzyn sesi bilen aglapdyr. Köp wagt eňrän soltan ähli gymmatlyklary hazyna eltip goýmaklygy tabşyrypdyr. Ibn Esir Mahmut Gaznalyny häsiýetlendirende onuň ýeke-täk kemçiligini belleýär: “Dürli ýollar bilen baýlyk toplady diýmeseň onuň başga aýyby ýokdur”[19]

**Mahmyt Gaznaly we alymlar.**

Mahmyt Gaznaly ýaşlykda gowy bilim alypdyr. Gaznaly hökümdary Gurhany arap dilinde okamagy başarypdyr. Pars dilinde hem

[19] Ibn Esir “Kämil taryh” I kitap, Aşgabat 2005ý. 180 sah.

arassa geplemäge ökde bolupdyr. Mahmyt sowatsyz bolupdyr diýýän taryhçylaryñ bardygyny hem aýtmalydyrys. Emma onuñ alymlara howandarlyk edendigini, özü-de gaty sowatly hökümdar bolandygyny aýdýan çeşmeler has-da köp. Hindi taryhçylary N.K. Sinha we A.Ç. Banerji ol barada şeýle ýazypdyrlar “Mahmyt meşhur şahyr we alym bolupdyr… Onuñ howandarlygyndan musulman dünýäsiniñ köp şahyrlary we alymlary peýdalanypdyrlar, olaryñ arasynda al- Biruni, Ferdöwsi, Unsuri, Farruhi dagylary aýratyn bellemek gerek”[20]

Her gün köşkde däp boýunça döwlet emeldarlary Mahmyt Gaznalynyň kabulhanasyna tagzym edip salamlaşmaga barypdyrlar. Hökümdar bilen salamlaşmaga köşkdäki emeldarlar bilen bir hatarda köşk şahyrlary we alymlar hokmany suratda gelmeli bolupdyr. Mahmyt Gaznaly öz köşgünde ady belli meşhur şahyrlary, alymlary, lukmanlary jemläpdir. Gaznaly hökümdary olary uly hormat bilen köşkünde saklapdyr. Mahmyt Gaznaly Ürgenji eýäländen soñra (1017-nji ýyl) ol ýerdäki Mamunyñ Akedemiýasyndaky alymlary Gazna alyp gaýdypdyr we Gaznada ýokary mekdebi (Alymlar köşgi) döredipdir.

Gaznaly hökümdarynyň «Alymlar köşgünde» Balhdan, Sistandan, Merwden, Bustdan we Damgandan gelen şahyrlar döredijik bilen meşgullanypdyrlar. Şahyrlar Mahmyt Gaznalynyň waspyny ýetirmek üçin özara ýaryşypdyrlar.

Köşk şahyrlarynyň arasynda Ýusup Unsuri, Abd al-Hasan Farruhi we Abu Hajim Minuçihri özleriniň zehinliligi bilen başga şahyrlardan tapawutlanypdyrlar. Ýusup Unsuriniň ýazan goşgulary Mahmyt Gaznalynyň göwnünden turupdyr. Ol Gaznaly hökümdary tarapyndan «şahyrlaryň patyşasy» (malik aş-şy ara) diýen nyşana eýe bolupdyr. Köşk emeldarlarynyň arasynda «şahyrlaryn patyşasy» ýokary abraýa eýe bolupdyr. Muhammet Aufy Samarkandy (XIII asyr) “şahyrlarýñ patyşasy” derejesine eýe bolanlar barada şeýle ýazypdyr: “Üç döwletde üç adamyň bagty getirip, köp-sylaglara we derejelere mynasyp bolupdyrlar... Olardan biri Rudaky – Samanlylar döwründe, Unsury

[20] N.K. Sinha we A.Ç. Banerji “Istoriýa Indii” M 1954. str. 144

Mahmyt Gaznalynyň döwletinde we Muizzi-Mälikşanyň döwletinde şeýle derejä ýetdiler”21.

**Mahmyt Gaznaly we Ferdöwsi.**

Mahmyt Gaznaly halkyň içindäki ady belli şahyrlaryň şahyranalyk dünýäsi bilen hem ýakyndan gyzyklanypdyr. Şol şahyrlaryň biri hem Ferdowsi (934-1027) bolupdyr. “Ferdöwüs” – “jennet bagy, behişt” diýen manydadyr.22

Ferdöwsi “Şanamny” 35 ýylyñ dowamynda ýazypdyr. Ol öz ýazan eseri barada şeýle ýazypdyr:

Ençe abat jaýlar bolarlar harap,
Ýagyş ýagyp, günüñ howry çabrap.

Bir köşk saldyrdym-şygyrdyr nagşy,
Ýykmaz ony gyşyñ ýeli, ýaz ýagşy.

Mundan bu ýan ölmerin men, diri men,
Ajaýyp söz ýaýradanlañ biri men.23

Ferdöwsiniñ Şanamasy 3 bölümden ybarat bolup, birinji bölümi üç sany legendar, mifiki patyşalar barada, ikinjisi Rüstemiñ gahrymançylygy, üçünjisi araplaryñ basyp alyşlaryna çenli döwre bagyşlanypdyr. Eserde şer bilen haýryñ arasyndaky göreşiñ üsti bilen wakalar beýan edilýär. Eseriň möçberi altmyş müň beýtden geçipdir. Ferdöwsiniñ Şanamasynyñ ilkinji müñ beýdi Dakykynyñ* şygyrlarydyr. Dakyky döwründe ajaýyp söz ussady bolupdyr. Ine onyñ bir beýt goşgusy:

Men bu ýerde uzak galdym, hor boldum,
Öň ezizdim, köp eglenip har boldum.
Suw howuzda sadyr atar köp ýatsa,
Porsap gider, heňläp galar kapasda.24

---

21 Türkmen edebiýatynyň taryhy. I jilt. Aşgabat “Ylym”, 1975., 99-njy sah.

22 Османов М.-Н.О. “Фирдоуси. Жизнь и творчество.” Издательство Восточной Литературы. Москва, 1959.,7с.

23 Firdöwsi, Şanama. A.: 1962, 4-nji sah.

* Dakyky - Abu Aly Muhammet Dakyky Balhy ( ... - 977) –Samanylar döwleti döwründe pars dilinde ýazan görnükli şahyrlaryň biri.

24 Jamy A.Baharystan. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004., 165-166-njy sah.

Şanamada taryhy maglumatlar çeper beýan edilýär. Eseriñ Bahram Çubine bagyşlap ýazylan boýuny oknymyzda “Şanamada” beýan edilenleriñ taryhy hakykat bilen gabat gelýändigine göz ýetirmek bolýar. Ferdöwsi “Ýusup Žüleýha” atly ikinji bir uly eserini hem ýazypdyr. Emma düñýä edebiýatynda oña şohrat getiren onuñ “Şanamasydyr”

Ferdöwsi bilen Mahmyt Gaznalynyñ gatnaşyklary we Şanama eseriniñ döreýşi barada giñ ýaýran bir rowaýat saklanypdyr. Oña görä Gaznaly hökümdary Ferdowsiniň eserleri bilen tanşyp, şahyry köşgüne çagyrypdyr. Soltan Mahmyt oňa «Şanama» eserini täzeden işlemegi tabşyrypdyr. Eger-de bu eser göwnünden tursa, onda her bendine altyn teňňeden tölemägä söz beripdir. Ýöne Gaznaly hökümdary şahyryň ýazan “Şanamasyna” tölemeli altyn puluna derek kümüş teňňe bilen hasaplaşmakçy bolupdyr. Rowaýata görä «Şanama» eserinde asly Turanly bolan şalaryñ waspy az edilip, gadymy Eýran şalarynyň waspy arşa çykarylanmyş.

Mahmydyñ iberen puluny Ferdowsä gowşyranlarynda, şol wagt ol hammamda eken. Ol pullary üç bölege bölüp, bir bölegini hammamça, bir bölegini puly getiren adama, üçünji bölegine sowadylan içgileri alypdyr. Bu habary Gaznaly hökümdaryna ýetirenlerinde, ol dessine Ferdowsini tutup, piliň aşagyna taşlamagy buýrupdyr.

Ferdowsi Mahmyt Gaznalynyň buýrugyny eşiden dessine Tus şäherine gaçmaga mejbur bolupdyr. Ferdöwsi gahar edip Mahmut Gaznala bagyşlap 100 setirden ybarat satiriki eser döredipdir. Ol eserini Mahmut Gaznalynyň ýakyn adamlarynyň birine okap beripdir. Ol hem eseri altyn pul berip satyn alypdyr we Mahmut Gaznalyny kemsidiji bu eseri hiç kime görkezmän özünde saklapdyr. 100 setirlik eserden galan sanlyja setirlerde Mahmut Gaznalynyň Ferdöwsiniň “Şanama” eseri üçin altyn däl-de kümuş pul bilen hasaplaşandygynyň üstünden gülünýärdi. Ferdöwsi Mahmut Gaznalynyň ejesiniň gyrnakdygyny, kakasynyň gulamdygyny ýaňzydypdyr. Altyn pul bilen diňe hakyky patyşalar, kümüş pul bilen bolsa garamaýaklar hasaplaşýarlar, Mahmyt hem asylsyz, garamaýak bolmaly diýen äheňdäki pikir aýdylypdyr.

... Bir gezek soltan Mahmydyň köşgünde Ferdowsiniň ýazan goşgusyny okapdyrlar. Goşgy hökümdara ýarap, onuñ kim ýazandygyny soranynda, Ferdowsiniň adyny aýdypdyrlar.

Gaznaly hökümdary dessine Tus şäherinde ýaşaýan Ferdowsä sylag-serpaý we altyn pullar ýüklenen kerweni ugratmagy buýrupdyr. Kerwen şäher derwezesiniň günbatar tarapyndan giren wagty, şäheriň gündogar tarapyndaky derwezeden Ferdowsiniň tabydyny göterip çykypdyrlar. Kerwenbaşy soltan Mahmydyň iberen sylag-serpaýlaryny, altyn pullaryny Ferdowsiniň gyzyna berip gaýtmaly bolupdyr. Şu rowaýatyñ hakykata gabat gelmeýändigini Gündogarşynas alym Ýe.E.Bertels "Ferdöwsi" atly işinde subut edýär. Ol "Eger-de eserde aýdylşy ýaly, Ferdöwsi kitaby döretmäge otuz bäş ýyl sarp eden bolsa, onda eser ýazmaga girişilen wagty 365-nji hijri ýylyna (975-976 ý.ý.) düşýär, başgaça aýdylanda "Şanama" ýazylyp başlanan mahaly Mahmydyň diňe Soltan bolmanlygynda däl, hatda onuň Horasanyň hökümdarlygyna geçmänligindendir. Onsoň, Mahmyt Ferdöwsä kitap ýazmagy nädip tabşyrsyn. Rowaýat tutuşlygyna ýalan bolup çykýar"[25]. 100 beýtli satiriki goşgyny hem Ferdöwsiniñ Şanmasynyñ her ýerinden alnyp düzülendigini ol subut edipdir."Her bir düşbi okyjy bu satirik beýtleriň eseriň içindäki aýry-aýry şahalardan alnyp jemlenendigine göz ýetirer. Şoňa görä onuň dili "Şanamanyňkydan" tapawutlanmaýar"[26].

Şanamada Ferdöwsi öz maşgalasy barada käbir maglumatlary galdyrypdyr. Ol bir oglunyñ bolup, onuñ hem Ferdöwsi bilen gatnaşyklarynyñ juda gowy bolmandygyny, ýöne 66 ýaşynda wagty oglunyñ 37 ýaşynda ýogalandygy Şanamada açyk aýdypdyr:

Geçdi ömrüm altmyş alta ser urdum,
Biderek ýüwrenden ýeñlemez derdim.

Oglumyñ ölenin salaýyn ýada,
Göwnüm şondan aram tapsyn bir bada.

---

25 Şol ýerde. 181-nji sah.
26 Бертельс Е.Э. "История персидско-таджикской литературы.", 191 с.

Otuz ýediň gary nesip etmedi,
Arzuw, isleg, myradyna ýetmedi.

Meniň bilen gaharlydy hemişe,
Ýüz öwürmek oňa boldumy pişe?[27]

**Masut Gaznaly. Döwletiniň gowşamagy we dargamagy**

Masut 995-996-njy ýyllarda eneden dogulýar. Tagtyň mirasdary ilki bilen öz döwrüniň ylym-bilimini doly özleşdiripdir. Ol dogabitdi tebigi taýdan güýçli, sagdyn oglan bolupdyr.

Mahmyt Gaznaly özüniň tiz-tizden edýän ýörişleri zerarly tagt mirasdaryna gözegçilik edip bilmändir. Gaznaly soltany ýaş mirasdaryň howpsuzlygyny goramak maksady bilen çetdäki welaýatlaryň birinde gizlin ýagdaýda sakladypdyr we terbiýeledipdir. Gaznaly soltanynyň buýrugy bilen oňa gözegçilik etmek üçin birnäçe hyzmatkär berkidipdir. Şol hyzmatkärlere Reýhan atly aýal gözegçilik edipdir. Masuda arapça okamagy, ýazmagy we diniň däp dessurlaryny öwredipdir. Ýaş şazada pars dilini hem tiz öwrenipdir. Masut özüniň gepe çeperligi bilen hemmäni geň galdyrypdyr.

Mahmyt Gaznaly döwleti dolandyrmakda tejribe toplatmak maksady bilen Masudy Hyradyň häkimligine belleýär. Şu wagt Masut 22 ýaşynda bolypdyr. Ýaş şazada atasynyň gözegçiliginden daşda bolandygyndan peýdalanyp dolandyrýan welaýatlarynda wagtyny şatlykly-şagalaňly, keźpi-sapada geçiripdir.

Masut Hyratdaky köşgünde şagalaňly meýlisleri geçirmek üçin gizlin otag döredipdir. Ol otagyň diwarlaryna ünsini özüňe çekýän ýalaňaç zenanlaryň bihaýa haldaky suratlaryny çekdiripdir. Şazada her gün diýen ýaly, özboluşly bezelen bu otagda gün batandan tä daňdana çenli şerap içip, şagalaňly meýlisleri geçiripdir. Masudyň bu gizlin otagy baradaky habary Mahmyt Gaznala ýetiripdirler. Mahmyt Gaznaly öz oglunyň eden-etdiligini barlamak üçin özüniň köşk emeldarlarynyň bir toparyny Hyrada iberipdir. Gaznadan gaýdan emeldarlar Hyrada gelýänçä, Masut köşgündäki Meýlis otagynyň suratlaryny gyrdyryp aýyrtmaga

[27] Firdöwsi, Şanama. Aşgabat 1962, 157-158-nji sah.

ýetişdiripdir. Gaznaly soltany ogly Masudyň welaýaty dolandyrşyna gözegçilik etmek üçin şazadany ýaşlykdan terbiýelän aýal Reýhany jansyz edip iberipdir. Şol jansyzyň üsti bilen Gaznaly hökümdary oglunyň ýagdaýy bilen habarly bolup durupdyr. Ýeri gelende ýatlasak Masudyň hem Gaznada özüne hyzmat edýän jansyzy bolupdyr. Ol jansyz köşkde bolup geçýän täzelikler bilen şazadany tanyş edip durupdyr. Masudyň köşkdäki iň ýakyn jansyzlarynyň biri hem Gaznaly hökümdarlarynyň gapdalynda ýöreýän Şuş Tegin atly gulam bolupdyr.

Mahmyt Gaznalynyň dolandyran döwrüniň sonki ýyllarynda goşunyň içinde bölünişlik emele gelýär. Şu ýagdaýdan peýdalanyp, Masudyň töweregindäki emeldarlar tejribesiz şazadany öz atasynyň garşysyna öjükdiripdirler. Olar dürli ýollar bilen şazada gep berip, Gaznaly tagtyny eýelemegi ündäpdirler.

1029-njy ýylda Mahmyt Gaznaly Peýe ýöriş eden döwründe gaznaly goşuny iki bölege bölünip, uruş hereketlerini alyp barypdyrlar. Uruş hereketleri gidip duran döwründe Masudyň ýanyna gaznaly hökümdarynyň garamagyndaky goşundan birnäçe harby serkerde gelip, Masuda tagty eýelemekde wagtyň gelip ýetendigini ündäpdirler. Mahmyt Gaznala bu düldüwişik barada habar edilýär. Ol Masudy ýanyna çagyryp, hiç kime bildirmän öldürmegi niýet edinipdir. Gaznaly hökümdarynyň gurnajak hilesini Masuda ýetiripdirler. Ol dessine özüniň garamagyndaky goşuny aýaga galdyrypdyr. Mahmyt Gaznaly özara urşuň ýüze çykmagyndan howatyrlanyp, gurnajak hilesini goýbolsun edipdir. Ertesi gün Masudyň düşelgesine ýene-de şol oňki harby serkerdeler gelip, Mahmyt Gaznalyny öldürmegi teklip edipdirler. Şazada harby serkerdeleriň teklibine garşy çykypdyr. Ol: «Men atamy öldürip tagta geçsem uly masgaraçylyk etdigim bolar. Neslimiziň abraýyny pese düşürerin. Onsoňam soltan (Mahmyt Gaznaly) agyr kesel we garry. Oňa ýaşamak az galdy» diýipdir.

Mahmyt Gaznaly ömrüniň soňky günlerinde Masudyň güýç bilen tagty eýelejek bolýandygyny eşidip, ogluna bolan garaýşy düýpli üýtgeýär. Ol öz emeldarlaryny ýanyna çagyryp: «Oglum Masut meniň ynamymy ödemedi. Ol atasyny äsgermän, zalymlyk bilen tagty eýelemegi isläpdir. Beýle hökümdar geljekde, meniň döreden döwletimi

saklap bilmez. Sebäbi ol ertirki güne umytsyz garaýar. Şonuň üçin men ölenden soň, döwlet tagtyna oglum Muhammedi belläň» diýipdir.

Muhammet gysga wagt ýurdy dolandyrýar. Masut ony tagtdan agdaryp, gözüni oýup zyndana taşladýar. Masut 1030-1041-nji ýyllarda soltanlyk edipdir.

Masut Gaznalynyň döwründen başlap Gaznaly türkmen döwleti gowşap başlaýar. Ol Seljuk türkmenlerinden 3 gezek ýeňlipdir. Emma seljuklar tarapyndan Gaznalylar döwleti doly ýok edilmän olaryň elinden Horasan, Eýran, Köneürgenç ýerleri alynýar. Seljuklar Gaznalylary doly hem ýok edip biljekdiler. Emma seljuk türkmenleri Gaznalylary uzak wagtlap doly ýok etmeýärler. Onuň sebäbi-de Gaznaly türkmen döwletiniň ilkibaşda seljuk türkmenlerine Amyderýadan geçmäge rugsat bermegi we ýer bermegi bolsa gerek. Galyberse-de Gaznaly türkmen döwletiniň hökümdarlarynyň tas ählisi diýen ýaly Hindistana ýöriş edip yslam dininiň hatyrasyna gazawat uruşlaryny alyp baranlygy göz öňünde tutulan bolmagy mümkin. Belki-de seljuklaryň hem gaznalylaryň hem türkmen halkynyň wekilleri bolandygy, Gaznalylar öz köklerini Alp Är Töññä direýändigi ýagny asylly gelip çykyşly bolandyklary täsir edendir.

1040-njy ýyldadaky Dañdanakan söweşinden soñ Masudyñ abraýy has peselipdir. Ol Hindistanyñ Lahor welaýatyna tarap gaçmaly bolupdyr. Ýolda ony tagtdan agdaryp, kör dogany Muhammediñ eline beripdirler.Muhammediñ ogly Masudy öldüripdir. Masudyñ ogly Mawdut Muhammede garşy göreşe başlap, Muhammedi we onuñ ogullaryny ýeñipdir we tagty eýeläpdir. Mawdut 1041-1049-njy ýyllarda soltanlyk edipdir. Mawdut başarjañ hökümdar bolmandyr. Döwletiñ gowşamagy dowam edipdir. Mawdutdan soñ 10 ýylyñ dowamynda 4 hökümdary tagta çykarypdyrlar. Ybraýymyñ tagta çykmagy we ýurdy 40 ýyl çemesi dolandyran döwri Gazna asudalyk aralaşypdyr.

1060-njy ýylda Gaznanyň hökümdary Ybraýym bilen seljuk türkmen hökümdary Çagry beg Dawudyň arasynda ylalaşyk baglaşylypdyr. Ibn Esir özüniň kämil taryh atly eserinde bu ylalaşygyň

mazmunyna getirýär[28]. Şol ylalaşyga görä olar ýer üstünde dawa etmezlige her haýsy öz eýelän ýerlerinde hökümdar bolmaga ylalaşdylar.

Soltan Sanjaryň döwründe seljuk türkmenleri Gaznanyň içki işine gatyşyp başladylar. Yeri gelende aýtsak Soltan Sanjar Gaznaly döwletini doly ýeňen we seljuk türkmenlerine tabyn ýagdaýda goýan hökümdardyr. Seljuklara tabyn hem bolsa Gaznaly döwleti ýaşamagyny bes etmedi. Bu döwleti gutarnykly ýok eden Gurly döwletiniň hökümdary Gyýaseddindir. Ol Gaznany basyp aldy we soňky hökümdary Hysrow şany tussag edip, Gaznaly döwletiniň ýykylmagyny gazandy. Gaznaly döwleti 214 ýyl ýaşap 1186-njy ýylda doly ýykyldy.

## Seljuk türkmen taýpasynyň güýçlenmegi

Seljuk türkmenleriniń taryhyna degişli öz döwrüniń taryhçylarynyń birnäçe eserleri saklanypdyr. Şol kitaplaryń biri XV asyrda ýaşap geçen türkmen taryhçysy Ýazyjy ogly Alynyń "Seljuk türkmenleriniń taryhy" atly kitabydyr.

Bu kitap osman türkmenleriniń soltany Myrat II hökümdarlyk eden ýyllarynda (1421-1451) ýazylypdyr.

Kitabyń Beýik Seljuklar döwrüniń taryhy hakdaky bölüminde gymmatly maglumatlar az däl. Aýratynam, Seljuk ibn Lukman ibn Dukagyń uly ogly Ysraýyl bilen baglanyşykly köne çeşmelerde seýrek duşýan maglumatlar bu kitapda gińişleýin berlipdir.

Bu eserde Seljuk soltanlarynyń gaýry duşmanlar we içerki ýagylar bilen alyp baran göreşleri, olaryń ägirt uly hormata eýe bolşy, mertlikleri gińişleýin suratlandyrylýar. Seljuk soltanlarynyń dińe bir pähim-parasat bilen hokum sürmän, eýsem, olaryń şahsy edermenlikleri hem görkezendikleri subutnamalar bilen beýan edilýär. Soltanlaryń biri öz

[28] Ibn Esir, Kämil taryh, II kitap, Aşgabat 2005, sah 9 .

dogany bilen oňuşman, ýurtdan çykmaly bolanda, rumly patyşanyň köşgüne barýar. Örän ýokary hormat bilen garşylanandan soň, rumly patyşanyň ýanynda edep-hormaty unudan bir tekepbir pereňli bilen başa-baş söweşe girýär. Rum patyşasy hernäçe garşy çyksa-da, ol Seljuk neberesiniň sähelçe äsgerilmezligi özlerine ar bilýändigini, namysa galandan bolsa ölümi saýlap almagy artyk saýýandygyny aýdýar hem-de hiç hili eglişige gelmeýär. Şeýlelikde, ýekme-ýek söweşde pereňli pälwany ýeňýär. Bu bolsa Seljuk soltanlarynyň türkmenleriň ata-baba saklanyp gelýän mertliklerini unutman, soňky demlerine çenli saklandygyny subut edýär.

Iki jiltden ybarat bu kitaby Türkmenistanyň milli medeniýet “Miras” merkeziniň işgäri Rahmanberdi Çodarow terjime edip, çapa taýýarlapdyr.

Şeýle kitaplaryň biri-de Ibn Esiriň “Kämil taryh” atly köp jiltli işiniň türkmenlere degişli bölümleriniň toplanylyp, terjime edilip, 3 jiltli edilip okyjylara ýetirilen eseridir. Muhammet Utbiniň “Mahmyt Gaznalynyň taryhy” eserinde hem Seljuk türkmenleriniň taryhyna degişli gymmatly maglumatlar bar. Bulardan başga-da döwrüniň wakalary Muhammet Münewweriň “Mäne babanyň kerematlaryndan we halatlaryndan hekaýatlar” atly kitaby, Sadredden Hüseýniniň “Taryhyň gaýmagy”, Zahyreddin Nişapurynyň “Seljuknamasy”, Mahmyt Kaşgarlynyň “Türki diliniň sözlügi”, Moglataý ibn Gylyjyň “Seljuk Türkmen soltanlarynyň taryhy” ýaly işlerde beýanyny tapypdyr. Kätip Esadylla Kermanlynyň “Kermanyň taryhy” atly kitabynda Çagry begiň ogly Gurt begiň nesilleri bolan Kermandaky Seljuk türkmen soltanlarynyň taryhy beýan edilýär. Mälik şanyň buýrugy bilen ýazylan, Seljuk türkmenleriniň döwletiniň kanunlary baradaky Hojamulmülkiň “Şalaryň düzgünnamasy”, Ibn Abdylla Mahmydyň “Türkmenleriň taryhy” ýaly işler barada öň maglumat hem ýokdy. Beýik Serdarymyzyň tagallasy bilen Beýik Britaniýa guralan ylmy saparyň netijesinde ol eserler tapylyp getirildi. Hormatly Prezidentimiz dünýäniñ dürli ýurtlaryndan golýazmalary getirdip, terjime etdirýär we olary çap edip halkymyza ýetirmäge şert döredýär.

Selguk türkmenleriniň taryhy Abulgazy Bahadur hanyń "Türkmenleriń nesil daragty" we seljuklar meselesini düýpli işlän Sergeý Grigoriýewiç Agajanow olaryň taryhyna degişli ylmy işlerinde gińden beýan edilýär.

**Seljuklaryň gelip çykyşy we seljuklar neberesiniň nesilbaşylary.**

Seljuklar taýpasynyň gelip çykyşy barada taryhy çeşmeler iki maglumat berýärler.

Olaryň birinjisi awtory belli bolmadyk "Mäliknama" eserinde berilýän maglumatlarda seljuk taýpasynyň ýolbaşçylaryny Hazar patyşalygyna ýakynlaşdyrylýar. Emma bu pikir, ýagny seljuklary Hazarlardan dörändir diýen çaklama taryhy çeşmeleriň beýlekileri tarapyndan tassyk bolmaýar.

Orta asyr taryhçylary Ibn Esir, Sadreddin Huseýini, Zahyreddin Nişapury, Muhammet Utby, Mahmyt Kaşgarly, Abulgazy Bahadur han we seljuklar meselesini düýpli öwrenen Sergeý Grigoriýewiç Agajanow seljuklaryň Hazarlardan däl-de oguzlardan gelip çykandygyny tassyklaýarlar.

Oguz hanyň 6 oglunyň iň kiçisi Deňiz hanyň iň kiçi oglunyň Kynyk bolandygyny (diýmek, Kynyk Oguz hanyň 24 agtygynyň iň kiçisi), kynyklaryň oňonynyň Çakyr (Ҫagry-Laçyn) bolandygyny orta asyr taryhy çeşmelerinde aýdylýar.

Seljuklar neberesiniň nesilşalygynyň irki döwri barada Zahyreddin Nişapurynyň "Seljuknama" atly eserinde käbir maglumatlary tapmak bolýar. Onda Kerekuçy-hoja atly adamyň seljuklaryň neberesiniň başynda durandygy aýdylýar. Kerekuçy Hojanyň ady käbir taryhy çeşmelerde Kenarja-Hoja ady bilen hem gelýär. Kerekuçy-Hoja Abulgazynyň "Türkmenleriň nesil daragty" atly eserinde hem ýatlanylýar.

Kerekuçy-Hojanyň Tugşurmyş atly ogly bolupdyr. Ony ýokarda agzalan taryhy çeşmeleriň ählisi tassyklaýarlar. Tugşurmuş çeşmelerde baý adam bolmandyr diýlip görkezilýär. Ol agaç ussasy bolupdyr. Aýratyn-da seljuklaryň ýazlaga göç edýän mahaly ýanlary bilen alyp gidýän gara öýlerini ýasamaga ussat bolupdyr.

Oguznamalarda Tugşurmyşyň ömri bilen baglanyşykly bir rowaýatda şeýle diýilýär:

-Oguzlar öz hökümdarlary Aly hana garşy gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaňyň soňunyň nähili gutarjagyny anyklamak uçin hanyň tabşyrmasy boýunça palçylar pal atyp, gurrandazlar gurra taşlap başlapdyrlar. Olar dilleşen ýaly Tugşurmyşyň ogullarynyň tizlikde adalatly han boljakdyklaryny, Aly hanyň bolsa hökümdarlygy ýykyljakdygyny aýdypdyrlar. Aly hanyň köp barlagdan geçen Amiran atly palçysy bar eken. Onuň diýenleri öň hem köp gezek hakykat bolup cykypdyr. Han oňa pal atdyrsa ol hem öňkileriň diýeniniň dogrydygyny tassyklapdyr. Amiran palçy şol gije düýşünde Tugşurmyşyň bedeninden 3 sany agajyň ösüp çykandygyny, ol agaçlaryň depesiniň Arşa ýetendigini görüpdir. Palçy Tugşurmyşyň ýanyna baryp tizlikde onuň ogullarynyň uly han boljakdyklaryny aýdypdyr. Tugşurmuş Amiran palçynyň sözlerine haýran galypdyr. Köne oguz-türkmen däbine eýerip, düýşi ýagşylyga ýorup, goýun soýup sadaka beripdir.

Tugşurmyşyň Sarçyk, Togrul we Arslan atly ogullary bolupdyr. Olar ýaşlykdan aw etmek, harby oýunlary oýnamak bilen meşgullanypdyrlar. Tugşurmyşyň ogullarynyň batyrdyklaryny gören oguz emirleri olary awda baş awçy belläpdirler. Ogullarynyň içinde Sarçyk Dukak (Tugak) has tapawutlanyp Sarçyk Tygagyň edermenlikleri hakynda Ibn Hassul, Mirhond, Ibn Esir, Sadreddin Huseýini ýaly awtorlar belläpdirler.

Çeşmelerde ol patyşanyň maslahatçysy, uly harby serkerde ýaly wezipelerde ýatlanýar. Sarçyga Dukak (Tugak) lakamy tug-baýdak göteriji manysynda berlen bolmagy mümkin. Ýöne tug harby baýdagy aňladyp orta asyrlarda her bir türkmen goşun böleginiň öz harby tugy bolupdyr. Sarçyk Tugak demir ýaýly lakamyny hem göteripdir. Sadreddin Huseýini “Tugak” sözüni “demir ýaýlyg” diýip terjime edýär. Emma Sarçygyň Tugak ady hormatly wezipesi bolup, “demir ýaýlyg” onuň lakamydyr.

Sarçyk Tugak barada Ibn Hassul awtory belli bolmadyk “Mäliknama” eserine esaslanyp, Sarçyk Tugagyň patyşa bilen arasyndaky dawasy barada ýazýar. Onuň ýazmagyna görä Sarçyk

Tugak bilen patyşanyň arasynda ähli harby serkerdeleriň öňünde dawa başlanypdyr. Şol dawada Sarçyk bilen patyşanyň arasynda at üstünde ýekme-ýek söweş başlanypdyr. Şol tutluşykda Sarçyk patyşany atdan agdarypdyr. Olaryň arasyna garap duran serkerdeler düşüp aralapdyrlar. Ine şu tutluşyk barada taryhy çeşmeleriň köpüsinde ýatlanylýar. Mysal üçin Ibn Esir bu wakany şeýle beýan edýär: "Günleriň birinde türkmenleriň Beýgu diýilýän patyşasy esgerlerini jemläp, yslam ýurtlaryna söweşe gidermen boldy. Emma Dukak muňa garşy çykdy. Ikisiniň arasyndakybu jetleşik uzaga çekensoň, türkmenleriň patyşasy gödek söz diýip, onuň göwnüne degdi. Dukak bolsa eli bilen onuň ýüzüne urdy we ýüzüniň hamyny sypjyrdy. Türkmen patyşasynyň hyzmatkärleri munuň daşyny gallap, tutjak boldular. Emma Dukak olara baş bermedi we öz tarapdarlary bilen söweşe girdi. Soňra iki tarap aýrylyşdy we bu ikisini ýaraşdyrdylar [29].

Tutluşygyň taryhy çeşmelerde beýan edilmeginiň ähmiýeti biziň üçin tutluşygyň nähili geçenliginde däl-de Sarçyk Dukagyň (Tugagyň) döwletde gepi diňlenilýän, patyşa bilen darkaş gurup bilýän adamdygyny gorkezýänligindedir. "Mäliknamany" derňäp Dukagyň Kerekuçy-hojanyň IX asyrda, Tugşurmyşyň IX asyryň ikinji ýarymynda, Syrçyk Dukagyň IX asyryň ahyrynda we X asyryň ortalarynda ýaşap geçendigini anyklamak mümkin.

Biz Sarçyk Tugak barada gürrüňimizi uzaltmagymyzyň sebäbi ol meşhur Şeljugyň kakasydyr. Kakasynyň ýaş aradan çykanlygy sebäpli ogly Seljugy oguzlaryň-türkmenleriň hökümdary (Ýabgu) öz ýanyna alyp, özi terbiýeläpdir. Seljuk hökümdaryň köşgünde ylymly, harby tälimli, atalyk mekdebini geçen adam bolup ýetişipdir. Ol özüniň adamçylygy bilen hökümdaryň söýgüsini gazanypdyr. Köşkde edermen we akylly Seljugy diňe bir patyşa däl eýsem köşk emeldarlary hem söýüpdirler hem hormatlapdyrlar. Onuň harby başarnygyny göz öňünde tutup Seljugy Sübaşy wezipesine (sü – goşun diýmekdir) belläpdirler.

[29] Ibn Esir "Kämil taryh",t 1, sah 187



**Seljuk beg Türkmen** *B.Owganowyň çeken suraty*

**Seljuk.** Seljugyň döwründe bu neberäniň abraýy derejesi has artypdyr. Seljuk ýa-ha oguz ýabgusy bilen oňuşman ýa-da onuň razylygy boýunça Syrderýanyň orta akymlaryna göçüp barypdyr. Bu döwürde Seljugyň uly goşunly, birnäçe hyzmatkärli, köşkli, raýatly hökümdar bolandygyny çeşmeler belleýär. Ibn Esir Oguzlaryň Seljuga gepsiz-gürrüňsiz boýun egendigini belleýär. Seljugyň döwründe seljuk türkmenleriniň güýçlenýändigini görüp maýda oguz-türkmen taýpalarynyň birnäçesi oňa ýakynlaşyp, birleşip tabyn bolup

başlapdyrlar. Oguzlaryň seljuk türkmenleriniň töwereginde jemlenmegi bilen Seljugyň goşunynyň we baýlygynyň sany has artypdyr.

Ibn Esiriň berýän maglumatlaryna görä Seljugyň abraýynyň artmagy patyşanyň aýalynyň göwnüne ýaramandyr. Ol öz adamsyny Seljugy öldurtmäge öjükdiripdir. Seljuk patyşanyň aýalynyň we patyşanyň özüni öldürmek barada pikir edýändiklerini eşidip, özüne gulak asýan adamlary jemläp, Jent şäherine göçüp barypdyr[30].

Jende baran seljuklar şol ýerde yslam dinini kabul edipdirler. Seljuklaryň yslam dinini kabul eden döwri X asyryň ortalarydyr. Hut Seljugyň özi yslam dininiň artykmaçlyklaryny halkyna düşündiripdir. Jentde Seljuk Yaňgikent şäheriniň hökümdary Aly han bilen onuşmandyr. Aly hana garşy söweşlerde seljuklar ýeňiş gazanypdyrlar.

Seljugyň dört: Ysraýyl (Arslan), Mikaýyl, Ýunus we Musa atly ogullary bolupdyr. Käbir taryhy çeşmelerde Ỳunusyň ady getirilmeýär. (Mysal üçin Sadr eddin Hüseýni) Mikaýyl seljuklaryň Yañykendiň hökümdary Aly hana garşy uruşýan wagtlary aradan çykypdyr.

Seljuk 107 ýaşynda 1010-njy ýylda Jentde aradan çykypdyr. Ol aradan çykandan soňra seljuklar ýurtlaryny täzeläpdirler, ata mekan Türkmenistana tarap gaýdyp gelmeklerini dowam etdiripdirler. Seljuklar Seljugyň beýleki ogullary tarapyndan XI asyryň başynda Jend Yaňykent töwereklerini taşlap, Buhara, Samarkant sebitlerinde Nur Buhara atly daglyk ýerde ornaşypdyrlar. Seljuk taýpasy Jendiñ häkimi Şamälik bilen oñuşmandyrlar. Şol hem seljuklaryñ ata mekana tarap gaýtmagyna sebäp bolan ýagdaýlaryñ biridir. Seljuklar ilki samanylary garahanlylara garşy göreşde goldap, beren kömekleri üçin Mawerennahra göçüp gelipdirler. Emma samanylaryñ döwleti hem 999-njy ýylda synypdy ahyryn. Diýmek seljuklar Mawerennahrda syýasy göreşiñ, häkimiýet ugrunda hereketleriñ ýitileşen wagty gelipdirler. Olar dessine şol syýasy dawalara gatnaşmaga mejbur bolupdyrlar. Seljuklaryň ömrünuň Mawrennahrly döwri başlanypdyr. Bu döwür 30 ýyl çemesi dowam edipdir.

**Seljuklaryň Mawerennahrda we Ű́rgençde ýaşan döwri**

---

30 Ibn Esir “Kämil taryh”,t 1, sah 187

Seljuklar Maberennahrda Garahanly türkmen döwletine tabynlykda XI asyryň başlaryndan başlap ýaşap başlapdyrlar. Olar Nur Buhara atly daglyk sebitlerini (ol ýer Ibn Esiriñ ýazmagyna görä Buharadan 20 parsah uzaklykda ýerleşipdir) gyşlag edinip, Samarkand sebitlerini ýazlag edinip ýaşapdyrlar. Seljuklar taýpasynyň güýçlenmegi bilen baglanyşykly, olar islese islemese Mawerennahrdaky syýasy wakalara gatnaşmaly bolupdyrlar. Garahanlylaryň öz arasyndaky häkimiýet ugrundaky uruşlarynda seljuklaryň harby kuwwatyny ulanypdyrlar. Hatda kähalatlarda seljuklaryň bir bölegi Garahanlylaryň bir toparlanyşygyny, beýleki bölegi beýlekisini goldan wagtlary hem bolupdyr. Bu ýagdaý seljuklaryň agzybirligine zeper ýetiripdir.

Seljugyň Mikaýyl atly oglundan Beýgu, Togrul beg Muhammet, Çagry beg Dawut atly ogullary galýar. Mawerannahra göçüp gelen wagtlary bu ýerde Samanlylar nesilşalygynyň (875-999) synan wagtyna gabat gelendigini ýokarda aýdypdyk. Öň seljuklar Samanlylary Garahanlylara garşy uruşlarda goldandyklary sebäpli Garahanlylar seljuklardan ätiýaç edipdirler.

Ýokarda belleýşimiz ýaly seljuklaryň Garahanlylar meselesinde 2 topara bölünipdirler. Olaryň Seljugyň uly ogly Ysraýylyň (Arslan) ýolbaşçylygyndaky bir topary Buharanyň we Samarkandyň Garahanly hökümdary Aly Tegini goldapdyr. Aly Tegin Ysraýylyň ýolbaşçylygyndaky seljuklaryň harby kuwwatyny ulansa-da seljuklardan heder edip gizlinlikde Mahmyt Gaznaly bilen gepleşikler geçirip, täze göçüp gelen seljuklara, aýratyn-da olaryň hökümdary Ysraýyla garşy dildüwşik gurapdyr. Mahmyt Gaznaly Ysraýyly 1025-nji aldap ele salyp, ony Hindistana sürgün edipdir. Ysraýyl şol ýerde 1034-nji ýylda sürgünlikde aradan çykypdyr. Ysraýylyň Mahmyt Gaznalynyň hilesiniň, Aly Teginiň ikiýüzliliginiň pidasy boluşy barada Ỳazyjy ogly Aly “Seljuk türkmenleriniň taryhy” atly işinde gyzykly beýan edýär[31].Onuň ýazmagyna görä Mahmyt Hindistana garşy guraýan ýöreýişlerinde Ysraýyldan harby kömek bermegini haýyş edip, onuň bilen gepleşik geçiripdir. Az sanly goşun bilen gelmegini haýyş eden

[31] Ỳazyjy ogly Aly “Seljuk türkmenleriniň taryhy” Aşgabat, 2004. I kitap, 45-49 njy sah.

Mahmyt sorag-ideg edip seljuklaryň näçeräk esger toplap biljekdigini anyklapdyr. Ysraýylyň şol gepleşikdäki sözlerine görä seljuklaryň ählisi birleşip 450 müňli goşun toplap biljekdigine göz ýetiren Mahmyt Gaznaly seljuklardan Garahanlylaryň ýöne ýere gorkmaýandyklaryna magat göz ýetiripdir. Ysraýyly we onuň bilen gelen seljuk esgerlerini agyr şeraplardan doýuryp, uklanlaryndan soň ellerini gandallap, Hindistanyň Kälinjer galasynda tussaglykda saklapdyrlar. Ỳazyjy ogly Aly Ysraýyly azat etmek üçin iki sany türkmen şol galanyň daşyndan gözegçilik edip gezendiklerini ýazypdyr. Ahyr soňy 7 ýyldan soň olara Ysraýyly alyp gaçmak başardypdyr. Emma bir tokaýda azaşyp şol gije ýarym bolanda ýakyndaky galanyň begi köp leşgeri bilen Ysraýyly tutup yzyna alyp gidipdir. Ysraýyl tussaglyk ýazgytdygyny boýun alyp, şol iki türkmene eden sargydyny Ỳazyjy ogly Aly öz kitabynda şeýle beýan edýär: "Meniň gardaşlaryma salam aýdyň. Indi olar patyşalyk talabyna düşsinler. Eger on nobat dagy ýeňilseler-de, ýene-de hereket etsinler. Mahmydyň patyşalyk asly ýokdur, hem gul ogludyr hem gulamdyr, biwepadyr we hilegärdir."[32]

Garahanlylar döwleti iki bölege bölünip, beýleki garahanly hökümdar- Bogra han Aly Tegine garşy göreş alyp barypdyr. Bogra han Aly Tegine we ony goldan seljuklara garşy Mahmyt Gaznalynyň kömegini hem alypdyr. Mahmyt gaznaly bolsa garahanlylaryñ biri-birine garşy iki toparlanyşygynyñ ikisini-de goldan bolup olary uruşdyrypdyr. Onuñ ücin garahanlylar şeýdip öz içinden gowşasa we dargasa, oña degişli ýerleri özi alsa gowy boljakdy.

Seljuklardan Mikaýylyň ogullary Togrul beg bilen Çagry beg hem Bogra hany goldapdyr. Netijede Garahanlylaryñ özara uruşlary uly halkara dawasyna öwrülipdir. Bu dawa seljuklar, garahanlylar, gaznalylar gatnaşypdyrlar.

Gaznalylar Ysraýyly tutup sürgün edenlerinden soňra Ysraýylyň ýolbaşçylygynda seljuk toparlanyşygynyň üstüne çozuş gurapdyr. Ysraýylyň ýolbaşçylygyndaky seljuklar dürli ýerlerde dargamaga mejbur bolupdyrlar. Şolaryň bir bölegi Mahmyt Gaznala haýyş bilen ýüzlenip Horasana cöçüp barmaga rugsat bermegini sorapdyr. Ol seljuk

[32] Ỳazyjy ogly Aly "Seljuk türkmenleriniň taryhy" I kitap, Aşgabat, 2004. 47- njy sah.

toparlanyşygynyň sany 4 müň adama çemesi bolandygyny Zahreddin Nişapury ýazýar. Olar Nusaý bilen Abuwerdiň arasynda ornaşdyrylmagyny haýyş edýärler. Olaryň ýolbaşçylary Ýagmyr, Buka, Gyzyl we Göktaş dagylar bolupdyr. Bu seljuklar gaznalylaryň hökümdarlyk edýän ýerlerine ilkinji aralaşan (1025) seljuklardyr. Olar Amyderýadan geçip Sarahs, Abuwerd (Kaka) we Ferawa (Gyzyl-Arbat) sebitlerinde ýerleşdirilipdir. Mahmyt Gaznaly ilkinji göçüp gelen seljuklara berk harby gözegçiligi ýola goýupdyr. Olaryň ähli ýaraglaryny ellerinden alypdyrlar.

Togrul beg we Çagry beg kakasynyň dogany Ysraýylyň sürgün edilmegi we onuň baştutanlygyndaky seljuklaryň dargamagy netijesinde ähli seljuk taýpasyna ýolbaşçylar bolup galypdyrlar. Ol ikisi örän agzybir hereket edipdirler. Ysraýylyň toparlanyşygynyň dargadylan wagtyndan(1025ý) birazrak soň Aly Tegin täzeden Buhara we Samarkant töwereklerini eýeläp özüne garşy göreşen Çagry we Togrul begiň gol astyndaky seljuklara azar berip başlapdyr. Ol her hili aldaw, mekirlik ýoly bilen seljuklaryň agzyny alartjak bolupdyr. Ilki Çagry beg Togrul begi öz tarapyna çekmek isläpdir, ol başa barmandan soňra ol ikisini bilelikde köşge çagyryp ikisini-de birwagtda ýok etmek isläpdir. Bu hilesini-de duýan doganlar hiç wagt ikisi bilelikde hökümdaryň huzuruna barmandyrlar. (Bardy-geldi birini saklaýsa beýlekisi onuň dadyna ýetişmek üçin)

Bu hilesini-de paşmandan soň Seljugyň agtygy Musanyň ogly Ýusuby öz tarapyna çekip, şonuň kömegi bilen seljuklary tabyn etmegi isläpdir. Ýusuby Mawerennahrdaky ähli türkmenleriň ýolbaşçysy wezipesine belläpdir. Ýusubyň Aly Teginiň tarapyna geçmegi Togrul begiň gaharyny getirse-de Çagry begiň maslahaty bilen Ýusuba hiç zat diýilmändir.

Çagry hem Togrul beg Aly Teginiň hilesine düşünipdirler, seljuklaryň agzybirligini bozmak islemändirler. Seljuklaryň agzy alaryp, özara urşa girişibermänden soň, Ỳusuply hilesinden netijesi çykmadyk Aly Teginiň Ýusuby öldürduşi barada Ibn Esir „Kämil taryh“ atly kitabynda ýazýar. Merhond Ýusuby öldüreniň Alp Gara Barany atly adamdygyny ýazýar.

Ýusubyň öldürilmegi Çagry hem-de Togrul bege Aly Tegine garşy açyk göreşe başlamaga sebäp bolýar. Seljuklar bilen Aly Teginiň esgerleriniň arasynda 1029-njy ýylda gandöküşikli söweş bolýar. Bu söweşde seljuklar ýeňýär. Yzysüre 1030-njy ýylda Aly Teginiň garyndaşy Ýusup Ibn Musany öldüren Alp Gara Barana garşy söweş guraýarlar. Bu söweş hem şowly tamamlanyp seljuklar Alp Garany ýesir tutýarlar. Ilki onuň gözüni oýup, soňra kellesini kesip jezalandyrýarlar. Aly Tegin diňe şundan soň seljuklaryň garşysyna gaty köp goşunyň gerekdigine düşünýär. Uly goşun bilen seljuklary ýeňmegi başarýar.

Togrul hem Çagry begiň ýolbaşçylygyndaky seljuklar Aly Tegine garşy söweşde ýeňilenlerinden soňra Ürgenjiň häkimi Harun ibn Altuntaş bilen gepleşikler geçirip onuň hökümdarlyk edýän ýerlerine göçüp barmak isleýärler. Ỳöne Aly Tegin hem seljuklary Urgenje ibermek islemeýär. Sebäbi seljuklar Urgenje barsa ol ýeriniň hökümdary Harun gaty guüýçlenjek. Baýhakynyň „Masudyň taryhy“ atly kitabynda Aly Teginiň seljuklar bilen ylalaşandygy hakyndaky maglumatlary 1031-1032-nji ýyllara gabat gelýär.

Dogrudan-da seljuklary duşman edinip Mawerennahrda hökümdar bolmak Aly Tegine başartmandyr. Ol köp baýlyk, pul paýlap seljuklaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşmaly bolupdyr. Ürgenjiň häkini Harun ibn Altyntaş hem seljuklara Yazlaga çykmaga ýer berip olaray öz tarapyna çekmek isläpdir. Mahmyt Gaznaly hem asyrynlyk bilen seljuklary goldap şolaryň kömegi bilen Garahanlylar döwletini gowşatmak isläpdir. Görşümiz ýaly Çagry begiň we Togrul begiň ýolbaşçylygynda türkmenler merkezi Aziýanyň 3 döwletiniň arasyndaky syýasy oýunlara çekilipdir.

Netijede 1032-nji yylda seljuklar Ürgenç sebitlerine 15 müň öýli möçberde aralaşýarlar. Harun ibn Altuntaş seljuklara daýanyp XI asyryň 30-njy yyllarynyň başlarynda Mahmyt Gaznala garşy doly syýasy özbaşdaklyk ugrunda göreşe baş göteripdir. Beýhakynyň berýän maglumatlaryna görä Harun ibn Altuntaş Gaznaly türkmen döwletini doly dargadyp onuň ýerlerini, eýeçiliklerini paýlaşmak ugrunda göreş alyp barypdyr. Şol maksat bilen ol Horasana öň göçüp baran seljuklar bilen hem, Garahanly Aly Tegin bilen hem, Çagry beg we Togrul beg

bilen hem gizlin gepleşikler geçiripdir. Aly Tegin bilen ylalaşyga görä Harun Gaznalylaryň Merw welaýatyna, Aly Tegin bolsa Termeze, Balha çozuş etmelidi.

Aly Tegin 1034-nji ýylda Balha çozuş guraýar. Bu çozuşda Aly Teginiň goşunynda esasy seljuklar bolupdyr. Olar Balhda uly ýeňiş gazansalar-da Urgenjiň häkimi Harun wagtynda ýörişe çykyp bilmändir. Sebabimi? Sebäbi seljuklaryñ üstünde Haryn başga bir ýagy bilen uruşmaly bolupdyr. Çünki Űrgenje ornaşan seljuklara garşy köne duşmanlary Jendiň häkimi Şamälik 1034-nji ýylda çozuş gurapdyr. Şeljuklardan şol söweşde 8000 adam wepat bolup, seljuklar ýeñilipdirler. Harun Jendiñ häkimi bilen şertnama baglaşyp, ony seljuklar bilen ylalaşdyrjak bolmasy başa barmandyr.

Harunyň gaznalylara garşy toparlanyşyk döredýändigini duýup, Mesut Gaznaly Haruny ýok etmekligi, öldürmekligi gurapdyr. 1035-nji ýylyň başynda Harunyň goşuny Mara tarap söweşe başlan mahaly bir dönük tarapyndan Harun öldürilipdir. Netijede Mara ýöriş guralmandyr. Aly Tegin hem ýekelikde üstünlik gazanyp bilmän Masut Gaznaly bilen indiden beýläk gaznalylaryň ýerlerine çozuş etmezlige söz berip ýaraşyk baglaşmaly bolupdyr.

1034-nji ýylyň ahyrynda Aly Tegin ýogalyp ornuna Tunuş geçýär. Seljuklar Tunuş bilen hiç hili oňuşmandyrlar. Aly Teginiň aradan çykan we Harunyň öldürilen wagty bir wagtrakda bolupdyr. Harun aradan çykandan soňra Köneürgençde häkimýet ugrunda göreşler başlanypdyr. Görşümiz ýaly Mawerennahry hem, Urgenç hem XI asyryň 30-njy ýyllarynda galagoply kyn döwri başdan geçiripdir. Şeýle şertlerde seljuklaryň gözüne Gaznaly türkmen döwletiniň çäkleri has asuda, has amatly bolup görünipdir. Çünki 1025-nji ýylda Horasana göçüp baran seljuklar ol ýerde parahat durmuşy başdan geçirýärdi. Ine şol sebäplide olar Masut Gaznala raýat bolmaklygy karar edipdirler.(1035ý.)

1035-nji ýylda Beýhakynyň „Masudyň taryhy“ atly işinde berýän maglumatyna görä 700-900 çemesi atly Amyderýadan geçip Horasana gelmegi, (Amulyñ üsti bilen) we galanlarynyň hem olaryň yzysüresi olaryň yzyna düşmegi bilen seljuk türkmenleriniň Ata Watana gaýtadan dolanmagy doly tamamlanýar.



**Muhammet Togrul beg Türkmen** *A.Muhammedowyň çeken suraty*

## Seljuk-gaznaly uruşlary

Seljuk türkmenleri Horasana esasan iki topar bolup, dürli wagtlarda aralaşandygyny biz öň aýdypdyk. Olaryň birinjisi 1025-nji yylda 4 müň öýli topar bolup, Mahmyt Gaznalynyň razylygy bilen Horasana aralaşypdyrlar. Olara taryhy çeşmelerde Ysraýylyň (Arslanyň) seljuklar topary hem diýilýär. Ikinji topar Muhammet Togrul begiň, Dawut Çagry begiň we olaryň atasynyň dogany Musanyň ýolbaşçylygynda 1035-nji ýylda Urgençden gaýdyp, ilki Amula (häzirki Türkmenabat) gelip, şol ýerden Merw, Abywert, Nusaý sebitlerine aralaşýarlar.

Seljuk türkmenleriniň birinji toparyna (Ysraýylyň toparyna) garşy ýerli türkmen taýpalarynyň göreşleri, Gaznalylaryň salgyt ýygnaýjylarynyň zorluklary sebäpli olar 1025-nji ýylda gozgalaň turuzypdyrlar.

Mahmyt Gaznaly şol ýyl Serdar şäheriniň ýanynda (Parawda) seljuklaryň üstüne goşun sürüp olary ýeňipdir. Seljuklaryň bir bölegi Balkan sebitlerine beýleki bölegi Eýranyň Kerman we Yspyhan sebitlerine çekilmäge mejbur bolupdyrlar.

Balkan sebitlerine giden seljuk türkmenleri Nusaý, Abuwerd sebitlerine ýörişler edip durupdyrlar. Hindistanyň Kelenjar galasynda tussaglykda oturan Ysraýylyň wesýetini ýerine ýetirip, seljuklar ýeňilseler-de (1027-1029-njy yyllarda) göreşi dowam etdiripdirler. Bu seljuklara öňküsi ýaly Ỳagmyr, Gyzyl, Buka we Göktaş dagylar ýolbaşçylyk edýärdi. Olaryň içinde iň abraýlysy we täsirlisi Ỳagmyr bolan bolsa gerek. Çünki entek Mahmyt Gaznaly dirikä onuň ogly Masut Ỳagmyry we onuň yzyna eýerýänleri çagyryp onuň bilen gepleşikler geçirenligi muňa şaýatlyk edýär. Seljuklar Masudyň goşunynda gulluga durupdyrlar. Masut olara Nusaý, Abuwerd, Paraw sebitlerine täzeden göçüp gelmäge razylyk beripdir. Seljuk türkmenleri Ỳagmyryň ýolbaşçylygynda 1030-njy ýylda Masudyň gaznaly tagtyny eýelemegine kömek edipdirler. Masut beýleki seljuk harby serkerdelerini hem öz goşunynda ulanypdyr. Emma olara goşunyň beýleki esgerlerinden az hak töläpdir. Hatda olary mugt esger hökmünde ulanmak isläpdir. Masut seljuk türkmen esgerleriniň üstünden öz harby

serkerdelerini ýolbaşçylar belläpdir. Emma, bu ýagdaý, ýagny başga serkerdäniň gol astynda gulluk etmek seljuklara ýaramandyr. Olar Ỳagmyryň töwereginde toplanyp gozgalaňa taýýarlanypdyrlar.

Masut Gaznaly seljuklaryň esasy baştutany Ỳagmyry we onuň iň ýakyn esgerlerinden 50-sini 1033-nji ýylda öldürmegi gurapdyr. Ỳagmyryň öldürilmegi Horasana ilki gelen seljuk türkmen toparynyň Masut Gaznala garşy göreşini güýçlendiripdir.

1033-nji yylda Gaznalylara tabyn bolan Penjap welaýatynyň hökümdary Ahmet Ynal Teginiň ýolbaşçylygynda gozgalaň turupdyr. Seljuk türkmenleri Penjaba öz esgerlerinden ýollap, gozgalaňçylary goldapdyrlar. 1034-nji ýylda ol gozgalaň basylyp ýatyrylandygyna garamazdan, ol Gaznaly döwletine garşy syýasy güýçlerin birleşýändigini görkezipdir. 1034-nji yylda Penjapdaky gozgalaň sebäpli dörän syýasy dartgynlylygy ulanyp, seljuklar Mara, Badhyza ýörişler gurapdyrlar. Sarahsda doly ornaşypdyrlar.

1035-nji ýylda Togrul begiň Çagry begiň we Musanyň ýolbaşcylygynda seljuklaryň ikinji topary hem Horasana gelip, Günorta Türkmenistanda iki seljuk topary birleşipdirler. 1035-nji ýyl seljuklaryň ata watanyna-Türkmenistana gaýdyp gelmeginiň ýylydyr.

Togrul begiň we Çagry begiň topary öňkilerden tapawutlylykda Gaznaly Soltanyndan razylyk alman Horasana gelipdirler. Seljuk türkmenleriniň Horasanda uly güýje öwrülmeginden gorkup, Masut Gaznaly entek doly ornaşmadyk seljuklary dessine derbi-dagyn etmek üçin 1035-nji ýylda birnäçe çäreleri durmuşa geçiripdir. Ol ilki bilen Gaznaly döwletiniň paýtagtyny Gaznadan Nişapur şäherine geçiripdir. (Nişapur şäheri 1035-1038-nji ýyllarda Gaznaly döwletiniň paýtagty bolupdyr). Paýtagty Nişapura geçirmeginiň sebäbi birinjiden Gaznadan alnyp gaýdyljak uly goşuny seljuklara garşy ýörişe gelýändigini gizlemek we gizlinlikde seljuklara ýakyn bolan Nişapurdan çozuşy amala aşyrmak üçin Nişapur saýlanylypdy. 1035-nji ýylda Masut Gaznaly maslahat geçirip seljuk türkmenlerinden gorkmaly däldigini, gaznaly goşunyň harby serkerdelerine düşündiripdir. Ol “Gorkanyň gözüne goşa görüner” diýip öz maslahatçylarynyň seljuk türkmenleriniň uly güýje öwrülendigi hakyndaky maslahatlaryny hem diňlemek

islemändir. Bu maslahatyň esasy maksady seljuk türkmenlerini duýdansyzlykda, uly güýç bilen derbi-dagyn etmeli harby serkerdeleriň ruhuny belende götermekdi.

Masut Gaznaly seljuk türkmenlerine garşy ýörişe gizlin taýýarlyk görýän wagty seljuklaryň özlerine ýer berilmegini haýyş edip ýazan hatyny oňa gowşurýarlar. Masut seljuk türkmenleriniň hüşgärligini gowşatmak, olary arkaýynlaşdyrmak üçin olaryň soran ýerlerini berýändigini aýdyp, jogap hatynda seljuklary rahatlandyrypdyr. Şol ýyl 1035-nji yylda Masut Merw, Abuwerd sebitlerine talaňçylykly ýöriş gurapdyr. Bu yerlerde ýaşaýan halklaryň öz hökümdarlary tarapyndan talanmagy Masudyň abraýyny peseldipdir.

Masudyň XI asyryň 30-njy ýyllarynyň ortalarynda öz döwletiniň raýatlarynyň arasynda abraýy barha pese gaçypdyr. Ol Hyradyň Mäligi bolan wagtyndaky ýaly döwlet başyna geçenden soň hem keýpi sapany gowy görüpdir. Hökümdaryndan görelde alan emeldarlar hem goşunyň serkerdeleri hem hatda ýönekeý esgerler hem oňa eýeripdirler. Ýurtda aýratyn-da goşunda, salgyt ýygnamakda, döwletiň maliýe ulgamynda eden-etdilik güýçlenipdir. Horasanyň ýerli hökümdarlarynyň seljuklara hat ýollap Gaznaly süteminden halas etmeklerini haýyş etmekleri ýöne ýerden däldir.

Masut Gaznaly 1035-nji ýylda Begdogdy hajybyň ýolbaşçylygynda 17 müň saýlama esgeri Nusaýda toplanan seljuk türkmenlerine garşy ýörişe ugradypdyr. Begdogdy serkerdäniň asly türkmendir. Masut Gaznalynyň özi Nişapurda galyp türkmenleri derbi-dagyn eden dessine habar bermegini Begdogda tabşyrýar. 1035-nji ýylyň Iýul aýynyň 19-ynda Gaznaly goşuny Nusaýa ugraýar.

Türkmenler Göroglynyň "It urşyny" edip esasy güýçlerini bukuda goýup az sanly goşun bilen Gaznalylaryň öňünden çykýarlar. Az sanly seljuk türkmenlerinden 800-sini söweşde öldürip, Begdogdy ýörişe ugranyndan soňra 2 hepdäniň dowamynda seljuklary derbi-dagyn edendigi hakyndaky habary öz hökümdaryna ýollaýar. Masut Gaznaly seljuk türkmenleriniň üstünden gazanylan ýeňişiň toýuny toýlaýarka täze habar gelip, gaznaly goşunynyň derbi-dagyn edilendigini oňa ýetirýärler.

Dogrudan-da 1035-nji ýylda Nusaýyň golaýynda bolan söweşde seljuklaryň az sanly goşuny gaçyp, bukuda oturan köp sanly goşunyň üstünden gaznalylary eltýär, netijede Begdogdynyň ýolbaşçylygyndaky goşun derbi-dagyn edilýär.

Seljuk soltanlary Togrul we Çagry beg Masut Gaznala hat ýazyp gaznaly goşuny bilen bolan söweşde özleriniň günäsiniň ýokdugyny, diňe üstüne çozuş eden gaznalylardan goranandyklaryny, özleriniň talaňçylyk, çapawulçylyk bilen meşgullanmaýandyklaryny, uruş islemeýändiklerini aýdypdyrlar. Özlerine ýer bermeklerini haýyş edipdirler. Masut Gaznalynyň ýolbaşçylygynda maslahat geçirip, şonda Seljuk türkmenlerine ýer paýlap bermek barada karar edýärler. Bu şatlykly habary eşidip, 1035-nji ýylyň güýzünde Musa Ýabgu, Çagry beg, Togrul beg dagy Nişapura gelýärler. (Biz tötänlikden Seljuk serkerdeleriniň atlaryny şeýle ýerleşdirmedik, takmyn 1038-nji ýyla çenli olar şu tertipde hormatlanypdyrlar, aganyň häkimlikde ilkinji orundalygy baradaky gadymy oguz däplerine görä derejelenipdirler.) Olaryň eline Musa Ýabguwa Paraw, Çagry bege Dehistan, Togrul bege Nusaý sebitleriniň berilýändigi hakyndaky perman we köp halat-serpaýlar berilýär.

1036-njy ýylda türkmenleriň talaňçylyklar edýändigi barada habarlar ýene-de Nişapurdaky gaznalylary biynjalyk edipdir. Seljuk serdarlary ýene hat ýazyp, özleriniň talaňçylyk bilen meşgullanmaýandyklaryny, bu işleri başgalaryň edýändiklerini aýdypdyrlar. Hatynyň ahyrynda Merw, Sarahs, Abuwerd ýerleriniň hem özlerine berilmegini sorapdyrlar. Bu haty Buharaly bir dilewar alymdan Masuda ýetiripdirler.

1035-nji ýyldaky yeňliş we 1036-njy ýylda seljuklaryň Masuda ýazan hatynda barha köp ýerleri soramaklary ony gaharlandyrypdyr. Ol türkmenler öte geçýärler diýip uly goşun toplap, olary derbi-dagyn etmek üçin Balh, Gazna sebitlerinden seljuklara garşy uly goşun düzüpdir. Şol goşuny bilen **1038-nji ýylda Sarahsda** ýaşaýan seljuklara garşy ýöriş gurapdyr. Sarahsda bolan söweşde hem gaznalylar ýeňilipdirler. Bu ýeňliş Masut Gaznalynyň abraýyny hasda pese gaçyrypdyr. Indi gaznalylaryň ýurdunda Seljuk türkmenleriniň

güýçlidigi barada gürrüňler ýaýrapdyr. Seljuk türkmenlerine garşylyk görkezmegiň peýdasyzdygyny aýdypdyrlar.

1038-nji ýyldaky Sarahs söweşinden soňra Masut Gaznaly Nişapurdan hazynasyny alyp gaçypdyr. Ol şäherden çykandan soňra Ybraýym atly türkmen az sanly esgerleri bilen Nişapura gelip, türkmenleriň uly goşunynyň ýakynlaşyp gelýändigini, özüniň bolsa şol uly goşunuň öňbaşçylarydygyny, tizlikde Togrul begiň Nişapura girjekdigini, oňa garşylyk görkezmegiň peýdasyzdygyny ilçi iberip, şäherlilere düşündiripdir. Ybraýym serkerde şol ilçisiniň üsti bilen şäheriň häkimine şäheri söweşsiz seljuk türkmenlerine tabşyrmagy, ýeňiljegi görnüp duran wagty biderek gan dökmezligi maslahat beripdir.

Abulfazl Beýhakynyň “Masudyň taryhy” atly eserinde berýän maglumatlaryna görä Nişapurda şäheriň ýolbaşçylary Sayid kazynyň öýünde jemlenip maslahat geçiripdirler. Halkyň gaznalylary goldamajagy görnüp dur, eýýäm halk talaňçylyk etmäge başlady. Bu ýagdaýda gowusy şäheri söweşsiz tabşyrmaly diýipdir. Öz sözleriniň dogrudygyna subutnama hökmünde Mahmyt Gaznalynyň Garahanly döwleti bilen bolan uruşda özi Hindistana ýörişe ugran mahaly Balh şäheriniň ilatynyň duşmanlara garşy şäheri gorap uruşanlary üçin ýörişden gaýdyp gelensoň ýakylyp- ýandyrylan şäheri görüp, uruş etmek ýönekeý ilatyň işi däl, ol esgerleriň işi, şäheri gorajak diýip ýok edilen emläkler üçin jerime tölemeli bolarsyňyz diýip şäheri goraýjylara sögendigini mysal getiripdir. Seýid kazynyň teklibi bilen ylalaşyp, geňeşde şäheri söweşsiz tabşyrmak barada karar edilipdir[33].

[33] Очерки из истории туркменского народа и Туркменистана в VIII – XIX вв. Ашхабад, 1954, str.104.



1038-nji ýylda nişapurlylar dogrudan-da şäheri söweşsiz Togrul bege tabşyrypdyrlar. Togrul begi garşylamak üçin oňüne haly palas düşäpdirler. Togrul begiň dabara bilen Nişapura girendigini taryhy çeşmeler aýratyn suratlandyrýarlar. Musal üçin, Beýhaky özüniň “Masudyň taryhy” atly kitabynda ýönekeý eşikli, Maryda dokalan ýüpekden edilen çäkmenli, ýuka matadan edilen selleli, bilinde gylyjy, ýaýyň oky, arkasynda galkany we kibtinde ýaýy, aýagynda gönden edilen ädigi bolan Togrul begiň Nişapurda Masut Gaznalynyň tagtynda oturşy we ýönekeý ilat bilen hem, emeldarlar bilen hem deň derejeli gepleşmegi nişapurlylary haýran galdyrandygyny ýazýar. Şol ýerde

Togrul beg Beýik Soltan diýilip jar edilýär. Şonuň üçin taryhy çeşmeleriň käbiri 1038-nji ýyly seljuk döwletiniň dörän ýyly hem diýip görkezýärler. Emma entek döwlet doly döredilmändi. Öňde ýene hubbatly iki ýyl bardy.

1038-1039-njy yyllarda Masut Gaznaly Hyratda gyşlap täzeden 50 müň goşun 300 pil we diwar ýumrujy Ýaraglary (hataput) bilen täzeden ýörişe ugraýar. Nişapury gabap Togrul begi ele salmak isleýär. Emma, Togrul bege şäherden çykyp gaçmak başardýar. Nişapurda Togrulyň oturan tagtyny, onuň ýakyn gatnaşyk eden adamlaryny ýok edýär.

1039-njy ýyl seljuk türkmenleri üçin iň kyn we agyr ýyl bolýar. Togrul begiň ýolbaşçylygyndaky seljuk türkmenleri Gaznaly goşunyndan gaçyp uruşmaga mejbur bolýarlar. Olar gaçyp bayarkalar hem guýulary gömüp, otlary otlap gaznaly goşunynyň arkaýyn hereket etmegine päsgelçilik döredipdirler. Mahal-mahal gaznaly goşunynyň bölekleriniň üstüne çozuşlar gurapdyrlar. Beýhakynyň berýän maglumatlaryna görä Sarahs çölünde Masut Gaznaly seljuklaryň harby taýdan artykmaçlygyny boýun alyp, men bu halkyň urşa beýle ökdedigini bilmändirin diýipdir. Beýhaky Masudyň taryhy atly kitabynda Togrul begiň birnäçe günläp ädigini çykarmandygyny, galkanyny ýassyk edinendigini ýazypdyr. Ol serkerdesi şeýle günde bolan goşunyň esgerleriniň nähili kyn günde bolandygyny özüňiz düşüniberiň diýip ýazypdyr.

Seljuk serdarlarynyň artykmaçlygy olar parahat oturan ilata azar bermändirler. Gaznalylar bolsa tersine özleriniň talaňçylyklary, bozuk işlere ýykgyn etmekleri bilen halkyň gözünden düşüpdirler. Bu ýagdaý seljuklaryň tarapdarlarynyň barha artmagyna sebäp bolupdyr.

1040-njy ýylda Dańdanakan söweşi bolupdyr.

## Daňdanakan söweşi. Beýik Seljuk-türkmen döwletiniň düýbüniň tutulmagy



Togrul begiň heýkeli



Seljuk türkmen döwletiniň baýdagy

Masut Gaznaly bilen seljuk türkmenleriň arasynda baş söweş 1040-njy ýylyń Maý aýynyň 22-24-i aralygynda Mary bilen Sarahsyň arasynda Daňdanakanda bolýar. (Daňdanakan şäheri seljuklar döwründe gülläp ösýär. Ony 1158-nji ýylda Balhly oguzlar ýumurýarlar. Onuň galyndylary häzirki Daşrabatdyr.). Daňdanakan söweşinde seljuk türkmenleriniň 16 müň esgerli goşuny 50 mün esgerli, 300 pilli gaznaly goşunyna garşy uruşyp ajaýyp ýeňiş gazanýarlar.

Mesudyň esasy serkerdesi Begdogdy hajyp Dandanakan söweşiniň öňýanynda soltan bilen ikiçäk duşuşyp, söweşiň netijesiz boljakdygyny duýdurypdyr. Emma soltan serkerdäniň aýdanyna gulak asmandyr. Begdogdy hajyp söweş medanyna göwünli-göwünsiz barypdyr. Sebäbi ol soltan Mesudyň paýhasy elden bermegi sebäpli urşuň oguzlaryň iki boýunyň—gaýalar bilen kynyklaryň nesliniň arasynda bolýandygyna, nähak ýere bigünä ganyň dökülýändigine dogry düşünipdir. Begdogdy hajyp ýaly söweşe göwünli-göwünsiz baran serkerdeleriň sany bir ýa-da iki däldi. Serkerdesiniň ýeňşe ynamy bolmadyk goşuny nädip eňiş gazansyn! Serkerdeleriň arasyndaky ynamsyzlyk esgerleriň ruhuny öňküdenem peseldipdir. Entek söweş başlamanka gaznaly goşunynyň

içinde suw we azyk üçin dawalar başlanypdyr. 370 sany gulam gaçyp, seljuklaryň tarapyna geçipdir. Bu zatlaryň özi esasy söweş başlamanka gaznaly goşunynyň ruhy taýdan ýeňlendigini aňladýardy. Emma soltan Mesudyň ony boýun alasy gelenokdy.

Maý aýynyň 24-inde gaznaly goşuny Daňdanakan galasyna gelipdir. Mesut serkerdeleriň bu ýerde düşlemek teklibini ret edip, bäş farsah golaýdaky howuza tarap hereket etmegi buýrupdyr. Bu bolsa gaznaly goşunynyň çar tarapa dargamagyna sebäp bolupdyr. Begdogdy hajyp özüne wepaly gulamlaryny alyp, çöle çekilipdir. Seljuklar amatly pursady elden bermän, gaznaly goşunynyň üstüne çozup, olary ýeňlişe sezewar edipdirler. Soltan Mesuda ýanyna 100 atlyny alyp, söweş meýdanyndan gaçmak başardypdyr.

Seljuklaryň bu söweşde ýeňiş gazanmagyma Masut Gaznalynyň goşunyndaky türkmen esgerleri uly ýardam edýär. Ol türkmenler söweşiň jygba-jygynda seljuklaryň tarapyna geçýärler.

Söweşde seljuklaryñ ýeñmeginiñ sebäpleri:

1. Seljuklar öz maşgalasy, çagalarynyñ geljegi, öz Watany üçin söweşdiler. Ol mukaddeslikler üçin göreşen halky ýeñmek mümkin däl;
2. Gaznalylar goşunynyñ esgerleri baýlyk üçin, baýamak üçin söweşe gelen esgerlerdi. Olar üçin bu şöweş bolmasa indikide baýamak hiç zatdy, olar üçin esasy zat janlaryny aman saklamakdy;
3. Seljuklaryñ goşuny söweşlerde bişişen esgerlerden ybaratdy, gaznalylaryñ goşunynyñ esasy bölegi bolsa söweşiñ öñ ýanynda toplanan taýýarlygy pes esgerlerden düzülipdi;
4. Söweş gidip duran wagty gaznaly goşunyndaky türkmenler seljuklaryñ tarapyna geçipdirler;
5. Seljuklara ak patany Mäne baba beripdi.

Daňdanakanda ýeňiş mynasybetli uly toý tutulýar.

Söweş gidip duran mahaly beýik ýerde tagt oturdyp, oňa dabara bilen Togrul begi oturdypdyrlar.

1040-njy ýylyň Maý aýynyň ahyrynda seljuk begleri Merwde uly gurultaýa ýygnanypdyrlar. Gurultaý seljuklaryň Daňdanakanda gazanan ýeňişiniň netijelerini resmileşdiripdir. Gurultaýyň karary boýunça Abbasy halyfy al-Kaýym-Biemrillaha hat ýazylyp, täze gurlan döwleti tassyk etmegini sorapdyrlar. Täze döwletiň dörändigi baradaky habarlar töwerekdäki beýleki döwletlere hem ýetirilipdir. Taryhçy Rawendiniň sözlerine görä, Togrul beg agasy Çagry bege ok berip, ony döwmegi haýyş edipdir. Oklaryň sany köpeldigiçe olary döwmek kynlaşypdyr. Togrul beg: «biz hem şu ok mysalydyrys. Biz birleşsek, hiç kim bizi ýeňip bilmez, aýrylsak bolsa, ýeke-ekeden biziň kastymyza çykarlar» — diýip, täze dörän döwletiň güýjüniň agzybirlikdedigini nygtapdyr.

Gurultaýda Beýik seljuk türkmen döwletiniň gurlandygy yglan edilýär. Dolandyrmak üçin amatly bolar ýaly döwletiň welaýatlary hökümdar neberäniň agzalarynyň arasynda paýlanylýar.

Musa Ýabgu Hyratda oturyp, Busty we Sistany dolandyrmalydy. Çagry begiň uly ogly Gara Arslan Gurt Tebes we Kerman welaýatlaryny eýelemelidi. Ybraýym Ýynal, Çagry begiň ogly Ýakut, Arslan Ýabgunyň ogly Gutulmyş Togrul begiň ýanynda bolup, täze eýelenjek ýerlere hökümdar edilip bellenipdir. Togrul begiň adyna Nyşapurda altyn teňňeler zikgelenip başlapdyr.

Keramatly piriň türkmen soltanlary Çagry beg bilen Togrul bege döwlet patasyny berendigini eşitmedik türkmen ýok bolsa.

Hakykatdan-da, şondan soň şygyr bossanynyň bilbili Magtymgulynyň:

Gargyşym daşlary mum deý erider,
Pür-pudak ýaýradar alkyş alanym

– diýşi ýaly halatly piriň gargyşyna duçar bolan, türkmenleriň gaýa taýpasyndan bolan Gaznaly hökümdar Mesgut seljuk türkmenleriniň kynyk tiresinden bolan türkmenlerinden ýeňilýärler .

1043-nji ýylyň baharynda Togrul beg Çagry beg bilen bilelikde Horezme ýöriş edip, ony öz döwletine tabyn edipdirler. Türkmenleriň Anadolyny ýurt tutunmagy Togrul begiň döwründe başlanypdyr. 1049-njy ýylyň Sentýabr aýynyň 18-inde Erzurumyň golaýyndaky Pasinler

(Hasangala) obasynda bolan söweşde Ybraýym Ýynalyň we Gutulmyşyň serkerdeligindäki seljuk goşuny birleşen gürji-ermeni-wizantiýa güýçlerini ýeňipdirler. Gürji şazadasy Liparid türkmenlere ýesir düşüpdir. Baglaşylan ylalaşyga laýyklykda Wizantiýa Seljuk döwletini ykrar etmäge mejbur bolupdyr. Pasinler söweşi türkmenlere Anadolynyň gapysyny açmakda ýeňiş getiren ilkinji söweşdi. Anadolyny ýurt tutunmaga ähmiýet beren Togrul begiň öz serkerdeliginde 1054-1055-nji ýyllarda Anadola ýöriş guralypdyr.

Togrul beg 1055-nji ýylda Büweýhilere garşy göreşmek üçin halyfyň çakylygy bilen Bagdada barypdyr. 1055-nji ýylyň Dekabr aýynyň 19-ynda Togrul beg Bagdada gelipdir. Abbasy halyfy al-Kaýym Biemrillah ony dabara bilen garşylapdyr. Oňa «Mälik al-Maşryk wel-Magrib» (Gündogaryň we Günbataryň soltany), «Kasym Emir’ul-Muminin» (Halyfyň ýoldaşy), «Rukneddin» (Diniň diregi) unwanlaryny beripdir. Togrul beg halyfyň gyzy Seýýide hatyna öýlenipdir (1063). Täze aýaly bilen Reýe dolanan Togrul beg keselläp, 6 aýdan soňra 70 ýaşynyň içinde aradan çykypdyr (1063ý. Sentýabr aýynyň 4-i).

Togrulbeg öz mirasdarlaryna ägirt uly döwleti galdyrypdyr, oňa Beýik Seljuklaryň imperiýasy diýipdirler. Seljuklar Horezmi, Horasany, Owganystany, Eýrany, Azerbaýjany, Ermenistanyň we Gruziýanyň bir bölegini, Yragy, Siriýany, Palestinany we beýleki ýurtlary basyp alypdyr. Ýöne seljuklar basyp alan ýurtlarynyň ilatyny horlamandyr, 2-3 ýyl salgytdan boşadypdyrlar, öz esgerlerine adamlary talamagy gadagan edipdirler. Halk seljuklary özlerine agyr zulumdan halas edijiler hökmünde kabul edipdir. Seljuklarda milletçilik **bolmandyr.** Hut şonuň üçin-de hristianlar, iudeýler we beýlekiler tutuş oba bolup musulmançylygy kabul edipdirler we türkmen döwletiniň doly hukukly raýatlary bolupdyrlar.

Şeýle uly döwleti pähimli dolandyrmagyň başyny başlan Togrulbeg bolupdyr. Tährandan 8 kilometrlikdäki Reý şäherinde beýik Soltanyň gubury bar.

## Seljuklaryň Günbatara ýörişleri. Soltan Alp Arslan.Malazgirt ýeňşi.

**1.Alp Arslanyň Soltan tagtyna geçişi.** Alp Arslan Dawud Çagry begiň ogludyr. Ol 1029-njy ýylyň Ýanwar aýynyň 20-sinde dogulypdyr.



Alp Arslan Türkmen 1043-1044-nji ýyllarda, özüniň ýaşlygyna garamazdan gujur-gaýratlylygyny görkezipdir. Şol döwürde Çagry begiň kesellän wagty Gaznaly hökümdary Mewdud, elden giderilen Balh we Toharystan topraklaryny seljuklardan yzyna gaýdyp almak maksady bilen bu ýerlere goşun çekipdir. Seljuklaryň goşunyna ýaşajyk Alp Arslanyň ýolbaşçylyk edipdir. Alp Arslan öz goşuny bilen çalt hereket edip Balha gelipdir hem-de tizden-tiz hüjüme geçipdir. Bu söweşde, Gaznalylaryň goşuny derbi-dagyn edilipdir. Şonda, Alp Arslan tarapyndan ýesir alnan kiçi we uly derejedäki goşun serkerdeleriniň sany müňe ýetipdir. Örän köp mukdarda ýarag we atlar olja alnypdyr. Çagry beg ýaş oglunyň gazanan harby üstünligine guwanyp, hassalygyndan açylypdyr.

Alp Arslana, 1058-nji ýylda gazanan üstünlikleri mynasybetli kakasy Çagry beg ony Seljuk türkmenleriniň Horasandaky döwletiniň başyna geçirýar. Bu Alp Arslanyň zikgeleden pullaryndan hem görülýär.

Şazada Alp Arslanyň ýaşlykda gazanan hökümdarlyk tejribesi soňky soltanlyk eden döwürlerinde örän peýda beripdir. Kitaplarda Alp Arslanyň çagalygynda örän gowy bilim alandygy agzalýar.

Ýaşlygyna garamazdan, Alp Arslan, diňe öz kakasynyň däl, eýsem, onuň inisi Togrul begiň hem goldawçysy bolupdyr. Togrul beg, öz doganoglany Ybraýym Ýynalyň gozgalaňa baş galdyryp, Hemedany eýeläp, kyn güne salanynda, dogany Çagry begden kömek sorapdyr. Ol bolsa, inisine kömek üçin ogullaryndan Alp Arslany we seljuk türkmenleriniň Kermandaky döwletiniň hökümdary Gara Arslan Gurdy iberipdir. 1059-njy ýylda, bu şazadalar Ybraýym Ýynalyň goşunyny ýeňip, döwleti içki howpdan halas edipdirler.

Taryhy maglumatlar, Alp Arslanyň hökümdarlygynyň irki döwürlerinden başlap, özbaşdak harby hereketleri hem geçirendigini

habar berýärler. Olaryň biri Merwden Eýranyň Pars topraklaryna guralan ýörişdir. Bu ýöriş kakasynyň Alp Arslany entek öz ýerine häkim yglan etmesinden has öň bolupdyr. Onuň bu harby hereketinden, Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň emeldarlarynyň, emirleriniň hiç biri, hat-da soltan Togrul beg hem habarsyz bolupdyr. Alp Arslan öz goşuny bilen Fesa şäherine gelip, bu ýerdäki Büweýhogullarynyň wekilini gaçyp gitmäge mejbur edipdir. Garşylyk görkezenleriň bir toparyny öldürip, üç müň kişini ýesir alypdyr. Alp Arslan bu ýörişinde, bir million dinar gymmaty bolan olja bilen yzyna dolanypdyr. Çeşmelerde bu başarylan işiň, örän uly işdigi bellenip geçilýär. Bu ýöriş, Alp Arslanyň ýaşlygyna garamazdan uly işleri amala aşyryp bilendiginiň subutnamasydyr.

Alp Arslanyň edýän işleri, gahrymanlyklary we ägirt döwlet adamlygy baradaky habarlar örän çaltlykda Horasanyň serhedini aşyp, soltan Togrul begiň häkimligindäki günbatar ülkelere hem ýetipdir. Onuň bu şöhraty, soltan Çagry beg ölenden soň, Togrul bege nikalanyp berlen Çagry begiň aýallarynyň biriniň ogly Süleýmanyň tagta getirilmesi bilen başlanan tagt ugrundaky göreşde ýeňiş gazanmagynda hem uly rol oýnapdyr. Çagasyz Togrul bege Çagry begiň yzynda kiçijik oguljygy bilen dul galan aýaly nikalanyp berlipdir. Ol bolsa şol oglanjygy «özünden soňra hökümdar boljak kişi» diýip yglan edipdir. Emma, Alp Arslan hem Çagry begiň ogludy we soltanlygyň tagtyna geçmäge özüniň haky bar hasap edýärdi. Üstesine-de, halk döwletiň başyna Alp Arslanyň geçmeginiň tarapdarydy.

Alp Arslanyň tagta geçmelidigini öňe sürüp, Süleýmanjygyň tagta geçirilmesine garşy çykan ýeke-täk kişi Hajyp Ärdem atly bir türkmen serkerdesi bolupdyr. Edebiýatlarda Hajyp Ärdemiň Alp Arslanyň tagt mirasdüşeri edilmelidigini Togrul bege duýdurandygy hem agzalyp geçilýär. Bu serkerde, Süleýmanjygyň Seljuklar neberesiniň guran ägirt döwletiniň hökümdarlyk tagtyna mirasdar hökmünde yglan edilenden soňra Alp Arslanyň ýanyna, Horasana gelipdir. Soltan Togrul begiň aradan çykmasyndan soň wezir Amydülmülk Kündüri Süleýmanjygy tagta geçiripdir.

Süleýmanyň hökümdar diýlip yglan edilenini eşiden Alp Arslan Reý şäherine gelipdir. Onuň Reýe gelmesi bilen Süleýman bu şäherden çykyp, Şiraza gidipdir. Wezir Amydülmülk Kündüri bolsa, Alp Arslana garşy harby herekete başlaman, metjitlerde Süleýmanjygyň adyna okadylýan hökümdarlyk hütbelerini Alp Arslanyň adyna okadylmasyny buýrupdyr. Alp Arslanyň ýanyna wekillerini iberip, tabynlygyny bildiripdir. Bu hadysalar 1063-nji ýylyň Oktýabr aýynda bolup geçipdir.

Entek, Beýik seljuk türkmenleriniň tagtyna geçmänkä Alp Arslanyň alnyndan ýene bir garşydaş çykypdyr. Ol, seljuklar neberesinden bolan Arslan Ýabgunyň ogly Gutulmyşdy. Gutulmyş kakasy Arslanyñ (Ysraýylyñ) seljuk urugynda baştutan bolandygyny, özüniñ hem Alp Arslandan uludygyny, oguz däbi boýunça uly barka kiçä häkimiýet geçmeli däldigini aýdyp, ol Alp Arslandan öňürti gelip, paýtagt şäher bolan Reýi goşuny bilen gabapdyr. Reýiñ golaýynda söweş bolup, ol Alp Arslandan ýeňlipdir.

1064-nji ýylyň Aprel aýynyň 27-si güni Alp Arslan Türkmen Reý şäherinde uly dabara bilen tagta çykarylypdyr. Ol, soltan Togrul begiň wezirligini eden we Süleýmany tagta çykaran wezir Amidylmülk Kündürini wezirlikden aýryp, Nyzamylmülki wezirlige belläpdir. Garry weziri Nusaýda tussaglykda saklap soñ ölüm jezasyna buýrupdyr. Garry wezir ölmeziniñ öñ ýanynda iki sany hat ýazaypdyr we jellatdan haýyş edip olaryñ birini Alp Arslana, beýlekisini Nyzamylmülke bermegi haýyş edipdir.

Beýik soltan Alp Arslan tagta geçen badyna döwletiň içinde tertip-düzgüni berkitmäge hem-de onuň çäklerini giňeltmäge üns beripdir. Dogany – seljuk türkmenleriniň Kermandaky döwletiniň hökümdary Gara Arslan Gurduň (ol Çagry begiñ uly ogly) merkezi häkimiýeti gowşatmaga gönükdirilen gozgalaňlaryny basyp ýatyrypdyr. Ýutda türkmen dilinde gepleşilmegini ýola goýupdyr. Harby dil türkmen dili bolandygy sebäpli buýruklar türkmençe berlipdir. Türkmenleriň özleri üçin amatly, otly-suwly mekana – Anadoly topraklaryna göçüşleri hut soltan Alp Arslanyň döwründe güýçlenipdir.

Soltan Togrul begiň zamanynda Beýik Seljuk türkmenleriniň döwleti iki bölekden ybarat bolupdyr. Gündogar bölegi Çagry beg Türkmen hem-de onuň ogly Alp Arslan Türkmen tarapyndan edara edilipdir. Togrul beg Türkmen bolsa günbatary öz edarasy astynda saklap, bütin döwletiň soltanlyk işlerini amala aşyrypdyr. Seljuklaryň iki başly bürgüt şeklindäki gerbi hem döwletiň iki bölekden – günbatar we gündogar bölekden ybaratdygyny beýan edipdir. Soltan Alp Arslanyň tagta çykmagy bilen bolsa, gündogar hem, günbatar hem bir hökümdaryň gol astyna giripdir. Togrul begiň zamanynda, günbatarda Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň esasy garşydaşy bolup Müsürdäki şygalaryň Fatymylar Halyflygy bolan bolsa, Alp Arslanyň soltanlygy döwründe ol garşydaş Wizantiýa imperiýasydy.



## Alp Arslanyń harby ýörişleri.

**Anadola birinji ýörişi.** Soltan Alp Arslan hökümdarlyga geçen badyna harby saparlara başlapdyr. 1064-nji ýylyň Fewral aýynyň 22-sinde günbatar tarapa herekete geçipdir. Şol gün Reý şäherinden çykyp, Urmiýeniň demirgazygyndan Merendä gelipdir. Bu ýerde, uç-gyrakda ýurt tutunan, köp gezek wizantiýalylylara garşy gaza uruşlaryny alyp baran bir türkmen begi Tugtegin soltanyň goşunyna goşulypdyr. Ol

köpsanly adamdan ybarat bolan öz taýpasyny hem alyp gelipdir. Tugtegin beg soltana bu ýerleriň eýelenmesinde köp peýda berjek maslahatlary beripdir. Dürli ýerlere baryp ýetmek üçin gysga ýollary salgy beripdir. Soltan onuň maslahaty bilen, Gürjüstana ýöriş geçirmäge karar beripdir we goşuny ikä bölüpdir. Goşunyň bir goluna soltanyň özi, ikinji bölegine bolsa ogly Mälik şa hem-de wezir Nyzamylmülk ýolbaşçylyk edipdir.

Soltanyň ýörişe çykmakdan esasy maksady «Ruma gaza etmek» bolan-da bolsa, döwletiniň çet-gyralarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, özüniň öňbaşçylygyndaky goşun bilen demirgazyga ýönelipdir. Bu ýerlerde harby hereketleri geçirip, ermeni hem-de gürji patyşalary bilen parahatçylyk ylalaşygyny baglaşypdyr we bu ýörişden örän köp sanly ýesir, hem-de altyn, kümüş, gymmat baha daşlardan ybarat olja bilen yzyna dolanypdyr.Şazada Mälik şanyň we wezir Nyzamylmülküň ýolbaşçylygyndaky esasy goşun bölümi bolsa, Aras çaýynyň ugry bilen ilerläp, häzirki Türkiýäniň topraklaryna aralaşypdyr we bir galany gabapdyr. Bu galany goraýjylar ok atmak bilen goranypdyrlar. Gazaply söweş bolupdyr. Hatda wezir Nyzamylmülküň atyndan inip söweş edendigi ýazylýar. Çeşmelerde ýaş şazada Mälik şanyň ýaý oky bilen galany goraýjylaryň başlygyny ýaralandygy bellenýär. Galany goraýjylar gabaw edýänleriň  sürünmelerine bäs gelip bilmän, daglara tarap gaçypdyrlar we ýok edilipdirler. Ogly Mälik şanyň we weziriniň gazanan üstünliklerini, gahrymançylyklaryny eşiden soltanyň guwançdyr-begenjiniň çägi bolmandyr we olary öz huzuryna çagyrypdyr. Mälik şanyň hem-de Nyzamylmülküň ýolbaşçylygyndaky goşun Sürmeli we beýleki birtopar galalary eýeläp, gelip soltanyň ýolbaşçylygyndaky goşun bilen birleşipdir.

**Kawkaz ýörişi.** Seljuklaryň ikä bölünen goşuny Sepid şäherinde birleşipdir. Birleşen goşun töwerekdäki galalary eýeläp, Lal şäherine hüjüm edipdir. Lal şäheri beýik diwarly, berk özenli galalaryň biridi, esasy bölegi bolsa dagyň üstündedi. Alp Arslan, soltanlyk çadyryny galanyň derwezesiniň öňünde dikip, galany aljakdygy baradaky ynamyny ýitirmän, hüjüme başladypdyr. Söweş gazaply bolupdyr. Soltan Alp Arslan güýçli gaýtawul berlendigine garamazdan, ähli

päsgelçilikleri ýeňip geçip, galany eýeläpdir. Örän köp mukdarda olja alnypdyr. Alyp bolmajak gala hasaplanýan Lal şäheriniň ele geçirilendigini eşiden goňşy galalaryň baştutanlary soltanyň ýanyna ilçilerini iberip, öz janlaryny satyn almak tölegini bermek bilen boýun egýändiklerini duýdurypdyrlar. Bu waka 1064-nji ýylyň tomsunda bolupdyr.

Soltan Alp Arslan sanlyja aýyň içinde örän kän şäherleri eýeläninden soňra, iň berk gala hasaplanýan, wizantiýalylaryň elindäki Any galasyna ýöriş edipdir. Alp Arslanyň Kars we Any galalaryna tarap gelýändigi baradaky habarlar çar tarapa ýaýrapdyr. Bu şähere tarap gelýän ýoluň ugrunda ýerleşen galalaryň ilaty musulmançylygy kabul edipdirler we soltana muny duýdurypdyrlar. Bu habarlara soltan örän begenipdir.

Soltanyň goşuny Any şäherine golaýlaşypdyr. Anynyň belent daglar ýaly howalanyp duran diwarlary bolupdyr. Içine derwezeden başga ýerinden girip bolmajak, daglar bilen örtülen bu gala örän haýbatly görnüşde bolupdyr. Ony zabt edip alyp bolmaz öýdüp, şol güne çenli duşmanlaryň hiç biri Anyny gabamaga, hat-da ýanyna golaýlaşmaga milt edip bilmändir. Galanyň üç tarapy bolsa Araz derýasy bilen gurşalypdyr. Beýleki tarapyndan akýan derýa bolsa örän çuň bolup hem-de çalt akypdyr. Şähere diňe hendegiň üstünden geçýän köprüden baryp, derwezeden girip bolupdyr.

1064-nji ýylyň Iýul aýynyň 21-inde soltanyň goşunlary galanyň golaýynda toplanypdyr. Şondan soňra esgerlerine ýüzlenip, şeýle diýipdir:

«Görşüňiz ýaly, duşmanymyz köplük, galalary berk hem bolsa, olaryň siziň ýaly gazawat meýdanlarynda bişişen, watan üçin şehit bolmak yşgy bilen ýanyp bişýän pidakär esgerleriň ilkinji zarbasyna döz gelip bilmejekdiklerini bilýärin. Sebäbi siziň öňüňizde watanlaryny däl-de, öz janlaryny halas etmekden başga zadyň pikirini etmeýän birtopar gorka düşen ynsanlar bar...

Ynha siziň Soltanyňyz, Allatagalanyň ady bilen ädimini gazawat meýdanyna atýar. Şu gylyjy tutup duran elim güýçden gaçýança söweşjekdirin...

Watanyny, dinini, soltanyny söýýänler yzym bilen gelsin!...».

Soltanyň bu sözlerinden soňra, gahryman türkmen ýigitleri joşgunly tolgunma we ägirt ruhy galkynyş bilen soltanlarynyň yzyndan, Any galasyna tarap «Ýa, Alla, Alla» diýip, at goýupdyrlar we gazaply söweş edip, Any galasyny eýeläpdirler. Şäher 1064-nji ýylyň Awgust aýynyň 16-synda türkmenleriň eline geçipdir.

Alp Arslan Türkmen, serkerdeleriniň birine şäheri goramak wezipesini tabşyryp, ep-esli adamdan ybarat goşun bölümini hem onuň ýanynda goýup, Any şäherinden aýrylypdyr. Şeýlelikde, Wizantiýa imperiýasynyň gündogarynda ýerleşen möhüm şäherleriň biri soltan Alp Arslan tarapyndan eýelenipdir. Bu habar, Wizantiýa imperiýasynyň paýtagtyna baryp ýetende, örän gynanç döredipdir. Nyzamylmülk Anyda gazanylan ýeňiş barada Bagdada – Abbasy halyfynyň adyna habarnama iberipdir. Bagdat halyfy bu üstünligi üçin soltan Alp Arslana «Ebul Feth» («Ýeňiji») diýen hormatly ünwany beripdir. Gürji patyşasy hem her ýylda salgyt tölemek şerti bilen Alp Arslana tabynlygyny bildiripdir.

Şeýlelikde, soltan Alp Arslanyň 1064-nji ýylda Kawkaz topraklaryna eden ýörişi üstünlikli tamamlanypdyr. Gürjüstan we Ermenistan durşy bilen seljuk türkmenleriniň eline geçipdir. Wizantiýalylaryň ummasyz kän galalary ele geçirilip, içine türkmen esgerleri ýerleşdirilipdir.

Soltan Kawkaz ýörişinden yzyna dolananda Yspyhan, Kerman ýaly şäherlere degip geçip, ol ýerlerde hökümdarlyk işlerini tertibe salypdyr.

**Türküstana birinji ýörişi.** Alp Arslanyň döwründe Beýik Seljuk türkmenleriniň döwleti has güýçlenip, giňelipdir. Döwletiň içindäki bölünişik meýilleriniň şolbada öňüni almaga çalşypdyr. Alp Arslan 1065-nji ýylda gündogar saparyna (I Türküstan ýörişi) çykypdyr. Müňgyşlakda ýaşaýan gypjaklary özüne tabyn edipdir. Ol ýerden Syrderýa boýlaryna – Jent şäherine tarap ýönelipdir. Bu ýerde Seljuk nesilşalygynyň düýbüni tutujy, atasy Seljuk baýyň guburyna zyýarat edipdir.

Alp Arslan Jentden Merwe barypdyr. Bu ýerde uly toý tutup, ogly Mälik şany Garahanly türkmenleriň döwletiniň hökümdary Ybraýym Tamgaç hanyň gyzy Türkan (Terken) hatyna, beýleki ogly Arslan şany bolsa Gaznaly hökümdarynyň gyzyna öýlendiripdir. Şu ýerde bir zady

aýratyn tekrarlamakçy bolýarys. Döwrüniň beýik syýasatçysy bolan Alp Arslan goňşy türkmen döwletleriniň biri-biri bilen agzalalykda däl-de, agzybirlikde ýaşamagynyň zerurlygyna düşünipdir. Dürli nesilşalyklarynyň arasyndaky nika gatnaşyklary şol agzybirligi hasam pugtalandyryp biljekdi. Syýasatdaky bu inçe tilsimi ussatlyk bilen ulanan Alp Arslanyň özi bu babatda gardaş türkmen döwletlerine nusga bolupdyr. Onuň özi Garahanlylaryň neberesinden, Kaşgaryň we Hotanyň hökümdary Ýusup Kadyr hanyň gyzyna öýlenipdir. Gyzy Äşe hatyny Garahanly türkmenleriň hökümdary Nasr ibn Ybraýyma nikalap beripdir. Ikinji gyzy Mahd’al-Yragy («Yragyň sallançagy») Gaznaly türkmenleriň soltany Mesut II-ä, üçünji gyzy Fulane hatyny Bagdat halyfy al-Kaýym Biemrillahyň ogluna durmuşa çykarypdyr. Bu zatlar Alp Arslanyň Togrul begiň hökümdarlaryň arasyndaky garyndaşlyk açmak syýasatyny dowam etdirendigini görkezýär.

Alp Arslan 1066-njy ýylda Merwde körpe ogly Mälik şany tagt mirasdüşeri edip belläpdir. Döwletiň içinde özara bäsdeşligiň öňüni almak maksady bilen döwletiň dürli welaýatlaryny neberäniň agzalaryna paýlap beripdir. Şazada Mälik şa Yspyhany we Şirazy dolandyrmagy tabşyrypdyr.. Ibn Esiriň maglumatlaryna görä, Alp Arslan Mazendarany Ynanç Ýabguwa, Balhy dogany Süleýman şa, Horezmi Arslan arguna, Merwi ogly Arslan şa, Çaganiýany we Toharystany dogany Ylýasa beripdir.

**Rum iline derweze açmak ugrunda başlangyçlar.** Beýik Seljuk türkmenleriniň imperiýasy asyryň 70-nji ýyllaryna çenli öz çaklerini has-da giňeldipdi. Anadolyny eýelemek üçin türkmenleriň eden harby we göçüş hereketleri Togrul beg Türkmeniň we Çagry beg Türkmeniň zamanynda başlanypdy. 1015-1018-nji ýyllarda Häzirbegjan topraklaryna gelen Çagry beg Türkmen Wan hem-de Kars etraplaryna barlag ýörişlerini gurap, Anadolynyň ýaşamak üçin oňaýly, amatly ýerdigine göz ýetiripdir. Ol yzyna dolanyp geleninde bu pikirini ildeşlerine duýdurypdyr.

Türkmenleriň Anadola eden ýörişleri Beýik Seljuk türkmenleriniň soltany Alp Arslanyň döwründe has-da güýçlenipdir. 1064-nji ýylda sapara çykan Alp Arslan ilki Karsy, soňra Anyny eýeläpdir. Ol

ermenileri öz häkimligi astyna salanyndan soňra, goşunlary bilen Gürjüstana giripdir. 1067-nji ýylda Alp Arslan Malatyýany we Kaýsaryny eýeläpdir.

1070-nji ýylyň tomsunyň ortasynda Alp Arslan özüniň Şama (Siriýa) ýörişine ugrapdyr. Ýolugra Malazgirt, Erjiş galalaryny ele geçiripdir. 1071-nji ýylyň ýazynda, uzak wagtlyk gabawdan soňra, Halap şäheri seljuklaryň häkimiýetine tabyn bolupdyr. Emma Wizantiýa imperatorynyň ilçi iberip, Malazgirdi, Ahlady, Erjişi yzyna gaýtaryp bermegi talap etmegi oňa ýöriş niýetini goýbolsun etmäge mejbur edipdir.

Şeýlelikde türkmenler bu harby hereketleriň netijesinde Anadoly topraklaryna doly belet bolupdyrlar, wizantiýalylaryň köpsanly harby güýçlerini derbi-dagyn edipdirler. Köpsanly şäherlerdir-obalar eýelenipdir. Hatda, Ahlat ýaly şäherler tutuşlaýyn türkmenleşdirilipdir. Ýöne entek Anadoly topraklary bütewileýin eýelenmändi. Anadolunyň derwezelerini türkmenlere doly açjak Malazgirt ýeňşi entek öňdedi...

## Alp Arslan we Roman Diogen. Malazgirt söweşi

Wizantiýa imperiýasynyň meşhur imperatory Roman Diogen IV soltan Alp Arslanyň mynasyp garşydaşy bolupdyr. Roman Diogen tagta geçen gününden Anadolyny türkmenlerden gaýtaryp almak üçin birnäçe ýörişler gurapdyr.

Roman Diogen 1068-nji ýylyň Mart aýynda franklardan, makedoniýalylardan, uzlardan (hristian oguzlar) howlukmaçlyk bilen toplan goşuny bilen türkmenlere garşy ýörişe çykypdyr. Emma bu ýörişler türkmenleriň Anadola içgin aralaşmagynyň öňüni alyp bilmändir.

Roman Diogen eden harby hereketleri bilen türkmenleri ýeňip bilmedigine örän ahmyr edipdir. Ol bir ýyllap goşunyny taýýarlap, 1070-nji ýylda, türkmenleri Anadoly topraklaryndan çykarmak ugrundaky hereketlerine täzeden başlapdyr. Imperator türkmen goşuny bilen öz goşunynyň arasynda uly söweş bolmagyny isläp, ol welaýatdan bu welaýata aşyp ýörüpdir. Türkmenler bolsa « gaçdy-kowdy» oýnyny oýnap, dürli ýerlerde harby hereketleri amala aşyryp, imperatoryň

esasy goşuny bilen hiç garşylaşmandyrlar. Ol türkmenler meselesini belli-külli çözmek üçin uly ýörişe taýýarlyk görüp başlapdyr.

Roman Diogen 1070-1071-nji ýylyň gyşynda türkmenleri öz imperiýasynyň topraklaryndan yzyna kowmak üçin uly bir goşun toplapdyr. Musulman we hristian çeşmelerinde bu goşunyň sany 200 müňden 600 müňe çenli aralykda diýlip görkezilýär. Bu goşun dürli halklardan düzülen eken. Bolgarlar, slawýanlar, nemesler (gotlar), franklar, ermeniler, gürjiler, hazarlar, peçenegler, uzlar (hristian oguzlar), gypjaklar Roman Diogeniň bu agyr leşgeriniň düzüminde bolupdyr. Döwrüň çeşmelerinde uzlaryň 15 müň atlysynyň wizantiýa goşunynyň esasy zarba urujy güýji bolandygy nygtalýar. Wizantiýa goşunynda agyr ýükleri daşaýan 3 müň araba, köp sanly dürli görnüşli hüjüm ediş gurallary bar eken. Bu gurallaryň biri örän uly daşlary zyňyp bilýan ägirt goçak bir manjynyk bolupdyr. Ol gural 1200 kişi tarapyndan ulanylypdyr.

Wizantiýa imperatory Roman Diogen agyr goşuny bilen 1071-nji ýylyň Mart aýynyň 13-inde Yssambyldan (Konstantinopol) ýola çykypdyr.

Soltan Alp Arslan Roman Diogeniň herekete geçen döwürlerinde Halap ilindedi. Ol Halapdan Şama tarap ugrapdyr. Orta asyr taryhçysy Ibn Esir bolsa «Kamil taryh» kitabynda soltanyň bu habary Häzirbegjanyň Hoý şäherinde alandygyny ýazýar. Soltan weziri Nyzamylmülki ýanyna çagyryp goşmaça kömek ibermek barada Mara habar ýetirmegi buýrupdyr.

Soltan Alp Arslan Wizantiýa goşunynyň tabyny barlamak üçin Ahlat etrabyna barlag ýörişini geçiripdir. 1071-nji ýylyň Awgust aýynyň 24-inde seljuklaryň öňçi kuwwatlary Wizantiýanyň öňçi birliklerini dargadypdyr. Ýesir düşen serkerde Basilakesden wizantiýa goşunynyň ýagdaýy barada gymmatly maglumatlar alnypdyr.

Roman Diogeniň Malazgirtdäki türkmenleri gysaja salandygyny eşidip, Alp Arslan ol ýere tarap hereketini çaltlandyrypdyr. Beýle çalt ýörişe agyr goşunyň ählisi ukyply däldi. Şonuň üçinem soltan ýanyna iň çakgan, ekabyr, batyr ýigitlerini alyp, ýyldyrym çaltlygynda hereket edipdir. Ol goşunynyň esasy bölegini Şamy boýun egdirmek üçin ol

ýerde galdyryp gaýdypdyr. Alp Arslan seljuk goşunynda Togrul begiň döwründen bäri gulluk edýän, ýaşy bir çene baran esgerlere rugsat berip, öýlerine ýollapdyr, olaryň ýerine gujur-gaýratly ýaş esgerleri alypdyr. Elbetde, Wizantiýa imperatory bilen garşylaşanynda Alp Arslanyň esgeriniň sany 15 müňden köp bolmandyr. Bu ýigitlere soltanyň daşyny gallap duran Sawtegin, Aýtegin, Taraň beg, Afşin beg, Porsuk beg, Saltyk beg, Tugak beg, Danyşmend beg, Meňňijik beg, Göwheraýyn ýaly dogumly serkerdeler baştutanlyk edipdirler.

Az sanly atly goşun birlikleri duşman goşunynyň saplaryna darap, duýdansyz hüjümler edip, olary was-wasy ýagdaýa salypdyrlar.

Şol günüň ertesi, 1071-nji ýylyň Awgust aýynyň 26-sy güni iki goşunyň arasynda gazaply söweş bolupdyr. Bu söweş «Malazgirt söweşi» ady bilen taryha giripdir.

Soltan Alp Arslan başaryp bolsa Wizantiýa bilen boljak uly çaknyşygyň öňüni almaga çalşypdyr. Şu maksat bilen Bagdat halyfynyň ilçisi bilen bilelikde öz wekili Sawtegini imperatoryň ýanyna ýollapdyr. Ilçiler imperatoryň huzuryna soltan Alp Arslanyň iki döwletiň arasynda hemişelik parahatçylygy we dostlugy ýola goýmak baradaky teklibini ýetiripdirler. Imperator Roman Diogen IV ilçiniň parahatçylyk ylalaşygy baradaky habaryny eşidende «türkmenler menden gorkýar, şonuň üçin hem maňa parahatçylyk ylalaşygyny teklip edýär» diýip düşünipdir. Taryhçy Ibn Esiriň ýazmagyna görä, imperator soltanyň ilçilerine: «Ýaraşyk Reýde (Tähranyň golaýynda) baglaşylar» diýip jogap beripdir. Imperator: «Yspyhan oňatmy ýa-da Hemedan?» diýip, ilçilerden sorapdyr. Hemedanyň sowugrakdygyny eşidensoň: «Biz Yspyhanda, mallarymyz bolsa Hemedanda gyşlar» diýip ilçileriň üstünden gülmekçi bolupdyr

1071-nji ýylyň tomsynda Awgust aýynyň 26-synda, hepdäniň anna güni. Alp Arslan namazdan soňra ak eşiklerini geýipdir. Ata-babalarynyň däbine – türkmen töresine laýyklykda atynyň guýrugyny elleri bilen daňyp örüpdir. Okuny-ýaýyny goýup, eline gylyjyny we topuzyny alypdyr. Atyna atlanan soltan esgerlerine ýüzlenip: «Eý, esgerlerim! Eger şehit bolaýsam, bu ak lybasym meniň kepenim bolsun. Şol wagt meniň ruhum göklere çykar. Malik şany ýerime tagta çykaryň

we oňa tabyn boluň. Ýeňiş gazanaýsak, öňümizde köp haýyrly günler bolar». Ýene-de esgeriniň söweşjeň ruhuny galkyndyrmak üçin şeýle diýipdir:

«Biz näçe az bolsak bolaly, olar (wizantiýalylar) näçe köp bolsa bolsunlar, bütin musulmanlaryň metjitlerde biziň üçin doga edýan şu sagadynda özümi duşmana garşy söweşe oklaýaryn. Ýa üstünlik gazanyp, maksadyma ýeterin, ýa-da şehit bolup, jennete düşerin. Kim meniň bilen gitse, yzyma düşsün, yzyna dolanmagy rowa görenler yzyna dolansyn. Bu ýerde buýruk berýän soltan-da we tabyn bolan esger-de ýokdur. Alladan başga soltan ýokdur. Ähli buýruk onuň elindedir. Bu gün men edil siziň biriňiz ýaly söweşiji gazydyryn. Şonuň üçinem söweşmek üçin meniň bilen öňe gitmekde ýa-da aýrylyp, yza dolanmakda özbaşdaksyňyz».

Soltanyň bu sözleri esgerlerine örän ýiti täsir edipdir. Esgerleriň ählisi: «Alla şaýatdyr, emriňden aýrylmarys!» diýip gygyryşypdyrlar.

Türkmen goşunynyň söweşe taýýarlanýan pursatynda Wizantiýa goşunynda dini dabaralar geçirilipdir – poplar ellerindäki haçlary bilen esgerleri ruhlandyrmaga çalşypdyrlar. Gün öýleden aganson, iki goşun hem biri-biriniň garşysynda söweş nyzamyna düzülipdir. Wizantiýa goşunynyň merkezinde imperatoryň özi durupdyr.

Soltan Alp Arslan öz goşunyny dört bölege bölüpdir. Özi az mukdardaky atlylar bilen bilelikde merkezi bölege baştutanlyk edipdir. Goşunyň esasy bölegini tutýan iki bölegini – sag we çep ganatlaryny golaýdaky depeleriň aňyrsynda bukuda ýerleşdiripdir. Has uzagrakda ýerleşen dördünji zarba urujy bölüm bolsa duşman gabalyp, duzaga düşürelsoň ony çym-pytrak etmelidi. Okçularyň goldawy astynda türkmen goşunynyň merkezdäki zarba urujy bölegi Wizantiýa goşunyna tarap okdurylypdyr. Şeýlelikde, döwrüniň iň uly jeňleriniň biri, taryhda «Malazgirt meýdan söweşi» adyny alan söweş başlanypdyr

Alp Arslan Malazgirt söweşinde duşmanlaryna garşy türkmenleriň «Gurt oýny», «Ýarymaý» söweş tilsimlerini ulanypdyr. Goşunynyň az sanly öňçi kuwwatyny duşmanyň üstüne sürüpdir. Türkmenler pahna şekilinde bir zarbada duşman goşunynyň arasyna giripdirler. Soňam ýalandan ýeňilýän, gaçýan ýaly görnüş döredip, yza çekilipdirler. Bu yza

çekilmäni garşydaşynyň ýeňlişi hasap eden Wizantiýa goşuny olary kowalap, Alp Arslanyň öňden bukuda goýan güýçleriniň duzagyna düşüpdir. Seljuklaryň sag we çep ganatlaryndaky güýçleri ýarymaý şeklinde wizantiýa goşunynyň töweregine aýlanypdyr. Taraň begiň bukudaky güýçleri bolsa gabaw halkasyny has daraldyp, wizantiýalylaryň ýeňse tarapyndan hüjüme geçipdirler. Bukudaky seljuk goşuny Wizantiýa goşunyny çar tarapdan gysaja salyp, onuň üstüne umumy hüjüme geçipdir. Imperator Roman Diogen şol kowalap gidişine agşam ýakynlaşanda öz ýalňyşyna düşünipdir we esgerlerine yza çekilmäge buýruk beripdir.

Söweşiň gazaply gidýän pursatynda Wizantiýa goşunynyň sag we sol ganatlarynda ýerleşen Tamyş begiň baştutanlygyndaky uzlar we peçenegler seljuk türkmenleriniň tarapyna geçipdirler. Muny gören Wizantiýa goşunynyň arasyna dowul düşüp, bozguna ugrapdyr. Söweşiň jygba-jygly pursatynda Wizantiýa goşunynyň ýardamçy kuwwatlarynyň baştutany Andronikos Dukas imperatoryň ölendigini yglan edip, söweş meýdanyny taşlap gidipdir. Ermeni güýçleri hem uruşmagyny bes edipdir.

Soltan Alp Arslan bolsa söweşiň gidişini öz gözegçiliginde saklaýardy. Güýçlerini paýlap, olary gerekli ýerine ugradýardy. Özi hem gylyjyny syryp, söweşe girýärdi. Serkerdesi Aýtegin bolsa soltanyň öňünde başyny egip, oňa öz janyny goramagy towakga edipdir. Gün batýança söweşiň ykbaly çözülipdir. Wizantiýa goşuny agyr ýeňlişe sezewar bolupdyr. Ibn Esiriň ýazmagyna görä, söweş meýdany öldürilenleriň jesetlerinden dolupdyr. Imperator Roman Diogeni Şady atly türkmen ýigidi ýesir alypdyr.

Soltan Alp Arslan huzuryna getirilen ýesir imperator Roman Diogeni uly merhemet bilen garşylapdyr. Ondan näme üçin ilçi iberip, ýaraşyk baglaşmakçy bolanynda bu teklibi ret edendiginiň sebäbini sorapdyr. Imperator oňa: «Men kysmatyma kaýyl, maňa artykmaç azar berip durma-da, isläniňi et!» diýip jogap beripdir. Soltan ondan: «Eger men saňa ýesir düşen bolsam, näme ederdiň?» diýip sorapdyr. «Duşmana näme edilýän bolsa, şony ederdim, öldürerdim» diýip imperator jogap beripdir. Alp Arslan imperatora: «Men seni näder öýdýärsiň?» diýip

ýüzlenipdir. Imperator oňa: «Meni öldürersiň ýa-da ýeňşiňi ile ýaýmak üçin boýnuma zynjyr urup, musulman ülkelerine aýlarsyň. Üçünjisini aýtmaga bolsa dilimem baranok» diýipdir. Alp Arslan imperatora: «Aýt, kaýsar, çekinme. «Dile geldi, bile geldi» diýilýändir» diýipdir.

Roman Diogen Alp Arslana: «Meni tagtyma oturdarsyň, menden saňa dostluk galar, ýyllyk bergimi ödärin, saňa tabynlykda galaryn. Islän wagtyň atlylarym bilen sana kömege ýetişerin. Meni öldürmekden saňa ne peýda! Ýerime başga birini imperator goýarlar, o-da saňa duşman bolar» diýip jogap beripdir. Soltan Alp Arslan oňa: «Hawa, men hut şeýtmekçi bolýaryn!» diýipdir. Imperatoryň söweş mahalynda ulanan tagtyny öz tagtynyň gapdalynda goýup, ony tagtynda oturdypdyr. Iki hökümdaryň arasynda ýaraşyk barada ylalaşyk baglaşylyp, oňa laýyklykda imperator bir ýarym million dinar öweztölegini tölemelidi. Ol Beýik seljuk türkmen döwletine her ýylda 360 müň altyn dinar tölemäge borçlanypdyr. Wizantiýanyň çäklerinden ähli musulman ýesirler boşadylmalydy, zerur halatynda imperator soltana goşun ýollamalydy. Malazgirt, Urfa, Membiç, Ahlat, Antakýa etraplary seljuklaryň eline geçmelidi. Roman Diogen Alp Arslana bu şertleri ýurduna gaýdyp baryp, tagty eýeläninden soňra ýerine ýetirjekdigini duýdurypdyr.

Soltan Alp Arslan Roman Diogeni bir hepdeläp aýratyn çadyrda myhman alansoň, watanyna ugradypdyr. Ony ep-esli menzile çenli hut özi ýola salypdyr. Imperatora on müň dinar ýol harjyny hem beripdir. Ýanyna bir bölek esger goşup, ony serhede çenli ugratmagy tabşyrypdyr. Roman Diogen ýurduna baranda tagta täze geçen imperator Mihail tarapyndan tutulyp, gözleri oýulyp, zyndana taşlanypdyr. Beýik türkmen soltany Alp Arslan tarapyndan uly merhemet edilen Rum kaýsary öz ilinde gözgynylykda aradan çykypdyr.

### Türküstana ikinji ýöriş we Beýik Soltanynń pajygaly ölümi

Alp Arslan iki ýüz müň atly esgeri bilen Mawerannahra ugrapdyr. Soltan Alp Arslan Amyderýadan geçeninde derýanyň üstüne uly bir köpri gurdurypdyr. Soltan ähli goşuny bilen bu köprüden ýigrimi günde geçip bilipdir...

Alp Arslan Türkmen bu ýöriş döwründe Mawerannahrdaky Barzam galasynyň ýesir alynan serkerdesi Ýusup tarapyndan ähtiýalanlyk bilen, hanjarlanyp agyr ýaralanypdyr. Soltan 1072-nji ýylda 43 ýaşynda aradan çykypdyr

Ölmeziniň öň ýanynda ol özüniň Maryda – ata-babalarynyň ýanynda depin edilmegini hem-de Mälik şanyň soltan bolmalydygyny wesýet edipdir.

Ibn Esiriň maglumatlaryna görä, Alp Arslan 1072-nji ýylynyň Noyabr aýynyň 24-i wepat bolupdyr. Jesedi Merwe äkidilip, kakasy Çagry begiň ýanynda jaýlanypdyr. Alp Arslan Beýik Seljuk türkmenleriniň imperiýasyna dokuz ýyl alty aý hökümdarlyk edipdir.

## Mälik şa – Beýik Seljuk-türkmen döwletini iň ýokary galdyran soltandyr

Mälik şa Beýik Seljuk türkmen imperiýasynyň meşhur soltany Alp Arslanyň ogludyr. Ol 1055-njy ýylda, Awgust aýynyň 6-synda, hepdäniň dynçgüni dünýä inipdir. Onuň dünýä inen ýyly seljuk türkmenleriniň taryhynda ähmiýetli wakalaryň biri bolupdy.

Soltan Alp Arslan 1066-njy ýylda Beýik Seljuk türkmen döwletiniň neberebaşysy Seljuk begiň gubyryna zyýarata baryp gelýärkä, birnäçe ogullarynyň arasyndan Mälik şany tagt mirasdary diýip yglan ediş dabarasyny gurapdyr. Ibn Esir Alp Arslanyň Mälik şany tagt mirasdary diýip yglan edilini şeýle beýän edipdir: «Soltan 11 ýaşly ogly Mälik şany özüniň atyna mündirip, özi bolsa atyň uýanyny tutyp, öňünden bir näçe ädim ýöredi. Soňra hem Mälik şanyň özünden soňra Soltan bolmalydygy barada oňa atalyk ähdini (weliaht) berdi. Bütin Seljuk türkmen ilinde onuň adyna hutba okalmagyny emr berdi. Soňra seljuklaryň at-owazasynyň dolan ýerlerine çapar ýollap, olaryň emirleriniň Radýana gelmegini buýurdy. Seljuk türkmen kowmundan ýygnanan märekäniň öňünde Mälik şa lagly-jowahyrlar bilen bezelen tagta çykarylypdyr. Märeke geljekki soltana özüniň tabynlygyny

bildiripdir. Dabara soltanyň ogluna beren nesihat-pentleri bilen tamam bolupdyr».

Soltan Alp Arslan Abbasy halyfy al-Kaim Biemrillahyň hem Mälik şany mirasdüşer hökmünde ykrar etmegini gazanypdyr. Halyf öz wezirini Nyşapura ýollap, Mälik şa halat-serpaýlar ýollapdyr. Şeýlelikde, soltan Alp Arslan entek aýatda diri mahaly Mälik şanyň özünden soňra soltan bolmagy üçin ähli kepilnamalary edipdir.

Soltanlyk mirasy bagş edilen ýaşajyk şazada Mälik şa tagta geçýänçä Horezmde, Şirazda, Yspyhanda ýaşapdyr. Mälik şa kiçi ýaşda öýlendirilipdir. 1064-nji ýylda oňa Samarkandyň hökümdary Şems'ul Mülküň daýysy Isa hanyň gyzy Türkan hatyn nikalanyp berlipdir. Mälik şanyň beýleki aýalyna Zübeýda hatyn diýerdiler. Ol soltan Berkýarygyň ejesidir.

Tagta çykarylyş dabarasyndan soň 18 ýaşyndaky ýaş soltan töwerigindäkilere özüniň merhemetliligini görkezipdir. Goşunyň serkerdebaşylaryna 700 müň altyn dinary sahylyk bilen eçilipdir. Kakasy Alp Arslanyň jynazasyny Maryda okadyp, atasy Çagry begiň ýanynda jesedini ýere tabşyrypdyr

Soltan Alp Arslan özünden soň ägirt uly imperiýany ogluna miras galdyrypdy. Onuň çäkleri gündogarda Kaşgardan başlap günbatarda Egeý deňziniň kenarlaryna we Yssambyl aýlagyna, demirgazykda Hazar we Aral deňizleriniň aralygyndan başlap günortada Ýemenden Pars aýlagyna çenli giňelip gidýärdi.

Beýik Seljuk türkmen döwletiniň üçünji soltany Mälik şanyň 20 ýyllyk hökümdarlygyny döwürdeşleri «Seljuk neberesiniň bahary» atlandyrypdyrlar. Bu dogrudanam şeýledir. Mälik şa özüniň şöhratly ata-babalarynyň däbine eýerip, Beýik Seljuk türkmen döwletiniň serhetlerini barha giňeldipdir. Onuň daşarky we içerki duşmanlaryna garşy göreşipdir.

Mälik şanyň daşary syýasatdaky ilkinji ädimi onuň Garahanly türkmenleriň üstüne ýörişidir. Çünki olar Seljuklaryň Mawerannahrdaky häkimligini ykrar etmek islemeýärdiler. Alp Arslan hem Garahanlylaryň üstüne ýöriş eden mahaly öldürilipdi. Mälik şanyň ýaşlygyndan peýdalanyp, Garahanlylaryň günbatar golunyň hökümdary,

Samarkandyň häkimi Nasyr II Termez we Balh şäherlerini özüne tabyn edipdir.

Gaznaly türkmenleri hem Alp Arslanyň ölüminden peýdalanyp, Seljuklaryň tabynlygyndan çykmak isläpdirler. Olar Alp Arslanyň dogany Osmanyň garamagyndaky Çigilkent şäherine hüjüm edip, Osmany ýesir alyp, Gazna äkidipdirler.

Mälik şanyň döwründe Beýik Seljuk türkmen döwletiniň nähili ýokary derejä ýetendigine göz ýetirmek üçin onuň hökümdarlyk döwründäki esasy wakalara nazar aýlamagymyz zerur!

**Gurt begiň gozgalaňy.**Kermanyň mäligi Gurt birnäçe sapar Alp Arslana garşy gozgalaňlar turzupdyr. Ählisinde-de ýeňilipdir. Ant içip, awy ýalap, ötünç sorapdyr. Merhemetli soltan her gezegem onuň günäsini geçipdir. Alp Arslanyň ölmeginiň öň ýanyndaky wesýetinde Gurda Kermany we Parsy berýandigini aýdypdyr. Gurduň Şirazda oturmagyny hem-de geljekde golastyndaky ülkeler bilen soltan Mälik şanyň gözegçiliginde bolmagyny isläpdir.

Ol Alp Arslanyň Beýik Seljuk tagtyna geçen ogly Mälik şany ykrar etmändir. Ol 18 ýaşly Mälik şany tejlibesiz saýyp, döwletiniň tagtyny özi eýelemek üçin herekete geçipdir.. Emma Gurt Mälik şa ýazan hatynda: « Alp Arslanyň mirasyna men laýykdyryn» diýipdir. Mälik şa bolmajagyny bilensoň : «Ogul barka, dogan mirasdar bolmaz!» diýip, Gurda güýç bilen göz görkezmegiň çäresini agtarypdyr.

Mälik şa serkerdesi Sawteginiň ýolbaşçylygynda goşunyň öňçi bölegini Gurduň garşysyna ýollapdyr. Iki tarapyň arasyndaky esasy söweş Hemedanyň golaýyndaky Kerej sebitinde 1073-nji ýylyň Maý aýynyň 16-synda bolupdyr. Söweşe ilki başlan Gurt Mälik şanyň goşunynyň Sawteginiň serkerdeligindäki sag ganatyna zarba urup, olary yza çekilmäge mejbur edipdir. Emma sol ganada serkerdelik edýän Demireliň hüjümi söweşiň ykbalyny çözüpdir. Esgerleriniň darganyny görensoň, Gurda Hemedan daglaryna çekilmekden başga alaç galmandyr.

Demirel Gurdy tutup, Mälik şanyň ýanyna getiripdir. Gurt Mälik şanyň aýagyna ýykylyp, günäsiniň geçilmegini sorapdyr. Ondan

gowulygyň çykmajakdygyny aňan soltan ony emir Sawtegine tabşyrypdyr. Birnäçe wagt tussaglykda saklansoň, Mälik şa weziri Nyzamylmülküň gepine gidip, Gurdy öldürmek barada perman beripdir. Gurduň goşunynyň gozgalaň turuzmagyndan ätiýaç edilip, onuň ýüzügindäki zäheri içip ölendigi baradaky habar ile äşgär edilipdir. Mälik şa Kerman welaýatyny özüne bagly bolmak şerti bilen Gurduň neberesine galdyrypdyr.

Mälik şa Gurt begiň gozgalaňyny basyp ýatyrmakda aýratyn hyzmaty üçin weziri Nyzamylmülke atabeg unwanyny hem-de onuň dogduk şäheri bolan Tusy ykta hökmünde beripdir.

Mälik şa hökümdarlygynyň ilkinji ýylynda Gurduň gozgalaňyny basyp ýatyrypdy.

**Mawerannahr sapary.** Döwletiň gündogar serhetleriniň asuda bolmazlygy Mälik şany ynjalykdan gaçyrýardy. Garahanly we Gaznaly türkmenleri Seljuklaryň gündogardaky mülklerine elmydama howp salýardylar. Bu howpuň öňüni almak maksady bilen Mälik şa 1073-nji ýylda Jeýhunyň aňyrsyna ýörişe ugrapdyr. Emir Sawteginiň öňçi kuwwatlaryny Samarkantdan geljek kömegiň öňüni kesmek üçin yollapdyr. Özi bolsa Termeze tarap yönelipdir. Kömek gelip ýetişmänsoň Termez boýun egipdir. Seljuk soltany şäheriň häkimini (Ol Samarkandyň häkiminiň inisidi) jezalandyrman, azatlyga goýberipdir. Soltanyň esasy maksady Samarkandyň hany Şems’ul-Mülk Nasyr II bilen haklaşmakdy. Seljuk goşunlarynyň Samarkandyň töwereginde görünmegi Şems’ul-Mülki gaýga goýupdyr. Ol özüniň eden ýalňyşyna düşünip, ötünç sorap, tabynlygyny bildiripdir. Mälik şa onuň günäsini geçip, ýerinde oturdypdyr. Ýolugruna Balha we Toharystana gelip, ol ýerleri inisi Şyhabüddöwle Tekeşe berensoň, özi Reýe dolanypdyr.

Mälik şanyň Mawerannahr sapary diňe bir Garahanlylaryň däl, eýsem Gaznaly türkmenleriniň döwletiniň üstüne hem guralan ýörişdir. Gaznaly soltany Ybraýym söweş bolmagyny islemändir. Şonuň üçin ol şeýle hilä ýüz urupdyr. Ol psihologik uruş meýilnamasyny işläp düzüpdir. Özüniň jansyzlarynyň (çawuş) üsti bilen, hamala Seljuk serkerdeleriniň özi bilen hyzmatdaşlyk edýändigini tassyklaýan ýasama hatlaryny Mälik şanyň eline düşer ýaly edipdir. Mälik şa dogrudanam

özüniň serkerdeleri Gaznalylaryň tarapyna geçendir öýdüp, söweşden ýüz öwrüpdir we Yspyhana dolanypdyr. Soltan Ybraýym bolsa Mälik şanyñ kakasynyñ dogany Osmany ýesirlikden boşadypdyr.

## Siriýada Seljuk hökümdarlygynyň berkarar edilmegi

Beýik seljuk soltany Alp Arslan öz döwründe Anadoly bilen birlikde Siriýanyň eýelenmegine hem uly ähmiýet beripdi. Onuň serkerdelerinden Atsyz beg Siriýanyň fatimileriň golastynda bolan Remle we Küdüs welaýatlaryny birnäçe gezek gabapdy. Netijede, 1076-njy ýylyň Mart aýynda Damask Atsyza tabyn bolupdyr. Beýleki bir türkmen begi Şöklü beg bolsa Akkany ele geçiripdir.

Siriýa topraklaryny öz golastyna geçiren we seljuk soltanynyň «Mäliklik» unwanynyň eýesi bolan Atsyz beg Müsüri fatimileriň elinden almak üçin ýöriş gurapdyr. Emma ol Kairiň golaýyndaky çaknyşykda fatimilerden ýeňlipdir. Bu waka hakynda habar Mälik şa ýetirilende, Atsyz begiň bu söweşde ölendigi barada ýalňyş maglumat hem berlipdir. Soltan Mälik şa tizden-tiz öz dogany Tutuşa Siriýa topraklaryny ykta edip beripdir. Bu hadysa 1077-1078-nji ýyllarda bolup geçipdir. Emma Atsyz begiň sag-aman gezip ýörenligi belli bolupdyr. Ol Damasky gabaýan fatimilere garşy göreşmek üçin Tutuşy kömege çagyrypdyr. 1079-njy ýylda Atsyz begiň aradan çykmagy bilen onuň häkimligindäki şäherler Tutuşyň golastyna geçipdir. Tutuş soňra Ierusalim şäherini (Küdüs) ele geçiripdir. Şeýlelik bilen, paýtagty Dymaşk şäheri bolan seljuk türkmenleriniň Şamdaky döwleti gurlupdyr.

Soltan Alp Arslan öz döwründe türkmen begi Artygy Anadolyny eýelemäge borçlandyrypdy.

Mälik şa soltan bolansoň Artyk begi Anadoludan alyp, Hulwana (Lurystana) ýollapdyr.Artyk begiň 1077-nji ýylyň başyndaky saparynyň netijesinde Arabystan ýarymadasynyň gündogar bölegi Beýik Seljuk türkmen imperiýasynyň düzümine giripdir.

## Anadoludaky ýeňişler

Malazgirt söweşi dogabitdi söweşjeň häsiýetlerine eýe bolan türkmenler bilen uruşmagyň peýdaly däldigini wizantiýalylara

görkezenem bolsa, entek olaryň dişinde et galypdy. Wizantiýa tagtyna geçen Mihail Malazgirtde türkmenlerden ýeňlenine ahmyr edip, aňyrsyna çykyp bilenokdy. Niýeti ýitginiň öwezini dolmakdy. Bu maksat bilen ol «Ölmezler» atly ýörite ýygyny dörediрdir.. Esasy wezipe türkmenleri Anadoludan yzyna atmakdy...

Emma köşkde biçilen meýilnamalr elmydama hakykata öwrülüberýämi näme?! Kaýsarynyň golaýynda bolan söweşde «Ölmezleriň» köpüsi öldi.

Seljuk türkmenleriniň Anadoludaky ilerlemeleri bu ýeriň ýerli ilaty tarapyndan hoşallyk bilen garşylapdyr.

Şeýdibem, türkmenler özleriniň täze baran ýurtlarynda özlerini basybalyjy hökmünde däl-de, halas ediji hökmünde alyp barmagy başardylar.Çünki Balhyň hem-de Toharystanyň häkimi bolan, özem Mälik şanyň dogany bolan Tekeşiň gozgalaňlary döwletiň içindäki asudalygy bozýardy. Tekeş Merwerudy (häzirki Tagtabazar etrabyndaky Marçak obasy), Şahjany, Termezi basyp alypdy. Oňarsa Nyşapury-da ele geçirjekdi. Tumşugyna kakaýmasa inisiniň gaty gitjekdigini aňan soltan onuň üstüne ýöriş guramaga mejbur bolupdyr. Tekeş Termeze çekilip, agasyndan ötünç sorap, janyny gutarypdyr. Emma Mälik şanyň Mosulda bolmagyndan peýdalanyp, Merweruddan Sarahsa çenli aralygy gaýtadan ele geçiripdir. Muny duýan Mälik şa Horasana tarap ýörişe ugrapdyr. Tekeş Sarahsdan Termeze çekilipdir. Mosuldan Termeze üç aýda baran soltan inisini tutup, tussag astyna alypdyr. Ýerine onuň ogly Ahmedi häkimlige belläpdir.

## Mälik şanyň Siriýa ýörişi

Gutulmyşogly Süleýman şa 1082-1083-nji ýyllarda wizantiýalylaryň elinde bolan Adanany, Tarsusy, Misisi, Anazarbany we şu töwerekde ýerleşýän ýerleri zabt edipdir. 1084-nji ýylyň aýagynda wizantiýalylaryň Siriýadaky esasy we soňky daýanjy hasaplanýan Antakýa galasyny ele geçiripdir. Süleýman şa ähli türkmen serkerdeleri ýaly şäheriň halkynyň günäsini geçipdir. Ýesirleri boşadyp, milletiň malyna el gatmandyr. Süleýman şa Antakýa bagly bolan Antep, Artah, Bagras, Iskenderun,

Süweýdiýe we beýleki galalary yzly-yzyna alypdyr. Süleýman şa Halap şäherini gabaýan mahaly Siriýadaky seljuk mäligi, Mälik şanyň dogany Tutuş tarapyndan öldürilipdir.Bu bolsa soltanyň ganyny gyzdyrypdyr. Ol 1086-njy ýylyň Sentýabr aýynda Yspyhandan Siriýa ýörişe ugrapdyr. Ortaýer deňzine çykypdyr.

### Türküstana ikinji ýörişi

Döwletiniň gündogar serhetlerinden gelýän habarlar Mälik şany ynjalykdan gaçyrýardy. Mawerannahrda we Türküstanda hökümdarlyk edýän Garahanly türkmenleriniň döwleti bilen Mälik şanyň garyndaşlyk gatnaşygy bardy. Onuň aýaly Türkan hatyn Garahan hökümdarlarynyň neberesindendi. Ybraýym Tamgaç hanyň gyzy bolan Türkan hatyn Mälik şanyň ikinji aýaly bolup, oňa Jelaliýe hatyn hem diýlipdir. Türkan hatynyň ýegeni bolan Garahanly hökümdary Hydyr hanyň ölüminden soňra ýerine ogly Ahmet han geçipdir. Hökümdar hökmünde tejribesizligi onuň halk köpçüligi bilen arasynyň ýaramazlaşmagyna getiripdir. Ynjan halk Beýik Seljuk soltany Mälik şa ýüz tutupdyr. Bu wakalar Mälik şanyň Türküstana ikinji ýörişini guramagyna sebäp bolupdyr. Tiz wagtda Buhara seljuklaryň eline geçipdir. 1088-nji ýylyň Iýul aýynda Mälik şa Samarkanda baryp, Ahmet şany gabaw astyna alypdyr. Söweş netijesinde Samarkandy ele geçiren Mälik şa Ahmet şany tutup,Yspyhana iberipdir. Şundan soň Mälik şa ýörişini Kaşgara tarap dowam etdiripdir. Garahanly türkmenleriň döwletiniň hökümdary Özkent şäherinde Mälik şanyň öňünden çykyp, oňa tabyndygyny bildiripdir. Hutbada we teňňelerde onuň adyny agzajakdygyna söz beripdir. Şundan soň Mälik şa yzyna – Horasana dolanypdyr.

Çigil kabylasynyň gozgalaň turzandygy baradaky habar Mälik şany atynyň jylawuny gaýtadan Türküstana öwürmäge mejbur edipdir. Gozgalaňçylary goldan Kaşgaryň hanynyň ýegeni Ýakup Tegin Mälik şanyň gelýändigini eşidip, Ferganadan çykyp gaçypdyr. Samarkandy ikinji sapar ele geçiren Mälik şa Ýakup Tegini sypdyrmandyr. Kaşgaryň hany ony tutup, Mälik şa beripdir. Şeýlelikde Beýik Seljuk soltany Mälik şa Türküstan hanlaryny özüne boýun egdiripdir. Şeýlelikde, Beýik Seljuk türkmen imperiýasynyň serhetleri Çyn-Maçyna çenli uzapdyr.

**Mälik şa we Nyzamylmülk.** Mälik şa hakda gürrüň edenimizde onuň weziri Nyzamylmülk(1017-1092 ýý.) barada agzalmagy zerurdyr. Dünýä belli «Syýasatnama» kitabyny ýazan, Beýik Seljuk türkmen döwletiniň döwlet işgäri, alym Nyzamylmülk (Onuñ hakyky ady Abuali Hasan ibn Ishak bolup, Nyzamylmülk bolsa onuñ döwlet derejesindäki lakamydyr ) beýik soltanlar Alp Arslanyň hem-de onuň ogly Mälik şanyň weziri hem-de ýakyn geňeşdary bolupdyr. Ol ömrünin 30 ýylyny agzalan türkmen soltanlaryna hyzmat etmek bilen geçiripdir. Kaşgardan Palestina çenli aralyga ýaýran bu döwletde düzgün-nyzamy ýola goýmakda, abadançylygy gazanmakda bitiren hyzmatlary göz öňünde tutulyp, oňa «Nyzamylmülk» ady berlipdir.

Mälik şanyň döwründe Nyzamylmülküň döwletdäki syýasy abraýy has-da güýçlenipdir. Ibn'ul-Esiriň maglumatlaryna görä, Mälik şa soltanlygynyň başynda Nyzamylmülke döwletiň uly-kiçi ähli işleriniň ýöredilmegini ynanypdyr. Birnäçe şäherleri, şol sanda onuň dogduk şäheri bolan Tusy ykta hökmünde beripdir. Halat geýdirip, «atabeg» («emir'ul-walid») derejesini beripdir.

Nyzamylmülk özüniň gurduran medreselerine, saldyran köprülerine, kerwen ýollaryndaky rabatlara we binalaryň gapysyna Mälik şanyň adyny ýazdyrypdyr. Daşlary oýdurup, olara soltanyň adyny goýdurypdyr. Birnäçe binalary saldyran, alymlara we pukara adamlara hemaýatkärlik edendigine garamazdan, duşmanlary ony soltana şugullap, nähak töhmet garasyny sürtüpdirler. Şugulçylaryň sözlerine ynanan Mälik şa Nyzamylmülke: «Näme üçin döwletiň mallaryny biderek ýerlere harçlaýarsyň?!» diýip azar beripdir. Nyzamylmülk soltana şeýle jogap beripdir: «Eý dünýäniň patyşasy! Seniň üçin bir bölek esger taýynladym. Olar gündiz seniň öňüňde durup, duşmany uzaklaşdyrarlar. Ýene bir bölek esgeri gije üçin taýynladym, olar sen ukudakaň aýak üstünde sak durup, seni gorar hem-de doga ederler. Eger isleseň, bu binalar üçin harçlan baýlygymy saňa bereýin, gapylaryndan adyňy öçürdüp, öz adymy ýazdyraýyn. Şeýdibem kyýamata çenli haýyr işleri ediji hökmünde ýatlanaýyn». Mälik şa bu sözleri eşidip: «Walla, men haýyr-sahawat üçin gurlan binalardan öz adymyň ýok edilmegini

islemeýärin, gaýtam kyýamata çenli ýagşylykda ýatlanmagymy isleýärin» diýipdir.

Nyzamylmülk Beýik Seljuk türkmen döwletinde merkezi häkimiýeti güýçlendirmäge üns beripdir. «Seljuknamada» aýdylyşyna görä, «bir gezek Mälik şa Jeýhundan geçip, Mawerannahra barýarka Nyzamylmülk gämiçileriň on müň dinar kireý hakyny Antakýanyň amilinden (bergileriň ýygnalyşyna jogapkär adam, şäher häkimi manysynda hem gelýär – J.H) almagy buýrupdyr. Gämiçiler gidip, öz hakyny Antakýanyň häkiminden alypdyrlar. Soltanyň gullarynyň egin-eşikleri üçin pullary Wizantiýa imperatorlugyndan alsyn diýip emr edipdir. Şol puly almak üçin bir adam ýörüte Mawerannahrdan Konstantinopola (Yssambyla) gitmeli bolupdyr.

Nyzamylmülkden: «Ýanyňda puluň bolsa-da, düýn gämiçileriň kireý hakyny Antakýadan, bu gün bolsa egin-eşikleriň puluny Yssambyldan almaga emr etmegiň sebäbi nämedir?» diýip sorapdyrlar. Nyzamylmülk: «Myradym hyzmatynda bolan soltanymyň haýbatyny görkezmek we beýikligini ýaýmakdyr. Hiç bir soltan hem şu derejä yetip bilmedi we olaryň hijisine şunuň ýaly soltanlyk miýesser etmedi. Mälik şanyň şu beýikligi illerde meşhur bolup, taryhda zikr edilsin!» diýip jogap beripdir».

Duşmanlary Nyzamylmülküň ömrüniň soňky ýyllarynda soltan Mälik şa bilen arasyna sowuklyk salmagy başarypdyrlar. Döwrüniň meşhur weziri Nyzamylmülk 1092-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 14-inde (şol gün remezan aýynyň 10-y eken) Yspyhanyň golaýynda batini mezhebinden bolan bir jansyz tarapyndan pyçaklanyp öldürilipdir. Nyzamylmülküň ölümi barada birnäçe maglumatlar bar. Orta asyr taryhçysy Ibn’ul-Esir özüniň «Al-Kamil Fi’t-Tarih» kitabynda şeýle maglumatlary getirýär: «Nyzamylmülküň agtygy Osman bin Jemal’ül-mülk Merwiň häkimligine taýyn edilipdir. Soltan Mälik şa hen özüniň ynamdar gulamlaryndan biri bolan Kodany Merwe şihne edip ýollapdyr. Kodan bilen Osmanyň arasynda bir meselede ylalaşmazlyk we jedel ýüze çykypdyr. Jahyl ýaşda bolan, eýeleýän wezipesine hem-de atasynyň abraýyna buýsanýan Osman şihnäni tutduryp, masgara edip, tussag etdiripdir. Osman özüni boşadandan soň, kömek isläp hem-de arzyny

aytmak üçin göni Soltanyň ýanyna gidipdir. Soltan Mälik şa Täjüdöwle we Mejdülmülk al-Balasani ýaly döwlet adamlaryndan Nyzamylmülke şeýle mazmundaky haty iberipdir: «Eger sen soltanlygyma şärikdirin, mülküňe şärikdirin diýýän bolsaň onuň hökümi we düzgüni bardyr, eger sen meniň naýybym we meniň emrimde bolsaň, naýyplyk şertlerine uýmalysyň. Ogullaryňdan her biri döwletimiň bir bölegini eýeläp, bir welaýatyň häkimi boldy. Muňa-da kanagat etmän, döwletiň işlerine garyşdylar we düzgüni bozmaga başladylar.»

Soltan hatynda Nyzamylmülke: «Sen meniň döwletimi we ýurdumy tutuş eýelediň; öwlatlaryňa we giýewleriňe berdiň. Olar hem meniň adamlarymy hormatlamaýar, halka zulum edýär, senem olary aklyna aýlap bileňok. Meniň döwet-galamyňy eliňden almaga, başyňdan selläňi sypyrmaga we halky zulmuňyzdan gutarmaga güýjüm ýeter» diýipdir.

Mälik şanyň iberen wekilleri Nyzamylmülküň ýanyna gelip, oňa Soltanyň hatyny gowşurypdyrlar. Wezir olara soltanyň häkimiýete gelmeginde özüniň nähili täsiriniň bolandygyny ýatlatmagy tabşyryp, oňa şu zatlary aýtmagy sargapdyr: «Başyndaky ol täjiň bardygy bu döwete baglydyr. Bu ikisiniň işbirligi we ylalaşygy islenen her bir zadyň açarydyr we dürli ganymatyň sebäbidir. Bu döwetiň gapagyny ýapsam, onuň täji hem ýok bolar. Eger bir üýtgeşik zada karar beren bolsa-da, üýtgeşik waka bolmazdan, degişli çäreleri görsün. Gapyny kakmazdan öň başyna geljek zatlar barada oýlansyn we dykgatly bolsun. Soltana meniň diýenlerimden islänleriňizi aýdyň. Çünki onuň haýbat atmasy we gynamasy meni örän gynady we horlady» diýipdir.

Ibn’ul-Esir soňraky bolan wakalary şeýle suratlandyrýar: «Wekiller Nyzamylmülküň ýanyndan çykansoň, bu ýerde bolan gürrüňleri soltandan gizlemäge karar berdiler. Ýöne, olaryňarasynda soltanyň ynanýan iň ýakyn adamy emir Ýelberdi bardy. Soltan oňa: «Olar näçe gizlese-de, sen Nyzamylmülküň näme aýdanyny ýetirersiň!» diýip sargapdy. Ýelberdi hem gije bolan zanlary soltanyň dykgatyna ýetiripdir. Ertesi gün irden beýleki wekiller hem soltanyň huzuryna gelipdirler. Olar, öňden gepleşişi ýaly, Nyzamylmülküň ötünç sorandygyny, soltana tabynlygyny bildirendigini aýdypdyr. Olar Nyzamylmülküň geçmişdäki hyzmatyny göz öňünde tutup, günäsini

geçmegi haýyş etdiler. Emma Nyzamylmülk öldürilip, bu işiň soňuna nokat goýuldy. Öz weziriniň ölüminden 35 gün geçensoň, Mälik şanyň özem bakyýete sary rowana boldy».

Döwrüniň çeşmeleri Nyzamylmülküň ölümi barada ýene-de iki sany garaýyşy öňe sürýär. Olaryň birine görä, Mälik şa halyf al-Muktediniň ýerine özüne gulak asýan birini Bagdada halyf edip taýynlamak isläpdir. Mälik şanyň bu pikiirini eşiden Nyzamylmülk : «Bu pikiriň ýalňyşdyr, bu iş gabahatdyr. Akyl we şerigat taýdan muňa rugsat ýokdur, bu işden çekinmek gerek» diýipdir. Şundan soň soltan Täjülmülk bilen gürleşipdir. Ol soltanyň bu islegini goldapdyr hem-de bu işe garşy çykan weziri ýok etmegi teklip edipdir.

Ibn'ul-Esir Nyzamylmülküň öldürilmeginiň sebäpleriniň arasynda şuny hem agzaýar : «Mälik şanyň aýaly Türkan hatyn ogly Mahmydy özünden soňra tagt mirasdary etmegini isleýärdi. Mälik şa bu işi Nyzamylmülk bilen maslahatlaşanda, weziri bu işi makul görmändir. «Uly ogluň barka bir arwat (aýal) bilen bir kiçijik çagany musulmanlara soltan etseň, ertir Alla nä ýüzüň bilen gowşarsyň?!» diýipdir. Bu sözleri eşiden Türkan hatynyň gahary gelipdir. Mälik şa we Täjülmülk Nyzamylmülki öldürmek barada ylalaşypdyrlar».

Nyzamylmülküň ölüminde Mälik şanyň eliniň ýokdugyny, Mälik şanyň batyniler tarapyndan öldürilen weziriniň ölümine gynanandygyny, Mälik şanyň özüniň hem Nyzamylmülküň ölüminden bir aý soňra batyniler tarapyndan öldürilendigini bellemelidiris.

Nyzamylmülküň Beýik Seljuk türkmen döwletini dolandyrmakdaky hyzmatlary kiçi-girim däldir. Emma onuň bu döwleti döredijileriň türkmenlerdigine garamazdan Nyzamylmülküň olara kembaha garandygyna, olary äsgermezlik edendigine «Syýasatnama» eseri hem şaýatlyk edýär. Onda döwletiň esasy sütüniniň türkmenlerdigi düýbünden agzalmaýar. «Syýasatnamanyň» 26-njy babynda ol türkmenleri diňe köşk gulamlary hökmünde saklamak barada şeýle ýazýar: «Türkmenler ýürekgysgynç, köp sanly bolsalaram, olaryň bu ýurtda uly hukuklary bardyr, sebäbi ýurt berkarar edilip ugranynda olar bimöçber hyzmat görkezendirler, horlukdyr jepalar çekendirler. Onsoňam olar biziň gandüşer hossarlarymyzdyr. Şonuň üçin olaryň

ogullaryndan müň sanysyny atma-at sanawa girizip, köşgüň ulamlary edip saklamak gerekdir».

Nyzamylmülküň türkmenlere kembaha garandygyny onuň aşaky jümlelerinden hem görünýär: «Olar gullukda ýeterlik wagt bolanlaryndan soň, ýarag tälimini, gullugy ele alarlar, adamlar bilen ysnyşarlar, raýata öwrülip, gulam bolup hyzmat ederler, onsoň olaryň tebigatyndaky *wagşyýanalyk* (tapawutlandyrma biziňki — J.H) dep bolar». Nyzamylmülk gulam gullugyny türkmenleriň bu ýurtda kemsinmezligi üçin serişdedigini nygtapdyr.

**Mälik şanyň şahsyýeti**

Maglumatlara görä Mälik şa orta boýly, giň omuzly, daýanykly, biraz garyn salan sakgally adam bolupdyr. Ol her hili ýaragy ussatlyk bilen ulanmagy başarypdyr. Atan oky nyşandan sowa geçmändir. Mälik şa aw awlamagy örän halapdyr.

Soltan Mälik şa öz döwrüniň meşhur serkerdesidi. Onuň hut özi ençeme gezek esgerlerini söweşe alyp gidipdir. Hiç haçan ýeňilmedigi üçin oňa «Abul Fath», ýagny «Ýeňiji» lakamy berlipdir. Soltan «Jelaleddin» lakamynyň, «Sultan'ul-alem», «Sultanu'l a'zam», «as-sultan'ul-Muazzam» ýaly şöhratly unwanlaryň eýesidi.

Soltan Mälik şanyň ölümi barada şübheli maglumatlar bar. Olaryň birinde soltanyň aw etini iýenden soň, garahassalyk keseline uçrap, aradan çykandygy aýdylýar. Ibn Esir soltanyň 1092-nji ýylynyň Noyabr aýynyň 18-inden 19-yna geçilýän gijesi ýogalandygyny ýazýar. Ibn Esiriň maglumatlaryna görä, «beýik türkmen soltany ýogalanda onuň 37 ýaşy bardy. Ol on dokuz ýyl we alty aý soltanlyk etdi».

Ermeni taryhçysy Urfaly Mateos şeýle ýazýar: «1092-nji ýylda hemmäniň howandary we bütin ynsanlara garşy merhemet eýesi bolan beýik soltan Mälik şa öldi. Ol Bagdat şäherinde, Samarkant häkiminiň gyzy bolan aýaly tarapyndan haýynlyk bilen öldürildi. Ol bu muhterem kişä zäher içirip, onuň çaýyna guýdy». Abul-Faraj bolsa: «Soltan garahassalyk keselinden ýogaldy. Aýtmaklaryna görä, Hurdik atly guly oňa zaher içiripdir» diýip ýazýar. Mälik şa Yspyhanda jaýlanypdyr.

Wizantiýa imperatorlygy her ýylda Mälik şaha 1mln. dinar salgyt tölemäge borçlanypdy.

Soltan Mälik şanyň döwründe Beýik Seljuk türkmen imperiýasy ykdysady ösüşiniň ýokary derejesine galypdyr. Ülkäniň çar ýanynda kerwenler gatnapdyr. Hamdallah Kazwininiň «Risaleý'i Mälik şah» eserinde beýan etmegine görä, onuň döwründe diňe merkezi welaýatlaryň döwlet gaznasyna töleýän salgydy 200 mln altyn dinara ýetipdir. Taryhçy Ibn'ul-Jewziniň maglumatlaryndan çen tutanymyzda köşk gaznasynyň býujeti bolsa 20 mln dinara barabar bolupdyr. Ýeri gelende ýatlasak, bu zatlaryň özi Beýik Seljuk türkmen döwletiniň ykdysady gurbunyň ýokary bolandygyny görkezýär. Şeýle gurply döwletiň soltany bolansoň Mälik şa onuň dürli künjeginde metjit-medreseleri, köşkleri, kitaphanalary, kerwensaraýlary, kerwen ýollarynyň ugrundaky düşlegleri, galadyr şäherleri gurduryp bilipdir.

Beýik soltan Mälik şa Mekgä gidýän haj ýoluna uly ähmiýet beripdir. Mekgä we Medinä barýan ýollar ýörite düşleg menzillerini, myhmanhanalary gurdurypdyr. Haja barýan musulmanlaryň suwsuzlykdan kösenmezligi üçin guýular, çeşmeler, howuzlar gazdyrypdyr. Käbä zyýarata gidýän musulmanlaryň Mekge çölünde oturanlara mejbury tölemeli salgydyny ýatyrdypdyr.

Orta asyr taryhçysy Ymadetdin Yspyhanynyň ýazmagyna görä Mälik şa suwaryş ulgamlarynyň dikeldilmegi, kanallaryň gazylmagy, bentleriň, köprüleriň, gala diwarlarynyň gurluşygy üçin ummasyz serişdeleri harçlapdyr. Mälik şa Merw şäheriniň abadançylyna aýratyn ähmiýet beripdir. Bu barada taryhçy Ö.Gündogdyýew özüniň «Beýik Seljuk türkmen imperiýasynyň soltanlary» diýen tutumly makalasynda şeýle ýazýar: «Soltanyň emri bilen Merw jülgesiniň daşyna 12300 ädim uzynlygyndaky gorag diwarlary aýlanypdyr, 100 müň adamyň güýji bilen Murgabyň suwaryş ulgamy ýarym ýylyň dowamynda doly dikeldildi».

Mälik şanyň döwründe senetçilik şäher durmuşunyň aýrylmaz bölegine öwrülipdir. Dokmaçylyk, demirçilik, deri işläp bejermek ussahanalarynda şol döwrüň ýokary hilli önümleri öndürilýärdi. Kagyz, aýna işläp bejermek giň ýaýrapdy. Merwde dokalýan nah, ýüň we ýüpek matalarynyň şöhraty bütin yslam älemine dolupdyr.

Soltan Mälik şa goşuny gaýtadan üýtgedip gurupdyr. Goşun üç bölege bölünipdir. Esgerlere we goşunbaşylara aýlyk haky bellenipdir. Çeşmeleriň habar bermegine görä, Mälik şanyň döwründe döwletiň goşunynyň 400 müň esgere ýetip, şonuň 46 müňüsi merkezi döwlet goşunynda gulluk edipdir.

Mälik şa döwletiniň çägindäki musulman ilatynyň kemsidilmegini gadagan edipdir. Orta asyr awtory Matfeý Edesskiý onuň ermeni ruhanylaryna salnan agyr sagytlaryny ýatyrandygyny ýazýar.

## Mälik şa – ylmyň howandary

Seljuk türkmen imperiýasy ylym dünýäsinde uly yz galdyran döwletdir. Seljuk soltanlarynyň ählisi döwletiň gülläp ösmeginiň ylma we bilime baglydygyna oňat düşünipdirler. Ylym-bilim belli bir ulgama tabyn edilip döwlet syýasatynyň esasy ugruna öwrülipdir. Meşhur wezir Nyzamylmülküň ady bilen baglanşykly Nyzamiýe medreseleri yslam äleminde abraýly okuw jaýlaryna öwrülipdir. Nyşapurda, Balhda, Hyratda, Basrada, Tusda, Amulda Nyzamiýe medreseleri hereket edipdir. Bagdat nyzamiýesiniň okuw maksatnamanalary we dersleri soňra nusga edinilip, Osmanly türkmenleriniň guran imperiýasynyň okuw jaýlarynda ýüzlerçe ýyllap ulanylypdyr. Dini bilimler bilen bilelikde dil bilimi, astronomiýa, hasabyýet ýaly ylymlar hem öwredilýän Bagdat Nyzamiýesini ýer ýüzüniň ilkinji uniwersiteti hasaplamak bolar.

Mälik şa ylym adamlaryna hemaýatkärlik edipdir. 1074-1075-nji ýyllarda onuň hemaýaty bilen obserwatoriýa gurlupdyr. Onda Omar Haýýam, Ebul Muzaffar Isfizary, Mamun bin Nejip al-Wasiti ýaly alymlar işläpdir. Olar ýylnama özgertmesini geçiripdirler we täze düzem ýylnamasyny Mälik şanyň hormatyna «Jelaly ýylnamasy» diýip atlandyrypdyrlar. Ol häzir dünýä ýüzünde ulanylýan milady (Grigorian) ýylnamasyndan hem takykdyr.

Bu ýylnamanyň başlanýan wagty hijriniň 471-nji ýylynyň remezan aýynyň 9-yna, miladynyň bolsa 1079-njy ýylynyň Mart aýynyň 15-ine gabat gelýär. Ol her biri 30 günlük 12 aýdan we goşmaça 5 ýada 6

günden durýar. Bu ýylnamada ýylbaşyny bahardaky ýylamaga deňlemek üçin dört ýylda bir goşmaça gün girizdiler. Jelaly ýylnamasynda 3770-nji ýylda bir günlük, grigorian ýylnamasynda bolsa 3330-njy ýylda bir gün ýalňyşlyk bardyr.

Mälik şanyň döwürdeşi bolan türkmen alymy Abdyl Eziz Ysmaýyl al-Jezeri (1136-1206ýý) kibernetika ylmyny esaslandyryjylaryň biridir. Taryhçy K.Baýramow «Artykogullary türkmen begliginiň köşgünde işlän alym Abdul Eziz Ysmaýyl» diýen makalasynda şeýle ýazýar: «Alymyň kitabynyň 4-nji sahypasynda sagatlary, minutlary, günleri we aýlary, günüň we aýyň günlük ýerleşişini görkezýän bir maşyn ýasandygyny görýäris. Bu maşynda biri-biriniň garşysynda ýerleşdirilen 24 harp bilen gapyjyk bar. Olar iki topara bölünüpdir, reňkleri hem üýtgeşik. Gapylaryň arkasynda her biri aýratyn görnüşde saýraýan ýasama guşlar bar. Her sagatda üstki gapylardan bir adam şekili çykyp ýöräp ugraýar we ikinji gapynyň öňünde durýar. Eliňi gapa degirýän welin, şol pursat bir guşjagaz ganatlaryny pasyrdadyp orta çykýar we dolan wagtyň mukdaryna görä saýrap ses çykarýar». Jezeri täret kyljak ynsana suw akydýan, toý-meýlislerde şerbetleri hödür edýän we beýleki maşynlary hem ýasapdyr.

## Beýik Seljuk döwleti Soltan Sanjaryń döwründe

### Beýik Seljuk türkmen döwletindäki tagt dawalary

Orta asyr taryhçysy Ibn Esiriň (1301-1373) 16 jiltden ybarat «Al-bidaýa wen-nihaýa fit-taryh» (Başdan soňa çenli taryh) atly kitabynda ýazmagyna görä 1084-nji ýylyň Noyabr aýynyň 22-sinde  Mälik şanyň bir ogly dünýä inýär. Oňa Sanjarda dünýä inendigi sebäpli Sanjar diýip at goýýarlar. Taryhçy Ibn Esir Sanjar b.Mälik şanyň 1084-nji ýylyň Noyabr aýynyň 27-sinde al-Jezireden Mosula iki gün aradaşlykdaky Sinjar şäherinde doglandygyny, Mälik şanyň Sinjarda düşlän wagty bolan ogluna Ahmet diýip, doglan şäheri bilen bagly bolsa Sanjar diýip at goýandygyny tassyklaýar.

Sanjaryň ejesi Mälik şanyň söýguli aýaly Sapariýe hatyndyr. Ol iki sany Seljuk soltanyny – Muhammet Tapary we Soltan Sanjary dünýä

inderen enedir. Türkmen taryhçylary Ö.Gündogdyýew we K.Baýramow «Türkmen taryhynyň meşhur zenanlary» diýen kitabynda Sapariýe hatynyň Mälik şanyň üçünji aýaly bolandygyny, onuň Ogulsapar hatyn, Sapargül hatyn ýaly atlarynyň hem bolandygyny ýazýarlar.

Mälik şanyň ölüminden soň Beýik Seljuk türkmen jahan döwletiniń kuwwaty synmaga başlapdyr. Onuň ogullarynyň arasynda başlan tagt dawalary kuwwatly döwletiň sütünleri hasam sarsdyrypdyr. Mälik şanyň aýallarynyň biri Türkan hatyn emirleriň bir toparyny öz tarapyna çekip, 4 ýaşyndaky ogly Mahmydyň adyndan döwleti dolandyryp başlapdyr. Hatda Bagdat halyfy hem bu çagany Beýik Seljuk türkmen Jahan döwletinin soltany hökmünde ykrar etmäge mejbur bolupdyr.

Türkan hatyn Mälik şanyň beýleki aýalyndan bolan ogly, 20 ýaşyndaky şazadany häkimlikden mahrum etmek üçin Yspyhana goşun sürüpdir. Berkýaryk öz güýçleri bilen Reý şäherinde gizlenmegi başarypdyr. Şol wagt Bagdat halyfy Berkýarygy döwletiň beýik soltany diýip ykrar edipdir. Seljuklaryň taryhynda ilkinji gezek iki sany hökümdar döwleti dolandyryp başlapdyr. Olaryň birinjisi Nasyreddin Mahmyt 1092-1094-nji ýyllar aralygynda döwleti edara etse, Rukneddin Abu’l Muzaffar Berkýaryk 1092-nji ýyldan 1105-nji ýyla çenli hökümdar bolupdyr. Olaryň ikisiniň ady hem hutbada okalypdyr, hersiniň adyna pul zikgelenipdir. Beýle iki häkimiýetlilik uzak dowam edip biljek däldi. 1094-nji bolan söweşde Berkýaryk ýeňiş gazanmagy başarypdyr.

Berkýarygyň hökümdarlyk ýyllarynda onuň esasy duşmany agasy (kakasynyň dogany) Täjüddöwle Tutuş bolupdy. Ol Siriýanyň we Palestinanyň çäklendirilmedik hökümdarydy. Hernäçe özüne göwni ýetse-de, Tutuşa Berkýarygy özüne boýun egdirmek başartmandy. 1095-nji ýylda bolan söweşde onuň goşuny ýeňlip, özem söweşde wepat bolupdyr.

Seljuklaryň öz arasyndaky oňşuksyzlyklardan peýdalanýan haçparazlar heşelle kakýardylar. Frank haçparazlary türkmenleriň elinden Nikeýany, Konýa soltanlygynyň bir bölegini, Edessany we Antiohiýany alypdyrlar. 1099-njy ýylda bolsa olar Iýerusalime zarba

urupdyrlar. Seljuk neberesiniň köp sanly agzalary merkezi häkimiýete tabyn bolmakdan boýun gaçyrýardylar.

Sanjar ýaşlygyndan başlap özüniň serkerdelik ukybyny ýüze çykaryp başlapdyr. 1097-nji ýylda ol enebaşga agasy Berkýaryk tarapyndan daýysy Arslan Arguna (Alp Arslanyň ogly — J.H.) garşy göreşmek üçin Horasana iberilipdir. Arslan Argun Horasanda häkimiýeti basyp alypdy we ony döwletden bölüp aýyrmak isleýärdi. Orta asyr taryhçysy Ibn Esiriň ýazmagyna görä, emir Kamaj Sanjara atabeg, Abul-Fath Aly bin al-Hüseýn at-Tugraýy wezir bellenipdir. Sanjar öz goşuny bilen Damgana gelende Arslan Argunyň öz gulamy tarapyndan öldürilendigini eşidipdir. 1097-nji ýylyň Aprel aýynyň 20-sinde Sanjar Nyşapury, soňra Horasanyň beýleki şäherlerini söweşsiz ele geçiripdir. Şondan soň ol Balha tarap hereket edipdir. Sanjar Muhammet bin Suleýmanyň gozgalaňyny hem basyp ýatyrypdyr. Şu üstünlikleri üçin soltan Berkýaryk Sanjary Horasanyň mäligi, ýagny hökümdary edip belläpdir.

Sanjar 1102-nji ýylda, 16 ýaşynda mahaly Mawerannahryň Garahanly türkmenleriniň neberesinden bolan hökümdary Kadyr han Jebraýylyň Horasana çozuşynyň öňüni alypdyr. Şol ýylyň Oguz aýynyň 22-sinde Termeziň golaýynda bolan söweşde Sanjar ony ýeňýär we jezalandyrýar. Bu barada taryhçy Ö.Gündogdyýew şeýle ýazýar: «Sanjaryň iberen aňtawçy ýygyny Kadyr hany aw awlap ýören mahaly tutup, ýesir alypdyr. Serkerdesiz galan duşman başly-barat bolup gaçypdyr. Sanjar Samarkandyň hökümdary edip, özüniň garahanlardan bolan ýegeni Muhammet Arslan han bin Suleýmany belläpdir».

1099-njy ýylda Berkýarygyň garşysyna onuň enebaşga dogany, Häzirbegjanyň häkimi Muhammet Tapar çykyş edipdir. Horasanyň mäligi bolansoň Sanjar özüniň süýtdeş dogany Muhammet Tapary enebaşga dogany Berkýaryga garşy göreşde goldap başlapdyr. Ol Reýi eýelänsoň, halyf şol ýylyň Noyabr aýynyň 4-ünde onuň adyna Bagdatda hutba okadyp, ony soltan diýip yglan edipdir. 1101-nji ýylda Hemedanyň golaýynda bolan söweşde Berkýaryk Muhammet Tapardan ýeňlip, zordan gaçyp gutulypdyr. Emma bir ýyl geçmänkä Berkýaryk beýik soltanlyk derejesini yzyna gaýdyp almagy başarypdyr. Doganlaryň

arasynda ýaraşyk baglaşylypdyr. Berkýaryk Muhammet Tapara öňki häkimlik edýän ýerleri Häzirbegjandan we Harrandan başga-da, Eýranyň we Yragyň käbir welaýatlaryny, şeýle hem Siriýany beripdir. Ylalaşyga görä, Mosul we Siriýada Muhammet Tapar, Horasanda we Mawerannahrda Sanjar, Yragy-Arapda we Yragy-Ajamda Berkýaryk soltan bolmalydy.

1104-nji ýylda doganlaryň arasyndaky ylalaşyga görä, Muhammet Tapar we Sanjar özbaşdak hökümdarlar diýlip yglan edilipdir. Emma olar Berkýaryga ýüzleý garaşlydylar. Indi Gürgende, Horasanda we Mawerannahrda Sanjaryň adyna hutba okalyp başlanypdyr.

1105-nji ýylda Berkýaryk aradan çykansoň Bagdat halyfy Mälik şa II-ni hökümdar diýip yglan edipdir. Emma Muhammet Tapar ony derrew tagtdan mahrum edipdir. Şeýlelikde, Beýik Seljuk türkmen Jahan dowletinin tagtyna ýedinji soltan Gyýaseddin Abu Şuja Muhammet Tapar (hökümdarlyk ýyllary 1105-1118 ýý.) geçipdir. Muhammet Taparyň Mahmyt, Masut, Togrul, Suleýmanşa, Seljukşa atly bäş sany ogly bardy. Muhammet Tapar ölmeziniň öň ýanynda 14 ýaşly ogly Mahmydy tagt mirasdary diýip yglan edipdir[12]. Muhammet Tapar aradan çykansoň, halyf al-Mustazhir Billah 1118-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 6-synda onuň uly ogly Mahmydyň adyna Bagdatda hutba okadypdyr.

## Gaznaly türkmenleriniň döwletiniň tabyn edilmegi

Sanjaryň Horasanyň mäligi mahaly bitiren uly işi onuň Gaznaly türkmenleriniň döwletini seljuklara doly tabyn etmegidir. Bu waka şeýle bolupdy: Gaznaly soltany Masut III-niň ölüminden soň onuň ogly Arslan şa 1116-njy ýylyň Fewral aýynyň 22-sinde Gaznaly türkmenleriniň döwletiniň tagtyna oturypdyr. Arslan şanyň ejesi Beýik Seljuk türkmen soltany Mälik şanyň gyzy Mehd'ul Yrak bolupdyr. Arslan şa öz doganlaryna zulum edipdir. Olardan diňe Bähram şa gaçyp gutulypdyr. Onuň Arslan şa garşy çykmagy netije bermändir. Şeýle bolansoň ol ilki Seýistana, ol ýerdenem Kermana gidipdir. Bu döwürde Kermanda seljuk türkmenleriniň uly döwleti bardy (1048-1187 ýý.). Bähram şany oňat garşylan Kerman hökümdary Arslan şa I oňa kömek

sorap Beýik Seljuk mäligi Sanjaryň ýanyna gitmegi maslahat beripdir. «Seljuknamada» habar berlişine görä, Bähram şa Sanjaryň ýanyna gelip: «Gardaşym Arslan şanyň ynsaby ýok, kakamyň bütin ýurduna eýelik edip, maňa zat bermedi, zulum etdi. Gaznany maňa alyp beriň, bu welaýat siziňki bolsun, men diňe siziň adyňyzdan naýyplyk edeýin» diýipdir.

Ýegeniniň bu naýynjar ýagdaýy Sanjary biparh goýup biljek däldi. Ol dessine Gazna ýöriş etmegi ýüregine düwüpdir. Mundan habardar bolan Arslan şa Muhammet Tapara ilçi ýollap, Sanjardan şikaýatçy bolupdyr. Muhammet Tapar Sanjaryň ýanyna ilçi ýollap, ona Arslan şa bilen düşünişmegi teklip etse-de, ony Gazna ýörişinden yzyna gaýtaryp bilmändir. Sanjar emir Ineriň ýolbaşçylygynda Bähram şa bilen bilelikde bir öňçi goşuny Gazna ýollapdyr. Ýolda oňa Seýistanyň häkimi Täjeddin Abul-Fazl hem goşulypdyr. Arslan şa olaryň öňünden çykyp, Bustuň golaýynda söweşipdir. Ýöne söweş seljuklaryň peýdasyna tamamlanypdyr. Arslan şa derrew daýysy bilen ýaraşyk baglaşmagyň ýoluny agtarypdyr. Ejesi Mehd’ul-Yragy 200 müň altyn we beýleki sowgatlar bilen Sanjaryň ýanyna ýollapdyr. Emma oglunyň etmişlerinden närazy bolansoň, ol Sanjary Arslan şanyň garşysyna küşgüripdir.

Mälik Sanjaryň özi ähli taýýarlyklary görenden soň Gazna tarap ýörişe başlapdyr. Arslan şanyň 30 müň atly we birnäçe ýaýçy goşuny bardy. Gaznaly goşunynda 120 sany pil hem bardy. Seljuk we Gaznaly türkmenleriniň goşuny Gaznanyň bir parsah (5-6 km.) uzaklygyndaky Şehrabad sährasynda duşuşypdyr. Sanjaryň goşunynyň atlary birbada pillerden ürküp, Gaznaly goşunyna ýanaşyp bilmändir. Seýistanyň emiri Abul-Fath atyndan düşüp, iň öňdäki söweş piliniň böwründen öz hanjaryny sokupdyr. Bu pil bögürip, yza tesipdir. Ondan ürken piller Gaznaly goşunyny depeläpdir. Netijede Gaznaly goşuny ýeňlişe sezewar bolupdyr. Türk taryhçysy, professor Ärdogan Merçiliň «Gaznalylar döwleti taryhy» diýen kitabynda ýazmagyna görä, Sanjar 1117-nji ýylyň Fewral aýynyň 25-inde Gazna giripdir. Ol Bähram şany özüne tabyn bolmak şerti bilen Gaznaly tagtynda oturdypdyr. Bähram şa bilen Sanjaryň arasyndaky antlaşma (ant etmek) görä, Bähram şa hutbany ilki

Abbasy halyfynyň, soňra Seljuk türkmen soltanlary Muhammet Taparyň we Sanjaryň atlaryna, iň soňunda bolsa öz adyna okatmaga boýun bolupdyr. Ol Sanjara ýylda 250 müň dinar paç tölemäge-de borçlanýardy. Sanjar soltan Mahmyt Gaznalynyň döwründen bäri bu ýerde toplanan baý hazynany hem özüne alypdyr. Beýik Seljuk türkmen Jahan dowletinin taryhynda bu wakanyň örän uly ähmiýeti bardy. Sanjar seljuk soltanlarynyň arasynda Gaznaly döwletini doly tabyn etmegi başaran ilkinji hökümdar hasaplanýar. Gaznada 40 gün galandan soňra Sanjar 1117-nji ýylyň Aprel aýynyň 6-synda Horasana dolanypdyr.

Hindistana gaçan Arslan şa goşun toplap, ýene-de Bähram şanyň garşysyna çykypdyr. Balhyň golaýynda bolan söweşde Bähram şany ýene-de Sanjaryň iberen kömegi halas edipdir.

## Sawe söweşi

Sanjaryň dogany soltan Muhammet Tapar ölmezinden biraz öň (ol 1118 ý. Aprel aýynyň 18-inde aradan çykypdyr) 14 ýaşyndaky uly ogly Mahmydy tagt mirasdary diýip yglan edipdir. Şol ýylyň Oguz aýynyň 18-inde bolsa Sanjar özüni Horasanda soltan diýip yglan edipdir hem-de soltanlygyny halyfa tassykladypdyr. Emma onuň soltan häkimiýetini doly eýelemegi üçin ýaşajyk Mahmydy ýolundan aýyrmagy gerekdi.

Dürli güýmenjelere meşgul bolan Mahmyt döwlet işlerine ähmiýet bermändir. Şeýle bolansoň dogany Masut özüniň atabegi Jüýs begiň goldawy bilen Yraga ýöriş edipdir. Bagdadyň şäher häkimi (şihnesi) wezıpesinden boşadylan emir Aksuňgur Porsuk hem Masut bilen güýjüni birikdiripdir. Soltan Mahmyt Bagdadyň şihnesi Meňgübarsy, Hilläniň emiri Dübeýsi alyp, olaryň garşysyna ýörişe ugrapdyr. Mälik Masut üstünlik gazanyp bilmejegini bilensoň, agasynyň ýanyna ilçi ýollapdyr. Mahmyt oňa goşmaça Häzirbegjany ykta edip beripdir.

Masutdan soňra Mahmyda garşy ikinji inisi Togrul gozgalaňa baş göteripdir. Atabegi Gündogdy ony agasyna garşy göreşe küşgürýärdi. Inisini halat-serpaýyň kömegi bilen niýetinden gaýtarmak Mahmyda başartmandyr. 1119-njy ýylyň Alp Arslan aýynda 10 müň atly bilen üstüne ýöriş edensoň, Togrul beg Genjä tarap gaçmaga mejbur bolupdyr.

Mugiseddin Mahmyt tagta oturyp-oturmanka tagt ugrundaky dawalar täzeden möwjäpdir. Atabegler tarapyndan küşgürilýän Muhammet

Taparyň körpe ogullary ondan özleriniň häkimlikdäki paýyny talap edipdirler. Ýöne olar Muhammet Tapar aradan çykandan soň seljuklar neberesiniň ýaşulusy bolup galan Horasanyň hökümdary Sanjaryň entek diridigini unudypdyrlar. Wezirler Mahmyt soltanyň adyndan hat iberip, Mazendaran welaýatyny goşundan arassalamagy we soltan gaznasyna her ýyl 200 müň dinar tölemegi talap edipdirler.

Gahary gelen Sanjar: «Meniň doganymyň ogullary çaga we olara wezirler hem-de hajyblar ýolbaşçylyk edýär» diýip ilçilere jogap beripdir. Tagta geçen ýaşajyk inisiniň döwlet dolandyryşyndan başynyň çykmaýandygyny, häkimiýetiň käbir emirleriň elinde jemlenendigini we munuň halkda närazylyk meýillerini güýçlendirendigini görensoň, Sanjar soltanlygy eýelemek üçin taýýarlyk görüp başlapdyr.

1119-njy ýylyň Awgust aýynyň 11-inde (Bu söweşiň bolan güni taryhçylar tarapyndan dürlüçe berilýär – O.Turanda Awgust aýynyň 12-si, W.W.Bartoldda bolsa Awgust aýynyň 14-i diýlip görkezilýär — J.H.) Reýiň golaýynda bolan Sawe söweşinde Sanjar inisi Mahmydyň 30 müň adamlyk goşunyny derbi-dagyn edipdir. Şol döwrüň taryhçysy Ibn Esiriň ýazmagyna görä, Sanjaryň goşuny 20 müň atlydan we 18 sany söweş pilinden ybarat eken. «Söweşiň başynda Mahmydyň goşuny Sanjaryň goşunynyň sag we sol ganatlaryny yza çekilmäge mejbur edipdir. Ýöne merkezden Sanjaryň baştutanlygynda pilleriň söweşe salynmagy ýeňşiň ykbalyny çözüpdir – pillerden ürküp, atlar yza çekilipdir, netijede Sanjar ýeňiş gazanypdyr». Ýeňiş habary Bagdada ýeten badyna halyf al-Müsterşid Billah 1119-njy ýylyň Sentýabr aýynyň 4-nde Sanjaryň adyna hutba okadypdyr.

Sanjar, ýaşlyk edip, özüne garşy giden ýegeni Mahmydyň günäsini geçýändigini aýdyp, ony ýanyna çagyrdypdyr. Hatda özüniň ogly bolmany üçin oňa gyzy Mahmal Hatyny (türk çeşmelerinde oňa Mahmelek Hatyn — Aý perisi diýilýär) nikalap berip, tagt mirasdary diýip yglan edipdir. Türkmenleriň ygtyýaryndaky Gazna, Mawerannahr, Horasan, Bagdat ýaly merkezlere hat ýazyp, özünden soňra Mahmydyň soltan bolmalydygyny bildiripdir. Reý şäherinden başga ähli ýerleri onuň ygtyýaryna beripdir. Özüne tabyn bolmak şerti bilen ony soltan diýip yglan edipdir. Özüne «Iň Beýik Soltan» («Sultan’ul A’zam»)

unwanyny alan Sanjar Mahmyda «Sultan’ul Muazzam» unwanyny beripdir.

Merkezi Hemedan hasaplanýan, Kermanşahdan we Yspyhandan durýan Günbatar Eýrany, Yragy, Palestinany we Anadolynyň guşluk tarapyny Mahmyda beren Soltan Sanjar seljuk türkmenleriniň Yrakdaky döwletini dolandyrmagyň esasy agramyny Mahmydyň üstüne ýükläpdir. Bu ýerleri edara etmekde onuň goldawçysy boljak wezipeli adamlary hem özi seçipdir. Mahmydyň özüne tabyndygyny her pursat duýup durmagy üçin Reý, Mazenderan, Kumis etraplaryny Sanjaryň özi alypdyr. Mahmydyň dört doganyna yktalar paýlap beripdir. Olardan Togrul döwletiň «Yrag’y Ajam» diýlen Jebel kysmynyň gündogar ýarpysyny hem-de «Deýlem» diýlen Gilýan welaýatyny; Seljukşa atabegi Garaja as-Saky bilen birlikde Pars welaýatyny, Yspyhany we Huzistanyň ýarysyny alypdyr. Mulkleri şeýle usulda paýlamak bilen Soltan Sanjar Mahmydyň özüne tabynlykdan aýrylmazlygyny üpjün edip, doganlarynyň islendik pursat onuň ýerini alyp biljekdigini duýduryp goýupdyr. Emma munuň bilen döwletiň içindäki dawalary aradan aýyrmak soltan Sanjara başartmandyr.



Soltan Sanjar Türkmeniń altyn dinary. Merw.



Mäliksa Türkmeniń soltan Alp Arslan Türkmeniń adyna zikkeleden altyn dinary. Nusaý.

## Sanjaryň Reýe gelmegi

Mahmyt 1131-nji ýylda aradan çykýança seljuk türkmenleriniň Yrakda guran döwletini soltan Sanjara tabyn ýagdaýda edara edipdir. Mahmyt aradan çykansoň ýerine ogly Dawut Yrakdaky seljuk döwletiniň tagtyna oturdylypdyr. Ýöne, Mahmydyň inisi Masut muňa razy bolmandyr. Ol halyfdan öz adynyň seljuk türkmenleriniň Yrakdaky

döwletiniň soltany hökmünde hutbada okalmagyny talap edipdir. Emma halyf Sanjaryň adyndan başga biriniň adyny hutbada okamajakdygyny mälim edipdir. Yrakdaky tagt dawalary ugrundaky hereketiň öňüni almak üçin Sanjar bu ýere ugrapdyr. Masut soltan Sanjaryň Reýe gelendigi sebäpli, Bagdat halyfyna özüne goldaw bermegi teklip edipdir. Seljuklaryň arasyndaky tagt dawalaryndan peýdalanan Abbasy halyfy Müsterşid (1118-1135) olaryň elinden dünýewi häkimiýeti gaýtaryp almaga synanyşypdyr. Ylalaşyga görä, Yrak halyfyň wekiliniň ygtyýaryna berilmelidi, Masut soltan bolmalydy, Seljukşa bolsa onuň mirasdüşeri bolmalydy. Hutbadan soltan Sanjaryň ady aýrylyp, Masudyň adyna okalyp başlanypdyr.

Öz agasynyň tagt arzuwy gözlerini gapan, döwleti berkitmegiň ýerine, ony parçalap, kiçi «hanlyjaklara» öwürmek isleýän, entek Beýik Seljuk türkmen soltanynyň aýatda diridigini ýatlaryndan çykaran, paýhassyz ogullaryna soltan Sanjaryň örän gahary gelipdir. Olary özüne garşy öjükdirýän Bagdat halyfyna garşy Mosul atabegi Ymadeddin Zeňňini aýaga galdyrypdyr. Halyfyň köne duşmany Dübeýse Hille etrabyny gaýtadan ykta edip beripdir. Bu ikisi goşun toplap, Bagdada golaýlan mahaly soltan Sanjar Hemedany zabt edipdir.

Masudyň, Seljukşanyň halyf bilen birleşen goşuny Sanjar bilen söweşmek üçin Bagdatdan çykypdyr. Agasy Sanjaryň ýanynda bolan, Yraga soltan bolmak umydyny ýitiren Togrul Sanjara duýdurmazdan onuň ýanyndan gidipdir. Sanjar serkerdesi Kamajy onuň yzyndan ýollap, özi ölensoň, Horasanyň oňa miras galjakdygyny aýdypdyr. Şundan soň Togrul soltan Sanjaryň ýanyna dolanypdyr.

Masut söweşmekden gorkup, Häzirbegjana çekilse-de, soltan Sanjar ony sypdyrmandyr. Ýagdaýyň öwerlik däldigini duýan halyf Bagdady atabeg Zeňňiden we Dübeýsden goramak üçin yzyna dolanypdyr.

Dinewer diýen ýerde soltan Sanjar 100 müň adamdan ybarat goşunyny söweş nyzamyna düzüpdir. Sag ganada Togrul bilen Kamajy, sol ganada Köneürgenç türkmenleriniň hökümdary Atsyzy ýerleşdirip, merkeze özi baştutanlyk edipdir. Garşydaş goşun 30 müň adamdan ybarat bolup, onuň sag ganadyna Garaja as-Saky we emir Gyzyl, sol ganadyna Baranguş Bazdar bilen Ýusup Çawuş, merkezine bolsa Masut

we Seljukşa ýolbaşçylyk edipdir. 1132-nji ýylyň Maý aýynyň 25-inde bolan bu gazaply söweşde soltan Sanjar ýeňiş gazanypdyr. Köp adam ýesir alnypdyr. Sanjar Garaja as-Sakyny ölüme buýrupdyr. Gaçan Masudy tutup getirden Sanjar, günäsini geçip, ony Genjä ýollapdyr. Togruly bolsa seljuk türkmenleriniň Yrakdaky döwletiniň soltanlygyna belläpdir.

Şundan soň soltan Sanjar Garahanlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin Mawerannahra gidipdir. Sanjar 1130-njy ýylyň baharynda Samarkandy eýeläpdir. Garahanly türkmenleriniň döwletiniň tagtyna Arslan hanyň ogly Mahmyt han çykarylypdyr. Mahmyt Sanjaryň ýegenidi. Ol daýysyna tabyn bolup, döwleti edara edipdir. Ol Kaşgar hanlygyny hem özüne tabyn edipdir. Şeýlelikde, Mälik şanyň döwründe bolşy ýaly, bütin musulman Aziýasy Sanjaryň soltanlygyna tabyn edilipdir. Soltan Sanjaryň döwründe türkmenleriň Gaznaly we Garahanly nebereleriniň guran döwletleri hem Seljuk türkmenlerine tabyn edilipdir.

## Soltan Sanjaryń diplomatiýasy

Soltan Sanjar Beýik Seljuk türkmen döwletiniň kuwwatyny saklamak üçin onuň hem Gündogaryna, hemem Günbatarsyna esewan bolmaly bolýardy. Döwletiniň Gündogar bölegindäki tertip-düzgüni ýola goýmak bilen meşgul bolýarka, soltanyň günbatardaky duşmanlary onuň garşysyna geçipdir. Günbatarda Wizantiýa musulmanlaryň üstüne çozuş edip, Seljuk döwletine howp salýardy. Bir gezek Wizantiýa imperatory Meýýafarykine nöker iberip, şäheri haraba öwrüpdir, 50 müňden gowrak adamy ýesir edip äkidipdir. Ýesir edilen musulmanlar hat ýazyp, soltan Sanjardan kömek sorapdyrlar. Soltan Sanjar bu haty alandan soň imperatora hat ýazypdyr. Ol hatyň mazmunyny Serajettin Mahdym «Türkmenistandaky öwlüýäler» diýen kitabynda getiripdir: «Eşitmişimize görä, musulman ýurtlara hüjüm edip, jebir-sütem bilen olaryň käbirlerini ýesir edip, käbirlerini hem gylyçdan geçiripsiň, zatlaryna talaň salypsyň, ýöne weli, şeýtanyň alyna gidip, soňuň barada oýlanmansyň. Söýguli Pygamberimiz, Allahü tealanyň emri bilen haky

äşgär eýledi. Bütin älem tümlükde mahaly, Allahü tealanyň yhsany bilen, bu diniň eserleri dünýäniň her künjüne ýaýyldy, gündogara we günbatara baryp ýetdi. Garşy çykanlar perişan we ýok boldular. Niçe sapar goşun toplap garşylyk görkezmäge synanyşan hem bolsalar, üstünlik gazanyp bilmediler. Aýaty kerimede, mealen; «(Kapyrlar) agyzlary bilen (Jadyldyr, sygyrdyr, paldyr diýen ýaly sözler bilen) Allahü teala, kapyrlaryň göwnüne ýakmasa-da, öz nuruny tamamlaýjydyr» /Saf süresi-8/ buýrulyşy ýaly, taryhyň her öwrüminde beýle wakalar bolup dur. Mübärek atam soltan Mälik şa hem, özünden öňkuler ýaly bu wezipäni ýerine ýetiripdi. Yslama duşmançylyk eden ermenileriň, Rumlaryň, Slawýanlaryň gylyçlarymyzdaky ganlary heniz gurap hem ýetişen däldir. Elhamdulilläh, bu gün güýjümiz we esgerimiz öňkulerden esse-esse kän. Gündogardan Günbatara deňiç biziň hökmümiz ýöreýär. Her ýurdy biziň bir oglumyz ýa-da wekilimiz dolandyrýar. Bu ýerleriň içine Horasan hem girýär. Ol ýeri öz mulkümize goşduk. Yrak, Arabystan, Siriýa, Magryp* (Magryb Günbatar manysynda — J.H.) welaýaty, Müsür we töwerekleri-de biziň raýatymyzdadyr. Bu ýurtlary Rum diýaryna çenli zabt etdik. Edil, şol wagt hem Meýýafarikindäki musulman ýesirleriň haty bize gelip gowuşdy. Biz gündogara tarap ýöriş etmegi niýet edip otyrdyk. Günbatara öwruldik, Jeýhuny geçip otyrkak; Mawerannahrdaky we Türküstandaky wekilimiziň aradan çykandygy zerarly zerarly bu ýerleriň Magyna (Hytaýa) çenli başsyz çykanlygyny habar aldyk. O taýlaryny gaýtadan tertibe sokmak we täze wekil bellemek barada pikir edýärdik. Ýesirleriň kömek sorap ýazan hatlaryny okanymyzdan soňra, haýal etmän ýüzümizi Ruma öwürdik we şeýle karara bardyk: O tarapa gideliň we hiç ýerde saklanmalyň we Meýýafarikine ulaşalyň. Yslamyň, Allahü tealanyň haky üçin, eger Rumlular ähli ýesirleri boşadyp, Yslam ýurtlaryndan alan zatlaryny bolşy ýaly yzyna berip, ötünç soramasalar; ähli Rum serhetlerine çenli Türküstanda, Hindistanda, Arabystanda, Siriýada we beýleki döwletlerde ýaşaýan hristianlaryň hemmesini gylyçdan geçirmegi, ähli buthanalary ýykyp-ýumurmagy emr edeliň. We ýene şeýle emr edeliň; gündogardan günbatara çenli deňizden we gury ýerden Sindilerdir-Hindilerden, Türklerdir-Parslardan düzulen ullakan

goşunlary Rumuň üstüne ibereliň. Derýalar we daglar olaryň haýbatyndan titresin. Olaryň köplüginden ýaňa sähralardaky haýwanlara, gökdäki guşlara ýer galmasyn we ondan soňra-da Konstantinopoly paýtagtymyz edeliň. Uly-kiçi diýmän ýekeje-de Rum esgerini diri goýmalyň. Ähli Rumlary dolandyryjylaryndan we esgerlerinden mahrum edeliň. Allahü tealanyň kömegi bilen, Yslam milletiniň şygary bolan metjitdir-münber Rumuň kalbynda orun tutawersin...

Allahü tealanyň yzzat we jelaly bilen, pygamberleriň serweri Muhammet aleýhissalamyň hormatyna we şehit Soltan Mälik şanyň haky üçin söz berýärin; eger, edil emr edişim ýaly terzde ýesirleriň hemmesi watanlaryna, ýurtlaryna baryp gowuşmasa, ýekeje çaga yzyna dolanyp barmasa, ýazan zatlarymyň baryny berjaý etjekdirin we bu älemlere sapak bolar. Meýýafarikinden Konstantinopola çenli hiç ýerde durman gitjekdirin».

Soltan Sanjaryň bu haýbatly hatyndan gorkan Wizantiýa imperatory derrew ýesirleri boşatmak bilen bolupdyr. Soltan Sanjaryň bu haty gandöküşikligiň öňüni alypdyr. Gylyjyň-gürziniň bitirjek işi söz bilen bitirilipdir. Munuň özi türkmen soltanlarynyň elmydama gan dökmegiň tarapdary bolmandygyny, olaryň abaý-syýasat bilen hem duşmany mugyra getirip bilendiginiň aýdyň şaýadydyr.

## Seljuk-Gaznaly gatnaşyklary

Biz öňde Bähram şanyň daýysy Sanjaryň kömegi Gaznaly tagtyna oturandygyny belläpdik. Ol 1134-nji ýyla daýysyna tabyn bolup, Gaznaly türkmenleriniň döwletini edara edipdir. Şundan soň ol seljuklara tölemeli ýyllyk pajyny ödemän başlapdyr. Ýegeniniň halka erbet çemeleşýändigi we onuň halkyň mallaryna el goýandygy baradaky habarlar soltan Sanjaryň gulagyna ýetipdir. Muňa gazaplanan soltan 1135-nji ýylyň Alp Arslan-Ruhnama aýlarynda Merwden Gazna tarap ýörişe ugrapdyr. Onuň goşuny Bust şäherine gelende gyş düşüpdir. Bährem şa sowukda Sanjar ýöriş etmez diýen niýet bilen oňa garşylyk görkezmäge taýynlanmandyr. Daýysynyň gazabyndan gorkan Bährem

şa Hindistana gaçypdyr. Sanjar Gazna gelip, Bährem şanyň hazynasyny alypdyr. Bu ýerden ýazan hatynda ol jezalandyrar öýdüp gorkusyna gaçandygyny, günäsiniň geçilmegini daýysyndan sorapdyr. Onuň sözüne ynanan soltan Sanjar Gaznaly türkmenleriniň hökümdarlygyny gaýtadan oňa beripdir.

## Soltan Sanjaryň Horezme birinji ýörişi

Mälik şanyň döwründe Horezme asly oguzlaryň begdili boýundan bolan Anuştegin hökümdar (weli) bellenipdir. Ol geljekde Köneürgenç türkmenleriniň döwleti diýlip atlandyryljak kuwwatly döwleti esaslandyran Anuşteginogullary neberesiniň nesilbaşysydyr. Anuştegin ölenden soňra onuň ogly Kutbeddin Muhammet Horezmi edara edip başlapdyr (1097-1128 ýý.). Seljuk soltany Berkýaryk oňa «Horezmşasy» diýen derejäni beripdir. Merwde oňat bilim alan, alymlara, din wekillerine goldaw beren Kutbeddin Muhammet Beýik Seljuk türkmen soltany Sanjara wepaly gulluk edipdir.

Kutbeddin Muhammet aradan çykansoň Horezmi onuň ogly Alaeddin Atsyz dolandyrypdyr (1128-1156 ýý.). Ol ilki bilen Horezmden demirgazykda ýaşaýan çarwa gypjak taýpalaryny we Müňgyşlak türkmenlerini Horezme tabyn edipdir. Atsyz ýazyr, gaýy, kaňly (arabaçy), baýat ýaly türkmen taýpalaryndan goşun düzüpdir. Syrderýanyň aşak akymyndaky ýerleri, Müňgyşlak ýarymadasyny boýun egdiripdir.

Atsyz soltanlygynyň ilkinji ýyllarynda Sanjara tabyn bolup, döwletini edara edipdir. Atsyz Sanjaryň 1130 we 1132-nji ýyllardaky Mawerannahra we seljuk türkmenleriniň Yrakdaky döwletiniň hökümdary Masuda garşy ýörişlerine gatnaşyp, tapawutlanmagy başarypdyr. Goşunda Atsyzyň täsiriniň barha artýandygy beýleki goşunbaşylaryň hoşuna gitmeýärdi. Soltan Sanjaryň 1135-nji ýyldaky Gazna ýörişinden soň Atsyz ondan arasyny açyp başlapdyr. Sanjar Gazna ýörişinden dolanyp, Balha gelen mahalynda Atsyz Sanjardan özüne rugsat bermegini sorapdyr. Sanjar bilen arasy kem-kemden

sowaşan Atsyz indi oňa garşy ýagdaýa geçipdir. Meşhur gündogarşynas W.W.Bartoldyň ýazmagyna görä, soltan Sanjar Atsyzy Jentde we Müňgyşlakda «musulmanlaryň ganyny biderek dökmekde» aýyplaýardy.

Soltan Sanjar 1138-nji ýylda Atsyzy jezalandyrmak maksady bilen Horezme ýöriş edipdir. Atsyzyň goşunlary Hazarasp galasynyň golaýynda ýerleşipdir. Olar galanyň töweregine suw goýberipdirler. W.W.Bartold Atsyz bilen Sanjaryň arasyndaky söweşiň 1138-nji ýylyň Noyabr aýynyň 15-inde bolandygyny ýazýar. Söweş Sanjaryň peýdasyna tamamlanypdyr. Atsyzyň goşunynyň köpüsi wepat bolupdyr, galanlary bolsa ýesir düşüpdir. Olar Sanjaryň goşunyna goşulyp, günäsi geçilipdir. Atsyz gaçypdyr. Sanjar Horezme Muhammet Taparyň ogly Suleýmany hökümdar belläp, 1139-njy ýylyň Fewral aýynda Merwe dolanypdyr. Atsyz köp wagt geçmezden Horezme dolanyp, häkimligi öz eline alypdyr. Atsyz şundan soň birnäçe wagtlap Sanjara garşy baş götermändir.

1140-njy ýyla çenli soltan Sanjar öz häkimligini Beýik Seljuk türkmen döwletiniň öňki çäklerinde dikeltmegi başarypdyr. Eýran, Häzirbegjan, Tabarystan, Kerman, Seýistan, Owganystan, Horezm, Kaşgar we Mawerannahr ýene-de seljuk türkmenleriň häkimligi astyna alnypdyr. Bu döwletiň merkezi Horasan bolupdyr. Ýöne dünýäde baky zat ýok. Her bir zadyň ilki düýbi tutulyp, soňra kemala gelip, parlap ösüp, kem-kemden gowşap, iň soňunda-da dargamagy tebigatyňam, taryhyňam mizemez kanuny. Isgender Sany (Ikinji Isgender), Älemiň soltany atly beýik atlary göteren Beýik soltan Sanjaryň ömrüniň paýawlaýan mahaly hem Beýik Seljuk türkmen döwletiniň öz möwrütini tamamlan döwrüne gabat gelipdi. Gündogardan gelen gara bulut Seljuklaryň arassa asmanyny örtüpdi...

## Katwan söweşi

Sanjaryň döwleti özüniň öňki kuwwatyny barha ýitirip barýardy. Onuň kem-kemden gowşap, ahyrynda bolsa dargap gitmegine täsir eden birnäçe içerki we daşarky sebäpler bardy. Seljuk neberesiniň arasyndaky içerki oňşuksyzlyklar, tagt ugrundaky dawalar döwletiň birnäçe

böleklere dargamagyna getiripdi. Uly imperatorlygyň ýerinde seljuk türkmenleriniň Kermandaky, Yrakdaky, Siriýadaky we Rumdaky döwletleri emele gelipdi. Beýik Seljuk türkmen Jahan dowletinin sekizinji hem-de iň soňky soltany döwleti öňki çäklerinde dikeltmegi başaranam bolsa, onuň öňki kuwwatyny saklamagy başarmandy. Dünýäni sarsdyran ägirt döwletiň gowşandygy onuň daşky duşmanlaryna hem äşgär boldy. Olar döwletiň bir gyrasyndan girip, ony ýykmaga girişdiler. Iň aýylganç howp Gündogardan abandy.

XII asyryň ikinji çärýeginiň başynda köp sanly kidan halky Ýedisuwy, Balasagun şäherini basyp alypdyr. Musulman awtorlarynyň işlerinde kidanlar «garahytaýlar» ýa-da «gaýry dinli türkler» diýlip atlandyrylypdyr. Olaryň döreden döwleti demirgazyk-gündogarda Ýeniseý derýasyna çenli baryp ýetipdir. Garahanly türkmenleriniň döwletiniň Gündogar kysmynyň hökümdary Ybraýym han II (tagta geçen wagty 1128 ý.) ýurduň içindäki çarwa gozgalaňçy ilatyň çykyşlarynyň öňüni almak üçin garahytaýlara ýüz tutupdyr. Olaryň çakylygy bilen Balasaguna gelen garahytaýlar bu şäherden çykmandyrlar we ony garahytaýlaryň paýtagtyna öwrüpdirler. Garahanly türkmenleriniň döwletiniň Gündogar çäklerini tabyn eden bu çarwa halk, soňra onuň Günbatar bölegine howp salyp başlapdyr.

1137-nji ýylda Mawerannahra gelen garahytaýlar Garahanly hökümdary Mahmydy ýeňipdirler. Soltan Sanjar Horezme ýöriş bilen meşgul bolup, öz ýegenine kömege gelip bilmändir. Bu gezek öz ýeňşiniň netijesini berkitmedigem bolsa, garahytaýlar birnäçe ýyldan ýene-de Mawerannahra çozupdyrlar. Taryhçy Ö.Gündogdyýewiň ýazmagyna görä, Garahytaý gürhany (hökümdar şeýle atlandyrylypdyr) Ýelýuý Daşi öz goşunyna köp sanly türki halklary, şol sanda garlyk türkmenleriniň 50 müňüsini birikdirip, Mawerannahra ýöriş edipdir. Garahytaý hökümdary seljuklardan we garahanlardan şikaýatçy bolup gelen garlyk türkmenleriniň tarapyny alypdyr. Ol soltan Sanjara bir hat ýazyp, garlyklaryň günäsiniň ýokdugyny, olaryň günäsiniň geçilip, öňki ýaşaýan ýerlerine gaýtarylmagy üçin rugsat berilmegini sorapdyr. Soltan Sanjar gürhanyň haýyşyny kanagatlandyrman, gaýtam ony musulman

bolmaga çagyrypdyr. Hatda musulmançylygy kabul etmedik ýagdaýda halynyň teň boljakdygyny habar beripdir.

Taryhçy Ibn Esire görä, garahytaýlaryň Mawerannahra ýörişiniň esasy sebäbi Atsyzyň olary Sanjara garşy çagyryp getirmegi bolup durýardy. Ol garahytaýlaryň 300 müň goşun bilen bu ýere gelendigini habar berýär. Munuň örän artdyrylan san bolmagy mümkin. Çünki başga maglumatlarda garahytaýlaryň 100 müň goşun bilen gelendigi, seljuklar bilen garahytaýlaryň güýjüniň deňeçerräk bolandygy habar berilýär.

1141-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 9-y. Bu gün musulman dünýäsiniň taryhynda onuň bähbidine bolmadyk uly bir söweş bolupdy. Döwrüniň bu uly jeňi üçin Samarkandyň golaýyndaky Katwan düzlügi saýlanyp alnypdy. Onda bir tarapdan Beýik Seljuk türkmen soltany Sanjaryň we onuň ýegeni bolan Garahanly türkmenleriniň döwletiniň hökümdary Mahmydyň birleşen goşuny, beýleki tarapdan bolsa garahytaýlaryň ägirt goşuny garşylaşypdyr. Seljuk goşunynyň sag ganadyna Kamaç, sol ganadyna Seýistanyň mäligi Abul Fazl Nasyr ýolbaşçylyk edipdir. Söweşiň gidişi barada «Seljuknamada» şeýle habar berilýär: «...iki tarapyň esgerleri sap-sap bolup, biri-birine garşy durdular, dowullar çalyndy. Iki goşun biri-biriniň üstüne ýöredi. Ilkibada pälwanlar söweş meýdanyna girip, ýekme-ýek söweşdiler. Gitdigiçe söweş ody barha alawlap, iki tarapyň esgerleri hem gorkyny taşlap, hüjüme geçdiler. Oklar göwüsleri nyşana alyp, demrenler ýüreklerde ýer etdi. Gylyçlar ýyldyrym ýaly oýnap, ganlar ýere ýagmyr kimin seçildi. Ýigitler derýa giren timsah (krokodil- J.H.) ýaly haýbatly söweşip, üstüne syçran gandan ýaňa dälirän arslana dönüpdirler. Bir söweş boldy ki, ol kyýamat gününden nyşandy. Ol gün esgerler şeýle bir söweşip, biri-birine jahany dar etdiler».

Söweş başlandan garahytaýlar seljuk goşunyny gabawa almaga aýlanyşypdyrlar. Sanjaryň goşunynyň bir bölegi yza çekilen mahaly golaýdaky derýada gark bolupdyr. Nasyryň serkerdeligindäki ganatyň esgerleriniň gabawy böwüsmek baradaky synanyşygy başa barmandyr. Sanjar gabawdan çykmak üçin 300 atly bilen öňe müňzäpdir. Şol atlylaryň 15-sinden galany soltany halas üçin şirin janyndan geçmeli bolupdyr.

Gazaply söweşiň netijesinde Seljukly-Garahanly goşuny derbi-dagyn edilipdir. W.W.Bartoldyň maglumatlaryna görä, bu söweşde musulmanlar 30 müň adamsyny ýitiripdir. Ibn Esir bolsa Sanjaryň 100 müň adamsyny ýitirendigini, şonuň 11 müňüsiniň ylym adamsydygyny, 4 müňüniň bolsa aýallardygyny nygtaýar. Sanjaryň aýaly we ogly, serkerdeleri Kamaç we Nasyr ýesir düşüpdir. Sanjar soňra aýaly Terken hatyny 500 müň, Kamajy we ogluny 100 müň dinar öweztölegini töläp, ýesirlikden boşadypdyr. Sanjar Termeze, ol ýerdenem Balha tarap çekilipdir.

Garahytaýlar Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň soltany Atsyzy hem sylap goýmandyr. Juweýni garahytaýlaryň Horezmiň bir bölegini hem ýagmalandygyny, adamlary öldürendigini, Atsyzyň garahytaýlara ýyllyk 30 müň altyn pul hyraç tölemäge mejbur edilendigini ýazýar.

Katwan söweşi tutuş musulman dünýäsini sarsdyrdy. Bu söweş Merkezi Aziýada syýasy güýçleriň özara gatnaşygyny üýtgetdi. Birwagt kuwwatly döwlet bolan Garahanly türkmenleriniň döwleti ýaşamagyny bes etmedigem bolsa, ol tutuşlygyna garahytaýlaryň täsirine düşüpdir. Garahytaýlar hem, edil seljuklar ýaly, Garahanlar heberesini doly dargatman, ony özüne garaşly ýagdaýa saldylar. Garahanly türkmenler garahaytaý hökümdaryna – gürhana salgyt tölemäge mejbur edilipdir. Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň baştutany Atsyza garşy göreş bilen meşgul bolan soltan Sanjaryň indi Mawerannahrdaky işleri düzetmäge eli ýetmeýärdi. Iş ýüzünde Mawerannahr seljuklaryň elinden gidipdi. Beýik Seljuk türkmen döwleti Katwan söweşindäki ýeňlişden soň aýňalyp özüne gelip bilmedi. Entek öňde Sanjaryň ýüregini para-para etjek wakalar bardy...

### Atsyzyň gozgalaňlaryna garşy göreşler

Soltan Sanjaryň ýeňlişi Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň soltany Atsyzyň bähbitlerine laýyk gelýärdi. Katwan söweşiniň yzysüresi, 1141-nji ýylyň Oktýabr aýynda Atsyz öz goşuny bilen Horasana tarap ýönelýär. Ibn Esiriň berýän maglumatlaryna görä, Atsyz ilkibada Sarahsa, ol ýerdenem Merwe barypdyr. Merwiň ulamalary Atsyzdan

halka rehim-şepagat etmegini towakga edipdir. Muny Atsyz kabul edipdir. Ýöne, Merwiň halky Horezmiň soltanyna garşy aýaklanypdyr. Atsyz uly söweş edip, Oktýabr aýynyň 20-si güni şähere giripdir, köp adamy gyrypdyr. Soltan Sanjaryň tagtynda oturypdyr. Sanjaryň bütin hazynasy jemlenen sandyklary alyp, Horezme dolanypdyr.

1142-nji ýylyň Aprel-Maý aýlarynda Atsyz Nyşapura gelipdir. W.W.Bartold «Türküstan mongol basyp alyşlary zamanynda» diýen işinde Atsyzyň bu ýerde aýdan beýanatynda Sanjaryň ýeňlişiniň Horezmşasynyň sadyk hyzmatynyň gadyryny bilmezliginiň netijesidigini aýdyp, bu barada şeýle ýazýar: «Puşmandan özüne peýda boljagyny-bolmajagyny bilmeýäris, emma ol döwletine biziň ýaly goldaw beren dosty hiç ýerden tapmaz». Atsyz Nyşapurda soltan Sanjaryň adyny hutbadan aýyrdyp, öz adyny hutbada okadypdyr. Ibn Esir hutbanyň Atsyzyň adyna okalmagyna närazy bolup, halkyň gozgalaň turuzmaga synanyşandygyny ýazýar: «Emma ulamalar olary köşeşdirip, gan dökülmeginiň öňüni alypdyrlar. Nyşapurda 1142-nji ýylyň Iýul aýynyň 27-sine çenli Atsyzyň adyna okalan hutba ýene-de Sanjaryň adyna okalmaga başlanypdyr».

Soltan Sanjar Katwan söweşinden soň Balhyň üsti bilen Merwe gelipdir. Onuň Atsyzyň eden weýrançylyklaryny, talaňçylyklaryny görüp, gahary gelipdir. Ýöne Sanjaryň bada-bat ony jezalandyrmaga mümkinçiligi ýokdy. Çünki ol Katwan söweşinde 3 mln dinardan gowrak çykdajy edipdi («Seljuknama»). Esgerleri hor-homsy ýagdaýa düşüpdi. Merwdäki hazynany bolsa Atsyz Horezme äkidipdi. 1143-1144-nji ýyllarda soltan Sanjar Atsyzy jezalandyrmak üçin ýene Horezme ýöriş edipdir. Sanjar Hazarasp galasynda gizlenen Atsyzy özüne tabyn edip bilmän, Merwe dolanmaga mejbur bolupdyr. Atsyz Merwden talap alan hazynasyny ilçileriň üsti bilen Sanjara ýollapdyr hem-de özüniň oňa tabyn boljakdygyny aýdypdyr.

Soltan Sanjar 1147-nji ýylyň Noyabr aýynda Atsyzy jezalandyrmak üçin Horezme üçünji gezek ýöriş edipdir. Ýörişe şahyr Enweri hem gatnaşypdyr.

Soltan Sanjar iki aý çeken gabawdan soň Hazaraspy alyp, Gürgenje barypdyr. Atsyzy üçünji gezek bagyşlap, günäsini geçipdir.

## Sanjaryň gurlular bilen söweşi

1152-1153-nji ýyllarda soltan Sanjar bilen gurlularyň arasynda söweş bolupdyr. Gur Owganystanyň gündogarynda ýerleşen daglyk etraplaryň biridi. Alaeddin al-Hüseýin öň Gazna bagly bolan daglyk Gur etrabyna we Firuzkuh şäherine häkim bolupdy. Ol uly goşun toplap, Hyrada tarap ýöriş edipdir. Biraz soňra bolsa Balhy gabapdyr. Bu döwürde Balhyň häkimi Sanjaryň emiri bolan Kamaç hasaplanýardy. Alaeddiniň Balhy zabt edendigini eşiden soltan Sanjar onuň üstüne ýöriş gurapdyr. Söweşde Alaeddin ýeňlip, ýesir düşüpdir. Ibn'ul Eseriň ýazmagyna görä, Sanjar oňa: «Sen ýeňiji bolsaň maňa näme ederdiň?» diýip sorapdyr. Hüseýin ýanyndaky kümüş zynjyry görkezip, «Şunuň bilen seni daňyp, Firuzkuha göndererdim» diýipdir. Sanjar ony Merwe äkidipdir. Biraz wagtdan soňra ony ýene-de Guruň häkimligine belläpdir.

## Balhly oguzlaryñ gozgalañy.
## Beýik Seluk ürkmen döwletiniñ ýykylmagy

**Balhly oguzlaryñ gozgalañynyñ başlanmagynyñ sebäpleri.** Balhly oguzlar diýilýänleri ilki Syrderýa ýaşapdyrlar. Ol ýerden kañlylaryñ gysmagy bilen Mawerennahra göç edipdirler. Mawerennahrda Olar Garahanly döwletine salgyt töläp ýaşapdyrlar. Şol wagt garanly döwletine Muhammet Arslan han (1101-1132) hökümdarlyk edýän eken. Oguzlar bozok we üçok atly gollara bölünipdirler. Bozoklara Abdyl Hamyt ogly Iýul beg, üçoklara bolsa Ishakogly Tuti (Dudu) baştutanlyk edipdir.Garahanly hökümdary oguzlar bilen gowy gatnaşykda bolupdyr.

1122-nji ýylda Hytaýdan kowlan garahytaýlylar Balasaguny merkez edinip döwlet döretmegi başarypdyrlar. Musulmanlar ýurdundan

kowlandygy üçin olara gara ýüzli manysynda „garahytaýly“ diýip at goýupdyrlar. Katwan söweşinden (1041 ý.) soň garahytaýlar Mawerannahrda ýaşaýan oguz türkmenlerini bu ýerden gysyp çykarypdyrlar. Katwan söweşinde garahytaýlylar bilen bileleşip Sanjara garşy göreşen garlyklar hem oguzlaryñ Mawerennahrdan çykarylmagynda garahytaýlylary goldapdyrlar. Taryhçy Rawendiniñ Mawerennahrdan oguzlary garlyklaryñ kowup çykarandygyny ýazmagy ýöne ýerden däldir.[34]

Gysga wagtyñ çinde ikinji gezek meknyndan kowlan köp sanly oguz türkmenleri Horasana ýönelip, Balhyň golaýynda ýerleşipdirler. Ibn Esir özüniň “Kamil taryh” («El-Kamil Fit-Taryh») eserinde şol wagt oguzlaryň başynda Dinar, Bagtyýar, Tuty (Dudu), Arslan, Çagar («Seljuknamada» Çagry diýlip görkezilýär), Mahmyt atly begleriň durandygyny ýazypdyr. Balhyň häkimi emir Kamaç ilkibada oguzlaryň bu ýerde ornaşmagyna garşy bolanam bolsa, soňra olar bilen ylalaşypdyr. Oguzlar hiç kime azar bermän asuda ýaşap başlapdyrlar. Şol wagt oguzlaryñ sanynyñ 40 müñ öyliden ybaratdygy taryhy çeşmelerde saklanypdyr. Olar Soltan Sanjaryñ hazynasyna ýylda 24 müñ goýun salgyt töläpdirler.

1152-nji ýylda balhly oguzlar bilen Soltan Sanjaryñ arasyny bozan bir ýagdaý bolup geçipdi. Şol ýyl gurly türkmen döwletiniñ düýbüni tutujy Alaeddin Hüseýin Jahansyz Balh şäheriniñ daşyny gabapdyr. Balhyñ häkimi Kumajyñ talaby bilen oguzlar hem bir toplum esgeri Balhy goramaga ibermeli bolupdyrlar. Söweşde Balhly oguzlar gurlularyñ tarapyna geçipdirler. Netijede Kumaç gurlylardan ýeñilipdir. Kumaç söweşde ýeñilmeginiñ esasy sebäbi hökmünde söweş wagty Balhly oguzlaryñ dönüklik edendigini, olaryñ gurlularyñ tarapyna geçendigini Soltan sanjara ýetiripdir. Sanjar Kumajyñ dadyna ýetişip, gurlylary ýeñipdir, Jahansyzy bolsa ýesir alypdyr. Soñra ony Mara alyp gaýdyp, biraz wagtdan soñ serpaýlap, Gur welaýatyna mälik belläpdir.

Soltan Sanjaryñ şol gezek Balhly oguzlardan göwni galan bolarly. Sanjar Gurlylar bilen söweşden biraz wagtdan soň emir Kamaja Balhly oguzlaryñ üstüne ýöriş etmäge rugsat beren bolsa gerek. Kumaç özüniň

[34] Bartold W.W. “Oçerk istorii turkmenskogo naroda” . Soçineniýe,tom II, çast 1, Moskwa 1963, 582s.

10 müň atlysy bilen oguzlaryň üstüne ýöriş edipdir. Oguz begleri özlerine degmezligi, otluk ýaýlalaryny özlerine gaýtaryp bermegi haýyş edipdirler. Olar her öýden 200 dirhem kümüş salgyt tölemäge borçlanypdyrlar. Töellasy ýer almansoň oguz begleri gaýtadan maslahat edip, Kamaç bilen söweşmegi karar edipdirler. Söweşde Kamaç ýeňlipdir. Oguzlar ýesir alnan Kamajy we ogly Abu Bekiri öldüripdirler.

Kamajyň oguz türkmenlerinden ýeňlendigi baradaky habar derrew Merwe ýetipdir. Soltan Sanjar oguzlara habar gönderip, derrew öz döwletiniň serhetlerini terk etmegi olardan talap edipdir.

Taryhçy Ibn Esir 1153-nji ýylda Sanjaryň 100 müň goşun bilen Balhdaky oguzlaryň üstüne ýörişe çykandygyny ýazypdyr. Oguzlar söweşiň öň ýanynda soltandan etmişleri üçin ötünç sorap, töwella gelipdirler. Olar: «Biz seniň gullaryňdyrys we saňa tabynlykdan aýrylmarys. Biz seniň garşymyza söweşmäge gelmändigiňi gowy bilýäris, seni söweşe iteklediler. Sen soltansyň, biz bolsa seniň gullaryňdyrys» diýipdirler».

Oguzlar 100 müň dinar pul ýa-da öý başyna 7 mün kümüş, başga bir rowaýata görä bolsa 200 müň dinar, 200 müň goýun, 50 müň at we düýe, 100 gulam bermek şerti bilen soltana tabynlygyny bildiripdirler. Soltan ylalaşmagyň tarapdary bolsa-da, käbir emirleriniň talaby bilen töwella alynmanmandyr. Türkmende töwella alynmasa erbet görülýär. Beýik Serdarymyzyň mukaddes Ruhnamanyň ikinji kitabynda: “Eger bir säw bilen ara tow düşen bolsa, sylanýan ýaşulular bilen töwella barylýar. Töwellaçynyň töwellasy alynmasa türkmençilikde erbet görülýär” *(2,* 46 s.*)* diýip gaty jaýdar belleýär. Soltan Sanjar uruş etmek kararyna gutarnykly gelýär.

Dogrudan hem töweregindäkiler soltan Sanjary öz raýatlarynyň garşysyna goşun çekmäge itekläpdirler. Mukaddes Ruhnamada nygtalyşy ýaly: «Uly döwletiň soltanyny Balhyň töwereginde oturan oguz türkmenleri bilen duşman edýärler. Soltan Sanjar öz halky bilen söweşmejek bolup, köp çydaýar».

Balhly oguzlar bilen Soltan sanjaryñ arasyndaky söweşi Ibn Esir şeýle beýan edipdir: “… Soltan Sanjar …ülkesiniň ähli ýerlerinden esger ýygnady. Esgerleriniň sany ýüz müň atla ýakyndy. Soltan Sanjar bu

goşun bilen oguzlaryň üstüne çozdy. Aralarynda söweş başlady. Soltan Sanjaryň esgerleri derbi-dagyn boldy, soň özi hem ýeňildi. Oguzlar olary kowalap, köpüsini öldürdiler, köpüsini hem ýesir aldylar. Öldürilen esgerleriň jesetlerinden depe emele geldi. Söweşde emir Kamaç hem öldürildi. Soltan Sanjar we birnäçe emir hem ýesir düşdi. Ýesir düşen emirleriň kellesini kesdiler. … Aradan iki-üç aý geçdi. Oguzlar soltan Sanjar bilen bilelikde Horasanyň paýtagty Merwe gitdiler."[35]

Ibn Esiriñ ýazanlarynynyñ hakykata gabat gelmeýän ýerleriniñ bardygyny aýtmalydyrys. Birinjiden onuñ Kumaç şol söweşde öldürildi diýmesi nädogrydyr. Ikinjiden "Soltan Sanjar Balhyñ golaýynda ýesir düşüpdir" diýen maglumaty nätakykdyr. Çeşmeleri deñeşdirenimizde diñe Ibn Esir bu wakalary şeýle ýazypdyr diýmeseñ başgalarynyñ ählisi diýen ýaly Soltanyñ Marynyñ golaýynda ýesir düşendigini tassyklaýarlar. Emma taryhçylaryñ arasynda näme üçindir Ibn Esiriñ maglumatyna ynanýanlar az däl. Biz Soltan Sanjar Marynyñ golaýynda oguzlara ýesir düşendir diýen pikire uýýarys. Wakalaryñ gidişine üns bersek şu pikiriñ dogrugyny duýmak bolýar.

Geliñ wakalaryñ yzygiderligini yzarlamaga synanalyñ!

Sanjar Soltan bilen oguzlaryñ arasyndaky uruş 1153-nji ýylyñ ýaz aýlary başlanýar. Oguzlar Sanjaryñ uly goşuny bilen açyk meýdanda göni garpyşsalar ýeñiljekdiklerini bilip, häzirki Täjigistanyñ daglyk ýerlerine çekilip,100 atly sygar ýaly dagyñ darajyk jülgesinde söweşmegi karar edipdirler. Bu ýerde uly goşundan peýda bolmandyr. Taryhçy Rawendiniň sözlerine görä, oguzlar bilen döwlet goşunlaryny arasyndaky aýgytlaýjy söweş 1153-nji ýylyň Aprel aýynda bolupdyr. Oguzlaryň esasy güýçleri maňlaýdan döwlet goşunlaryny gyryp başlapdyr. Edil şol pursatda oguzlara garlykdyr halaçlardan kömekçi goşunlar gelip ýetişipdir. Yza çekilmäge ýer bolmandan soñ Sanjaryñ goşunlary geçmesi kyn ýerde oguz goşunlaryna garşy söweşe başlapdyrlar. Köp adam ýitirýän Seljuk goşunynda närazylyk başlanypdyr. Oguzlar bolsa gaty mert söweşipdirler. Seljuklaryñ goşunynyñ öñdäki bölegi–awangardy derbi–dagyn edilipdir. Sanjaryñ esgerleri gaçmaga başlapdyrlar.

---

35 Ibn Esir «" Kämil taryh" t, 2. 251-nji sah.

Sanjaryñ özi hem Balha gaçypdyr. Bu wakalar bilen döwürdeş ýaşan Owganystanyñ Şybyrgan, Balh we Andhoý şäherlerinde ýäsan Ỳusup ibn Abdylla Andhoýynyñ berýän maglumatlaryny seljereniñde Balhyñ golaýnda 1153-nji ýylyñ Aprel aýynyñ 29-ynda ikinji söweş bolupdyr.[36] Bu söweşde hem Sanjar ýeñilipdir. Sanjaryñ esgerleni oguzlar köpçülikleýin gyrypdyrlar. Sanjar 1153-nji ýylyñ Aprel-Mart aýlarynda Mara gaçypdyr. Oguzlar seljuklary doly ýeñmek üçin Mara ýöriş edipdirler we 1153-nji ýylyñ tomsunyñ ahyrlarynda (Iýul-Alp Arslan aýlarynda) olar Maryny eýeläpdirler we bir aýyñ dowamynda şäheri talapdyrlar. Üns ediñ! Soltan Sanjar entegem oguzlaryñ eline düşenok. Ỳusup Andhoýynyñ maglumatlary boýunça Sanjary 1153-nji ýylyñ Oktýabr aýynda tapypdyrlar we ýanlary bilen alyp Mara gaýdypdyrlar.[37]. Ar Rewendi: "Soltanyñ daşyny gabadylar. Ony hormat bilen tutdylar we Merwe alyp gaýtdylar Olar oña özlerinden köşk işgärlerini we hyzmatkärleri bellediler" diýip Sanjaryñ Hormatly ýesir (!?) bolandygyny aýdypdyr.[38]

Sanjary oguzlar Marynyñ golaýyndaky Anderan obasynda tutupdyrlar. Anderan obasy barada Abu Said As Samaniniñ ýer yurt atlary baradaky kitabynda (Kitab al-ansab) gysgaça maglumat berlipdir. Ol obanyñ Andarab diýlip atlandyrylýandygyny ýazyp, onuñ Merw şaherine ýakyndygyny, onda goşun saklanýandygyny belläpdir. Ỳakut bolsa ol obany weýran bolansoñ görendigini ýazypdyr. Ỳöne ol hem şol obada Soltan Sanjara degişli köşk berkitmesiniñ we onuñ ýadygärlikleriniñ bolandygyny tassyklapdyr[39] Ony öldürmän ýesir we hökümdar hökmünde saklapdyrlar. Elbetde beýleki emeldarlar ýaly Sanjar hem oguzlardan gaçyp özüniñ giñ döwletiniñ islendik künjüne gidip, şol ýerde goşun toplap täzeden söweşip hem bilerdi, ýa-da yzyndan kowup gelýän oguzlara garşy Marynyñ eteginde uly söweş gurap hem bilerdi. Çünki 1153-nji ýylyñ Maý aýynyñ başynda Mara gaýdyp gelen Sanjaryñ oguzlaryñ eline düşýänçe 5 aý çemesi puryjasy

---

[36] Bartold W.W. "Soltan Sanjar I guzy (Po powodu stati K. A. Inostransewa)" . Soçineniýe,tom II, çast 1I, Moskwa 1963, 415s.
[37] Bartold W.W. "Soltan Sanjar I guzy (Po powodu stati K. A. Inostransewa)" . Soçineniýe,tom II, çast 1I, Moskwa 1963, 415s.
[38] МИТТ., т.1, с. 356.
[39] МИТТ., т.1, с. 327.

bolupdyr ahyryn. Bu döwürde çarwa oguzlara däl eýsem başga ýurtlara söweşe gitmäge-de taýýarlyk görüp ýetişip bolardy.

Näme üçindir ömründe 17 sany uly söweşi garan we ýeňen şöhratly Soltan bu gezek söweş guramadyka? Ỳa-da Atsyzyñ Balhly oguzlara ýazan hatynda tekrarlaýşy ýaly dogrudanam Soltan Sanjar oguzlara "öz raýatlary hökmünde ynanyp", olary öz raýatlary hasaplap, olaryñ ýanyna meýletin baraýdymyka?! [40] Belki iki gezek söweş edende oguzlaryñ söweşe ussatdyklaryna göz ýetirip, Sanjar şolara daýanyp ýurdy dolandyrmak isländir!? Nämede bolsa Sanjaryñ ömrüniñ şu ykbal öwrümli pursady syrly bolmagynda galýar. Ỳöne bir zat aýdyñ: oguzlar Sanjar bilen bilelikde Mara täzeden gelip, ony öz soltanlary diýip jar edipdirler.

Taryhy şeçeşmelerde Soltan Sanjaryñ üç ýyla golaý oguzlaryň elinde ýesirlikde bolandygy, daşyndan seretseň oguzlar ony özleriniň soltany hasaplap, ähli däpleri berjaý edendikleri aýdylýar. Taryhçylar Juweýni we Mirhond bu däbiň diňe gündizlerine saklanyp, soltany gije demir kapasa salandyklaryny ýazýarlar. Ibn Esir: "Soltan Sanjar sözde soltandy. Tussag bolandygy üçin hiç kim onuň sözüne gulak asmaýardy. Hatda atyna münüp, gezmelemäge çykanda ýaragyny hem özi göterýärdi, hyzmatkäri ýokdy.

Soltan Sanjar özüne berilýän naharyň ýarysyny iýip, ýarysyny soňa goýardy. Sebäbi oňa wagtly-wagtyna nahar bermeýärdiler» diýip ýazypdyr[41].

Käbir çeşmelerde (Minhajeddin al-Jüzjany) oguzlaryñ Soltanyñ guz emirleriniñ soltan bilen gatnaşyklarda etiket saklandyklary aýdylypdyr.[42]

Şu maglumatlary derñäp, oguzlar Beýik Soltana özleriniñ däplerine laýyk derejede hyzmat edendirler. Emma uly imperiýänyñ hökümdaryna edilýän hyzmat öñkiden pes bolandygy üçin Sanjaryñ töweregindäkiler Soltany gowy naharlamandyklary hakyndaky gürrüñi döredendirler diýen piker kelläñe gelýär. Garaz Sanjaryñ ýesirlikde geçiren döwri barada pikirlenmäge esas bar.

---

40 Bartold W.W. "Soltan Sanjar I guzy (Po powodu stati K. A. Inostransewa)" . Soçineniýe,tom II, çast 2, Moskwa 1963, 415s.

41 Ibn Esir «Kämil taryh" t, 2. 253-nji sah.

42 МИТТ., т.1, с. 440.

Oguzlar harby hereketi dowam etdirip, Horasanyñ ähli ýerlerini basyp almaga girişipdirler. Bu hereketlerini Soltanyñ adyndan ýerine ýetiripdirler. Oguzlara eýelän täze ýerlerinden köp adamlar gelip goşulypdyrlar. Täze goşulanlaryñ sany oguzlaryñ öz goşunyndan 3 esse köp bolupdyr. Belki Sanjaryñ gulamlary ham Sanjaryñ oguzlaryñ arasyndadygy üçin gelip oguzlara goşulandyrlar.

Oguzlaryñ basyp alyşlary talañçylykly häsiýetde bolupdyr. Bu dowre bagyşlap, oguzlaryñ Maryny tozdurmagy barada asly mäneli şahyr Enweri "Horasanyñ göz ýaşlary" atly watançylyk elegiýasyny döredipdir. Emma soñrak Enweri oguzlaryñ begleriniñ biri bolan Dudu begin diwanynda köşk şahyry hökmünde gulluk edendigini, oña bagyşlap ýazan goşgylarynyñ şu günlere gelip ýetendigini hem aýtmalydyrys[43]

Sanjar oguzlara ýesir düşenden soñ, onuñ yzynda galan emirleri, wezir –wekillei maslahat geçirip, Soltan Muhammet Taparyñ ogly Süleýman şany tagta çykarypdyrlar. Süleýman şa Yrakdan Mara tarap ýörüşe başlapdyr. Emma onuñ esgerleri ilkinji söweşde gorkaklyk edip ýeñilipdirler. Ol söweşde olaryñ ýeñilmeginde başarnyksyz Süleýman şanyñ ýalñyşlyklary rol oýnapdyr.

1154-nji ýylyñ gyşynda oguzlar Nişapury basyp alypdyr we şäheri talapdyrlar. Oguzlaryñ talañçylyklaryna garşy seljuklaryñ ýerli hökümdarlary birleşip başlapdyrlar. Emma Beýik Soltan bolmandan soñ olaryñ agzy birikmändir. Nişapurda Muaýid Aý Aba oguz beglerine garşy aýgytly göreşipdir. Köneürgenç hökümdary Atsyz oguzlara 12 sany hat ýazyp, olarda Soltanyñ beýikdigini, özüniñ hem oña tabyndygyny, oguzlaryñ hem oña tabyn bolmalydyklaryny aýdypdyr.

Faruk Sümeriñ ýazmagyna görä Sanjaryñ emirleri 1155-nji ýyldan soñ Soltanyñ ýanyna arkaýyn gelip-gidip, onuñ bilen piker alşyp bilipdirler. Ỳöne olar gelende Sanjaryñ ýanynda oguz beglerinden biri hökman bolupdyr.[44]

Oguzlar Seljuk mälikleriniñ birleşmeklerinden gorkup, Marydan çykyp Balha gidipdirler. Sanjary hem ýanlary bilen alyp gidipdirler. Şol

[43] Faruk Sumer "Oguzlar-türkmenler" Aşgabat-1999. 136-njy sah.
[44] Faruk Sumer "Oguzlar-türkmenler" Aşgabat-1999. 131-nji sah.

ýerde sanjaryň aýaly ýogalypdyr. Soltan Sanjar aýaly ýogalandan soň oguzlardan gaçmak barada pikirlenýär. Oňa bu işde Muaýid Aý Aba kömek beripdir we ol Sanjary balhdan Termeziň üsti bilen oguzlardan alyp gaçmagy başarypdyr. Bu waka 1156-njy ýylyň oktýabr aýynda bolupdyr. Sanjar Mara gelensoň Köneürgenç döwletiniň oguzlara garşy alyp barýan söweşlerine taşir etmegi, könürgenjiň harby kuwwatyny ulanmagy ýola goýup bilmändir. Ỳogsa Atsyz ýogalan wagty hem özüniň Sanjara tabyndygyny aýdyp (1156ý) ýogalypdyr. Atsyzyň ornuna geçen Il Arslan hem Soltan Sanjara tabynlygyny bildiripdir. Sanjar Soltan bolsa Il Arslana Köneürgenjiň berilýändigi barada perman çykarmak bilen oňupdyr.

Sanjar Mara gelip öňki döwleti aýaga galdyryp bilmändir. Çünki şäher weýrandy, goşun saklar ýaly serişde ýokdy, hazynasyny oguzlar alyp gidipdi. 7 aýdan soň lapykeç Soltan 1157-nji ýylyň Maý aýynyň 7-sinde 72 ýaşynda ýogalypdyr. Ibn Esiriň "Kämil taryhda" ýazmagyna görä Soltan Sanjara aşgazan agyrysy sataşýar. Soǹ içgeçme keseli degýär, şondan hem ýogalýar.

Soltan Sanjar öz öljegine gözi ýetende, Horasana ýegeni Mälik Mahmyt ibn Muhammet ibn Bugra hany hökümdar belledi. Ol oguzlardan gorkup, Mawerennahrdan gaçyp gaýdyp, Horasanda ýaşaýardy. Emma onuň döwleti dolandyrmak ukyby gaty pes bolup, ol bu meselede Süleýman şadan ibaly bolmandyr.

Soltan Sanjar ýogalandan soň Balhly oguzlar ýene-de Maryny eýeläpdirler. Sanjaryň mirasdary bolan soltan Mahmyt we seljuk emiri Muaýid Aý Aba oguzlara garşy birleşip göreşmäge synanypdyrlar. Olar oguzlara garşy Mary bilen Sarahsyň arasynda 1157-nji ýylyň Sanjar aýynyň 1-5-i aralygynda 5-günläp aýgytly söweşipdirler. Emma ýeňilip, Gürgene gaçmaga mejbur bolupdyrlar. Horasan şäherleri täzeden oguzlar tarapyndan basylyp alnypdyr. Sanjaryň goşunynda emirlik eden atly serkerdeler döwletde agzıbirligi üpjün edip bilmediler. Sanjaryň serkerdesi Kumaç oguzlar tarapyndan öldürilenden soň beýleki emirleriň arasynda basdaşlyk başlanypdyr. Sanjar ýogalandan soň Horasanda Muýeýit Aý Abanyň abraýy artypdyr. Emma oňa beýleki emirler

görübilmezlik edipdirler. Mysal üçin ilki-ilkiler Aý Abanyñ ýanynda bolan Aýtak Aý Abadan bölünip aýrylyp, onuñ duşmanyna öwrülipdir. Sungur Eziz atly Sanjaryñ abraýli bir emiri bardy. Ol hem Aý Abanyñ duşmanyna öwrüldi. Olaryñ arasynda gan döküşikli söweşleriñ bolmagy olaryñ ählisiniñ hem peýdasyna bolmandy. Iñ esasy zat hem oguzlara garşy duranlary gowşadypdyr. Aý Aba Nişapury dolandyrýardy. Aýtak bolsa Dehistan töwereginiñ hökümdarydy.

1159-njy ýylda Mahmut soltany oguzlar çagyryp, özlerine soltan bolmagyny haýyş edipdirler. Emma ol gorkusyna oguzlaryñ ýanyna gelip bilmändir. Soñ oguzlar onuñ oglunyñ özlerine hökümdar edilip iberilmegini sorapdyrlar. Onuñ ogly- Jelaldeddin Mara gelip, oguzlara hökümdar bolupdyr. Soñ Mahmyt soltan hem Mara gelipdir.

Oguzlar özlerine goşulmak islemedik Aý Abany yzarlap başlapdyrlar. Oña garşy Mahmyt soltany hem ýanlaryna alyp ýörüşe başlapdyrlar. Aý Aba soltan Mahmydyñ dönüklik etmegine gaty gynanypdyr. Ỳöriş döwründe Aý Abanyñ bolýan şäheriniñ daşy gabalypdyr. Mahmyt soltan şol pursat oguzlardan gaçyp Aý Abanyñ sataşypdyr. Emma Aý Aba Mahmyt soltany ýesir alyp,dönüklikde aýplap, ilki gözüni oýduryp, sonra öldürdendigini Ibn Esir ýazypdyr. Aý Aba onuñ ogluny hem ýesir alypdyr. Ogly hem kakasynyñ ölümine gynanyp, uzak ýaşaman, şol ýyl aradan çykypdyr. Bu waka 1162-nji ýylda bolupdyr.[45]

1164-nji ýyldan soñ oguzlaryñ gowşamak döwri başlanýar. Onuñ esasy sebäbi olaryñ belli bir baştutanynyñ bolmandygy, öñki edenli oguz begleriniñ bolsa aradan çykandygy bolsa gerek.

Seljuklaryñ emirlerinden Aý Aba uzak wagtlap syýasy göreşiñ sahnasyndan düşmändir. Ol tä 1172-nji ýyla çenli Horasanyñ baş dolandyryjylarynyñ biri bolupdyr. Haçan-da Il Arslan ýogalyp, Horezmde onuñ ogullary Soltan şa we Tekeşiñ arasynda häkimiýet ugrunda göreşler başlananan wagtynda ol dawalara Aý Aba hem goşulypdyr. Aý Aba Soltan şanyñ haýyşy boýunça Horezme barypdyr we Tekeşe garşy söweş edipdir. Emma söweşde ol ýeñilip, Tekeşe ýesir düşüpdir. Bu wakalary Ibn Esir özüniñ “Kämil taryh” atly işinde şeýle beýan edýär: “Soltanşa bilen ejesi Mueýýidiň ýanyna gitdiler. Oňa köp

[45] Ibn Esir «” Kämil taryh” t, 2. 272-273-nji sah.

sowgat berip, Horezmi goramagyny islediler. Ol razy boldy. Horezmden ýigrimi parsah uzaklykda bolan Suberneý şäherçesinde duşuşdylar. Mueýýit ýeňildi, özi hem ýesir düşdi. Ony Horezmşa Tekeşiň ýanyna getirdiler. Ol hem ony öldürmekligi buýurdy. Ony şol ýerde öldürdiler. Soltanşa gaçyp, Dehistana gaýtdy."

Oguzlar seljuklaryňky ýaly berk döwlet dolandyryşyny ýola goýup bilmändirler. Olar döwleti oguz, garlyk we halaç serdarlarynyñ topary tarapyndan dolandyrypdyrlar. Emma döwletde bir serdara uýmak düzgüni bozulsa agzybirlik bozulýar, baş-başdaklyk başlanýar. Oguzlaryñ arasynda-da bölünişiklik başlanypdyr.

Halaçlaryñ uly bölegi ilki Gaznany eýeläpdir. Ol ýerden hem Hindistanyñ çäklerine aralaşypdyrlar. Oguzlaryñ bir bölegi Balhda ornaşypdyrlar. Beýleki bir bölegi bolsa Dinar serdaryñ baştutanlygynda Maryny basyp alypdyrlar. Dinar mäligiñ baştutanlygyndaky oguzlar Hyrady, Sarahsy hem eýäläpdirler.

Seljuk döwletiniñ ýykylan pursatlary ýazyrlar güýçlenip, Dehistandan Ahal sebitlerinde ornaşypdyrlar. Täk galasyny olar paýtagt edinipdirler. 1161-nji ýylda oguzlar ýazyrlara daşky duşmanlara, Köneürgenç döwletiniñ hökümdary Il Arslana garşy uruşda kömek beripdirler. Ỳazyrlaryñ hökümdary Ỳagmyr Mälik Dinar bilen gowy gatnaşyklarda bolupdyr.

Ỳazyrlary goldap Mälik Dinar tä Dehistan ýerlerine çenli basyp alypdyr. Emma ol ýerde uzak saklanman Mara gaýdypdyr. Mälik Dinar tä 1181-nji ýylda Tekeşiñ dogany Soltan şa Maryny basyp alýança dolandyrypdyr.Mary 1193-nji ýyla çenli Soltan şa, sonra bolsa Tekeş tarapyndan basylyp alynypdyr.

Balhda oguzlar 1205-nji ýyla çenli saklanypdyrlar. Soñra Balhy Gurly türkmen soltanlary basyp alypdyrlar.

Oguzlaryñ we halaçlaryñ Hindistana giden bölegi ol ýerde birnäçe uly döwletleri döredipdirler.

## Ỳazyrlaryñ döwleti.

Soltan Sanjar ýogalandan soñ seljuklaryñ döwründäki ýaly türkmen taýpalaryny bir serdaryñ baştutanlygy astynda birleşdirmek

başartmandyr. Balhly oguzlaryñ döwlet birleşmesine türkmenlerem, beýleki halklaram wagtlaýyn hadysa hökmünde garapdyrlar. Türkmenler Horasanyñ ähli ýerlerinde hojaýynçylyk etseler-de agzy birikdirmegi başarmandyrlar. Maryny, Sarahsy Mälik Dinar (Balhly oguzlardan), Nişapury, Tusy Muýaýed Aý Aba, Gürgende we Dehistanda Köneürgenç soltany Il Arslana arka diräp Yhtyýareddin Aýtak , Hyrady Aý Tegin dolandyrypdyr. Türkmen emirleriniñ köpüsi entägem Soltan Sanjaryñ adyna hutba okatmaklaryny dowam edipdirler. Bu syýasy wakalara şol wagtyñ iñ uly türkmen taýpasy bolan ýazyrlar işjeñ gatnaşypdyrlar.

Ỳazyrlar taýpasy barha güýçlenipdir. Ỳazyrlar ilki Hazar deñziniñ kenarlarynda balkanlarda ýaşapdyrlar. Şol ýerde ýaşaýarkalar olar nebit önümlerini öndürmegi hem başarypdyrlar. Hatda nebiti durlap ondan kerosin almagyñ hötdesinden gelipdirler.

Ỳazyrlaryñ ady köne ýazgylarda ýazgyr diýip gelýär (Mahmyt Kaşgarly we Fahreddin Mübärek şa). Ỳazyrlar barada Muhammed ibn Najib Bekran XIII asyrda ýazan "Jahannama" atly geografiki eserinde gowy maglumatlary galdyrypdyr. Onuñ aýtmagyna görä "ýazyrlar türkmen taýpasy bolup, Balkanlarda oturýarka, olara Müngyşlakdan bir taýpa, Horasandan ýene bir taýpa goşulypdyr. Şondan soñ olaryñ sany artyp, gaty güýçlenipdirler. Olar Balkanlardan gaýdyp Parawa we Şähristana gelipdirler, soñ Täk galasynda mesgen tutýarlar. Ỳazyrlar bu sebitlere gelende indi olaryñ esasan üç taýpasy bardy. Olar: 1)Yazyrlaryñ özleri; 2) Müngyşlakly ýazyrlar; 3)Horasan (pars) ýazyrlary"[46].

Ibn Esir ýazyrlaryñ gaty köp sanly bolandygy üçin olary aýratyn halk hökmünde görezip, "ýazyr türkleri" diýip atlandyrypdyr.

Ỳazyrlaryñ öz döwleti, hökümdary bolupdyr. Hökümdary "ýazyr han" diýlip atlandyrylypdyr. Bize ýazyrlaryñ döwletiniñ ähli hanlaryny anyklamak başartmady. Onuñ bize mälim halarynyñ biri Ỳagmyr handyr.

---

46 Karryýew A., i dr., "Oçerki iz istorii turkmenskogo nardoda I Turkmenistana w YIII-XIX ww." Aşhabad 1954 125-126-str; МИТТ., т.1, с. 349.

1160-njy ýylda Köneürgenç hökümdary Il Arslan ýazyrlar döwletine garşy ýörüşe başlaýar. Şol wagt ýazyrlara Ödek han ogly Ỳagmyr hökümdarlyk edýär eken. Şöweşde duýdansyz daşlary gabalan ýazyrlar ýeñilipdirler. Olaryñ köpüsi gyrlypdyr. Ibn Esir “Kämil taryhynda” şeýle ýazýar: “Horezm esgerleri Ýagmyr han ibn Ödegiň we onuň tarapynda bolan Barazyýe türkleriniň üstüne hüjüm etdiler. Olar bilen çaknyşdylar. Köpüsini gyrdylar. Ýagmyr han derbi-dagyn bolup, soltan Mahmyt ibn Muhammet handan we onuň ýanyndaky oguz türk-menlerinden kömek sorady. Ýagmyr han öz üstüne Horezmlileri Aýtak iberendir öýdüp şübhelendi. Şonuň üçin oguzlardan kömek sorady”[47]. Dogrudan-da Ỳagmyr han kömek sorap Balhdan gelen oguzlara ýüz tutupdyr. Olar bilen birleşip Dehistanyñ Seljuk hökümdary Yhtyýar eddin Aýtaga garşy ýörüşe çykypdyr. Taryhçy Ỳ. Atagarryýew “taryhda galan yzlar ” diýen kitabynda Dehistanyñ şol wagtky hökümdarynyñ adyny Ygtyýar eddin Ynak diýip görkezipdir[48]. Emma Dehistana şol wagt Seljuk emirleriniñ biri Aýtagyñ hökümdarlyk edýändigini biz ýokarda hem aýdypdyk.W.W. Bartold “Türkmen halkynyñ taryhyndan oçerkler” atly türkmenlere bagyşlan ajaýyp işinde hem Dehistanyñ hökümdarynyñ Aýtak bolandygyny tassyklaýar.[49] Çünki Aýtak Il Arslana ýazyrlaryñ ýurduna çozmagy maslahat beren adam diýip çaklanypdyr. Aýtak oguzlar bilen ýazyrlaryñ birleşmesine garşy durup bilmejegini bilip, Mazenderan şasyna kömek bermegini haýyş edipdir. Mazenderan şasy Rüstem ibn Aly ibn Şähriýar ibn Karun kürtlerden, türkmenlerden düzülen 30 mün adamly goşuny bilen Dehistana-Aýtaga kömek bermek üçin ugrapdyr. Baş söweş Dehistanyñ golaýynda bolup geçipdir. Mazenderan şasy oguzlary we ýazyrlary 5 gezek ýeñmegi başarypdyr. Mazenderan şasynyñ goşunynyñ sag tarapynda Aýtak öz esgerleri bilen söweşipdir. Oguz-ýazyr birleşen goşuny hem 6-njy gezekdäki hüjüminde Aýtagyñ esgerleriniñ üstüne topulypdyrlar. Aýtak gaçmaga mejbur edilipdir. Aýtagyñ gaçmagy bilen Mazenderan şasynyñ goşunlarynyñ esasy bölegi hem gaçypdyr. Söweşde uly gyrgynçylyk

---

47 Ibn Esir “Kämil taryh” t. 2, 267-268 sah

48 Atagarryýew Ỳ. “Taryhda galan yzlar” Aşgabat “Magaryf” 1989, 143-nji sah.

49 Bartold W.W. “Oçerk istorii turkmenskogo naroda” . Soçineniýe,tom II, çast 1, Moskwa 1963, 585s.

bolupdyr. Faruk Sumer Mazenderan şäsynyñ 30 müñ esgeri bilen giren söweşinden bary –ýogy 4 esgeri bilen çykandygyny ýazýar. Emma söweş bolan ýeriñ golaýyndaky söwdagärleriñ söweşden soñ 7 müñ adamy jaýlandyklaryny[50] nazara alsak diñe Mazenderan şasynyñ 30 müñ esgerini söweşde ýitirendigine şübhelense bolar. Ibn Esir hem söweşde ýogalanlar barada "Aýdyşlaryna görä, täjirler bu ölüler üçin kepen berip, ýedi müň sany adama jaýladypdyrlar" dyip tassyklaýar.[51]

Aýtak söweşden soñ Köneürgenje gaçypdyr. Ỳazyrlar ýurduna dolanypdyrlar, Oguzlar bolsa 1161-nji ýylda Dehistany basyp alyp, ony talapdyrlar. Soñra Gürgen weaýatynyñ ilatyny dürli ýerlere dargadypdyrlar. Diñe şondan soñ Horasana gaýdypdyrlar.

XII asyryñ ikinji ýarymynda ýazyrlaryñ ýurdy gülläp ösüpdir.

XIII asyryñ başlarynda ýazyrlar döwletini 11 ýyllap Hindu han dolandyrypdyr. Hindu hanyñ hökümdarlygyna garşy dogany Omar han baş galdyrypdyr. Hindu han doganyny tutup onuñ gözlerini oýmagy buýrupdyr. Bu buýrugy ýerine ýetirmeli adamlar Omar hanyñ haýyşy bilen onuñ gözlerine azar bermändirler. Omar han hem olara gep gelmezligi üçin tutuş ömrüni kör bolan bolup, gözüni dañyp gezmeli bolupdyr. Uzak wagtlap şeýdip gezmegi başarandygy, sabyr-tagatlydygy üçin Omar hana soñ Sabyr han lakamy berlipdir.

Hindu han aradan çykandan soñ Omar han tagta geçmelidi. Ỳöne Muhammet şanyñ ejesi Türkan hatyn özüniñ ýazyrlar bilen garyndaşlygyny, ol garyndaşlygy täzelemek isleýändigini aýdyp, ýazyrlaryñ ýurduna göz dikip başlapdyr. Ỳazyrlaryñ döwletini öz garamagyndaky 70 mün meýletinçi esgeriniñ gatnaşmagynda basyp almagy başarypdyr. Omar han Türkan Hatynyñ basypalyşyna garşy şowsuz göreş alyp barypdyr.

Ỳazyr ýurdunuñ soñky hökümdary bolmaly Omar han Köneürgenje alnyp gidilipdir. Mongol çozuşlary başlanan wagty birnäçe türkmen serdarlary ýazyrlaryñ ýurduny Köneürgenç hökümdarlary basyp alandygyna seretmezden has berk hasaplap oña özlerini atypdyrlar. Mysal üçin, Marynyñ häkimi Beha al-Mülk, Muhammet

50 Bartold W.W. "Oçerk istorii turkmenskogo naroda" . Soçineniýe,tom II, çast 1, Moskwa 1963, 586s.
51 51 Ibn Esir " Kämil taryh" t, 2. 268-nji sah.

şanyñ ejesi Türkan hatyn ýazyrlaryñ arasynda gizlenmekçy bolýarlar. 1220-nji ýylda Türkan Hatyn mongollardan gaçyp barýarka Omar han onuñ ýanynda eken. Emma ýazyrlaryñ ýurdunyñ serhetlerine golaý gelenlerinde Türkan hatyn Omar hana ynamsyzlyk edip baslapdyr. Ol özüniñkileriñ arasyna barsa dönüklik eder diýip gorkupdyrmy ýa-da basga zat sebäplimi garaz ýazyrlaryñ serhedine golaý gelenlerinde Türkan hatynyñ Omar hany öldürdipdirendigini Muhammet Nesewi “Jelaleddiniñ ömür beýany” atly işinde ýazypdyr.

Ỳazyrlaryñ ýaşan ýerleri barada Abulgazyda hem maglumatlar berilýär. Ol ýazyrlaryñ Durun sebitlerinde köp wagtlap ýaşandyklaryny belläpdir. Emma Durun diýip Abulgazy ýalñyşypdyr. Çünki Durun şäheriniñ –galasynyñ adynyñ taryhda ilkinji gezek 1384-nji ýylda Teýmir Agsagyñ ýörişinde gabat gelýändigini nazarda tutup W.W. Bartold eger Ol döwürde ýazyrlar ol ýerde oturan bolsalar onda galanyñ ady Täk ýa-da Ỳazyr bolmaly diýýär.[52]

Emma soñky geçirilen gazuw-agtaryş işleri Täk galasynyñ Durun hem dal, Ỳazyr hem däl eýsem Baharly (Bäherden)şäheriniñ 20 km. çemesi demirgazyk-gündogarynda ýerleşýän gadymy Şähriyslamyñ galyndylarydygyny subut etdi. Türkmen arheologlary tarapyndan 1960-njy ýyllarda geçirilen gazuw-barlag işlerinde şäheriñ tutýan meýdanynyñ 30 ga. barabardygyny anykladylar. Bu bolsa döwrüniñ ortaça ululykly şäheridir.

Ỳazyrlar Täk galasy sebitlerinde oturymly ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Bugdaý esasy ekinleri bolupdyr. Ülkäni gülledipdirler. Emma suwuñ ýetmezçilik edýän ýerlerinde ekerançylyk bilen meşgullanmak üçin emeli suw desgalaryny gurmak gerek bolupdyr. Dagdan akyp gelýän suwlar ýagyşly möwsümiñ gutarmagy bilen tamamlanýar. Şäher ilatyny üznüksiz suw bilen üpjün etmek üçin şahriyslamlylar şäherde 7 sany guýy gazypdyrlar. Emma uly şaheri ol guýular içimlik suw bilen hem üpjün edip bilmedik bilmedik bolmagy mümkin. Ỳagdaýdan gowy çykalga tapypdyrlar. Arheologlar Şähriyslama 20 km. günortada ýerleşen Abhadaran (Bäherden sözi şondan galypdyr) dýen obanyñ ýanyndan başlangyjyny alyp gaýdýan,

---

52 Bartold W.W. “Oçerk istorii turkmenskogo naroda” . Soçineniýe,tom II, çast 1, Moskwa 1963, 587s.

uzynlygy 20 kilometre barabar bolan üsti ýapyk suwprowodasynyñ gurulandygyny, şonuñ bilen şäheri suw bilen doly üpjün edendiklerini, hatda ekerançylyk bilen meşgullanmaga-da suwuñ ýeterlik bolandygyny anykladylar.[53] Suw ýapjagazynyñ kerpiçden edilendigi, özü-de üsti geriş görnüşli edilip örtülendigi haýran galdyrýar. Bu suw ýapjagazyny öwrenen alymlar onuñ Alymlar bu ýapyk suw ýapjagazynyñ inini, boýuny, beýikligini ölçäp onuñ üçden iki bölegini suw bilen dolduranyñda-da bir sekuntda 250 litr suwy akdyrjakdygyny anykladylar. Diýmek ol ýapjagazyñ azyndan 1 sagatda 15müñ litr, bir sutganyñ dowamynda bolsa 360 müñ litr suwy akdyrmaga mümkinçiligi bolupdyr.

Üsti ýapyk kerpiçleri biri-birine ýakyn edip edeilen ýapjagazdan suwuñ getirilmeginiñ sebäbi suw bugarmasy we şemaldan sýüýşýän ak çägäniñ ýaby gömmezligi üçin edilen bolmagy mümkin. Hünärmenleriñ hasaplamalary boýunça suw açyk ýapdan akdyrlanda 30-%-i bugarma arkaly zaýalanýar. Indi özüniz hasaplap şahriyslamlylaryñ näçe suwy tygşytlandyklaryny göz öñüne getiriñ!

Şähriyslamlylaryñ şeýle uzak aradan getirilen suwy 5-6 gektary tutup ýatan howuza guýdurypdyrlar. Şol howuzdan bolsa palçykdan gyzdyrylyp ýasalan suw turbalarynyñ üsti bilen şäherlilere suw eltilendiginiñ üsti açyldy[54].

Şähriislamda gazuw-agtaryş işleri geçirilende şäheriñ köşkleriniñ, galalarynyñ, kerwensaraýlarynyñ jemi 66 sany küňresiniñ bolandygy mälim boldy. Şol küñreleriñ her biriniñ üstünde bir adam gözegçi durupdyr. Şähriyslamlylar 100 metr çemesi 1,5 kg ýadrony atýan topa meñzeş mehaniki guraly hem şähere howp abananynda ulanypdyrlar.

Mongol çozuşlary döwründe Şähriyslam weýran edilipdir. Şähriyslamlylar mongollaryñ ilkinji hüjümini doly yzyna serpikdiripdirler. Şol gezek mongollaryñ 100 adamly otrýady Şähriyslama çozuş edipdir. Şolardan 5-6 sanysy diýmeseñ galanlarynyñ ählisi öldürilipdir. Emma ikini gezek uly goşun bilen Çingiz hanyñ

[53] Atagarryýew Ý. “Şähryslamyñ syry” Aşgabat “Türkmenistan”!968, 27-27-nji sah.
[54] Atagarryýew Ý. “Taryhda galan yzlar” Aşgabat “Magaryf” 1989, 147-148-nji sah.

giýewsi Toguçar han Şähriyslamy gana boýap, rehimsizlik bilen basyp alypdyr. Şäher tozdurylypdyr.

1961-nji ýylda Şähriyslamyñ ýaşaýyşyñ döwri öwrenilýär. Şonda birinji gatlak gazylanda ol ýerde IX-XI asyrlarda ýaşaýyşyñ bolandygy anyklanýar. Ikinji döwri XII-XIII asyrlar, üçinjisi bolsa XII-XIY asyrlary öz içine alandygy anyklanýar. Şeýlelikde Şähriyslamyñ IX-XIY asyrlarda gülläp ösen şäher bolandygy anyklandy.

Ỳazyrlar soñrak Sefewiler döwletine tabynlykda ýaşapdyrlar.

Ýazyrlar döwletiniñ paýtagty bolan Şähristanly alym Muhammet Şähristanynyñ birnäçe eser döredenligi bellidir. Onuñ işleriniñ biri-de "Milletler we akymlar" atly işidir. Bu eserde dinleriñ, dini akymlaryñ we pelsepeleriñ taryhy yzarlanypdyr.[55]

Abulgazy ýazyrlara soñky wagtlar garadaşly diýilýändigini ýazypdyr. Emma ýazyr adynyñ hem gabat gelýändigini nazarda tutsak, belki Horezme göçürilenlerine garadaşly diýlip, galanlary öñki ýazyr adyny saklandyr.Çünki Türkiýede soñky wagtlarda-da olara ýazyrlar diýlipdir.

Ỳazyrlaryñ bir bölegi Anadola gidip, ol ýerleriniñ türkmenleşmeginde uly rol oýnapdyrlar. Faruk Sumeriñ ýazmagyna görä XYI asyrda Anadolyda 24 sany oba Ỳazyr adyny göterýän eken[56] Magtymguly şahyryñ "Döker bolduk ýaşymyz" atly goşgusynda:

"Türkmenler baglasak bir ýere bili,
Gurudar Gulzumy, derýaýy-Nili,
Teke, ýomut, gökleñ , ýazyr, älyili,
Bir döwlete gulluk etsek bäsimiz "

diýip, ýazyrlaryñ adyny tutmagy ol taýpanyñ XYIII asyrda hem uly taýpa bolandygyny, olara şol wagt hem ýazyr diýilendigine şaýatlyk edýär.

Abdysetdar Kazynyñ "Jeñnamasynda" hem ýazyrlaryñ ady tutulýar. Ol watan ugrunda göreşenleriñ biri barada söz açyp,:

"Özi erdi Ỳazyrhanyñ ilinden,

---

[55] Aşyrow Tahyr "Mukaddes Ruhnama we gadymy türkmen şäheri Şäyslamyñ medeniýeti". –Mukaddes Ruhnama we dünýäniñ ruhy giñişligi atly halkara ylmy maslahatyñ nutuklarynyñ gysgaça beýany.Aşgabat 2007 261-nji sah.
[56] Faruk Sumer "Oguzlar-türkmenler" Aşgabat-1999. 232-nji sah.

Heder kylmas idi kem duşmanyndan”

diýmek bilen ýazyrlaryñ XIX asyryñ ortalarynda Günorta Türkmenistandaky wakalara işjeñ gatnaşandyklaryny tassyklaýar.Ỳa-da Mätäjiniñ “Ỳazyrhanyñ gyzy” goşgusynda-da ýazyrlar ýatlanylýar:

“Bizi görüp gülkä başlar,
Gülsün Ỳazyr hanyñ gyzy,
Ak gollaryn sala-sala,
Gelsin Ỳazyrhanyñ gyzy.”

Ỳu. E. Bregel “XIX asyrda Horezm türkmenleri” diýen işinde ýazyrlary Hywa hanlarynyñ zorluk bilen Horezme göçürilendigini ýazypdyr. Ỳazyrlar häzirki wagtda Türkmenistanyñ we Türkiýäniñ dürli ýerlerinde ýaşaýarlar. Olar Türkiýede, Ahalyñ Serdar, Baharly, Kaka etraplarynda, Daşoguzyñ Gurbansoltan eje, Lebabyñ Dänewinde ornaşypdyrlar.

## Köneürgenç türkmen döwletiniñ döremegi.

### Anuş teginler nesilşalygynyñ döremegi. Kutbeddin Muhammet.

Köneürgenç türkmen döwleti gadymy Horezm topragynda döreýär. Arap basybalyşlaryndan soñra Amyderýanyñ sag tarapynda afregitler neslşalygy (aýtagty Kät şäheri) dolandyrsa derýanyñ çep tarapynda Köneürgenç emiri (paýtagty Ürgenç) hökümdarlyk edýärdi. Kät we Köneürgenç biri beýlekisinden güýçli ösen şäherlerdi. Araplar Köneürgençde öz häkimligini dikeldip (712-nji ýyl), ol ýerde öz dikmesini (weli) oturdypdyrlar. 995-nji ýylda Köneürgenjiñ emiri Abul Abbas Mamun ibn Muhammet Käti basyp alyp, ýeke-täk hökümdarlygy öz elinde jemläpdi[57]. Gaznaly türkmen döwletiniñ hökümdary Mahmyt Gaznalynyn döwründe (1017-nji ý.) Köneürgenç gaznalylar tarapyndan basylyp alynypdy. Mahmyt Gaznaly ýogalandan soñra Köneüregenç kem-kemden ýene-de özbaşdaklyga ymtylypdy.

[57] Bartold W.W.Stati iz “Ensiklopedii islama” soçineniýe, t.III. 403. sah.

Seljuk türkmenleriniñ döwleti döwründe Köneürgenç seljuklar döwletiniñ düzümine girse-de ýurduñ içinde aýratyn hukukly welaýata öwrülipdi. Köneürgenç (Gürgenç) seljuklaryñ bellän wekilleri tarapyndan dolandyrylýardy. Köneürgenç beýik ýüpek ýolunuñ ugrunda ýerleşip Hytaý, Eýran, Owganystan, Hindistan, Gundogar Sibir ýaly ýurtlar bilen söwda, ykdysady gatnaşyklary alyp barypdyr. Bu ýagdaý Köneürgenç ýerleriniñ pajarlap ösmegine getiripdir. Seljuklar Köneürgenjiñ ösmegine aýratyn üns beripdirler.

Seljuklar oguzlaryñ bekdili taýpasyndan bolan, öñ Gaznaly döwletiniñ hökümdarlarynyñ gullugynda bolup, soñra seljuk türkmenleriniñ köşgünde köşk wezipeleriniñ birini eýelän Annuş hökümdary 1077-nji ýylda Köneürgenje häkim edip ýollapdyrlar. Annuş hökümdar seljuk soltany Mälik şa wepaly gulluk edipdir.

Ilkinji özüni Horezmşa diýip jar eden Anuş hökűmdaryň ogly Kutbeddin Muhammetdir. Ol 1097 – 1128-nji ýyllarda Horezmiň hökűmdary bolýar. Özüni Horezmşa diýip beýgeldip atlandyrsa-da ol hem seljuklara wepaly hyzmat edipdir. Çünki Kutbeddin Muhammet Merwde ylym we terbiýe alyp, syýasat bilimlerini çuňňur öwrenip, seljuk soltanlarynyň ynamyna girmegi başaran adamdy. Atasy Anuş Tegin dünýäden ötenden soňra, seljuklar ony mirasdar hökmünde Horezme häkim belläpdirler. Belli taryhçylardan Ibn Esir we Jüweýni onuň 30 ýyllap Horezmi Seljuklara tabynlykda dolandyran döwründe, Seljuk soltanlaryna wepalylygyny saklap, kuwwatly Seljuk imperiýasy üçin möhüm merkezleriň biri bolup durýan Horezm welaýatynyň Beýik Seljuk imperiýasyna tabynlygyny berkedendigini we halk bilen oňat, sazlaşykly gatnaşygy ýola goýandygyny ýazýarlar.

**Atsyzyń özbaşdak döwlet döretmek ugrundaky göreşi**.

Kutbeddin Muhammetden soňra, 1128-nji ýylda ýerine geçen ogly Atsyz, ilki atasy Anuş Tegin we kakasy Kutbeddin Muhammet ýaly Seljuk hökümdaryna ýagny Soltan Sanjara tabyn ýagdaýda Horezmi dolandyrdy; maksadaokgunlylygy we garadangaýtmaz batyrlygy, adalatlylygy we dogruçyllygy bilen Soltanyň iň ygtybarly adamlaryndan birine öwrülipdir.

1130-njy ýylda Soltan Sanjaryň Mawerannahra guran ýörişiniň dowamynda, Buhara ýakyn bir ýerde köpçülikleýin aw awlanýarka, soltanyň ýörite ýasawullarynyň, onuň janyna kast etmek üçin guran dildüwşiginiň üstüni açmagy, Atsyzyň Beýik Seljuk hökümdarynyň ynamyna ymykly girmegine sebäp bolan bolsa, köşk emeldarlarynyň göriplik duýgularyny has hem artdyrypdyr.

Has soňra, bu dildüwşigiň Samarkant hany Muhammet Arslan tarapyndan guralandygy ýüze çykýar. Çünki Soltan Sanjar onuń üstüne ýöriş gurapdy. Ol bolsa öz janyndan howatyrlanyp Beýik Soltany öldürtmäge synanyşypdy.

Ýokarda agzap geçişimiz ýaly, hyzmatkär neslinden bolan Atsyzyň beýle gysga wagtyň içinde Beýik bir imperiýanyň hökümdarynyň ynamdar adamlaryndan birine öwrülmegi birnäçe wezirleri we goşun serkerdeleriniň otly köýnek geýmeklerine we Atsyza garşy gizlin hereketler guramaklaryna, ony Soltanyň ynamyndan gaçyrmak üçin ońa garşy her dürli pirimleri guramaklaryna getiripdir. Soltan, Atsyza her näçe ynanýan-da bolsa, ýakyn egindeşleriniń ýersiz töhmetdir-gybatlaryna gulak gabartman durup bilmändir.

1135-nji ýylda Soltan Sanjaryň Gazna guran ýörişiniň dowamynda, şanyň töweregindäkileriň niýetleriniň düzüw däldigini aňan Atsyz, olaryň öz janyna kast etmeklerinden ätiýaç edip, şadan rugsat alýar we Horezme dolanýar.

Atsyzyň aman sypdyrylandygyny gören dildüwşüjiler Soltana onuň gitmegine rugsat berenligi üçin närazylyk bildirenlerinde, Beýik Seljuk hökümdary şeýle jogap berýär:

“Bilýän, ol indi biziň goşun saplarymyzda görünmese gerek. Emma, şu wagta çenli onuň gaty kän hyzmatyny gördük. Şeýle ýagdaýda ony yzarlamak we janyna howp salmak biziň kerem we merhemetimize ýaraşmaz”

Beýik Seljuk hökümdary hakykatdan hem 4 ýyllap Atsyzyň yzyndan goşun ibermändir.

Emma, haçan-da Atsyz Seljuk döwletiniň çäklerindäki kowumlary, taýpalary öz tarapyna çekmäge, mundan başga-da soltandan bidin öz

hasabyna dürli ýerleri basyp almaga başlanda, Soltan Sanjar Atsyzyň üstüne ýöriş guraýar.

W.W.Bartoldyň beýan etmegine görä, Soltan Sanjaryň 1138-nji ýyldaky bu birinji Horezm ýörişiniň esasy sebäplerinden ýene biri, Atsyzyň Horosan ýollaryny ýapdyrmagy we Seljuk hökümdarlygynyň Horezmdäki dikmelerini kowup, mal we mülklerine el goýmagydy.

1138-nji ýylyň Sentýabr aýynda Balhdan ýöriş eden Beýik Seljuk türkmen döwletiniň goşunlary bilen Atsyzyň tarapdarlary arasynda Dekabr aýynyň 16-synda ýüze çykan söweş düzgün-nyzamly Seljuk goşunlarynyň ýeňişi bilen tamamlanýar. On müňden gowrak esgerini ýitiren Atsyz, söweş meýdanyndan çekilmäge mejbur bolýar.

Sanjar, Köneürgenji dolandyrmagy agasy Muhammet Taparyň ogly Mälik Gyýasetdin Süleýman şa tabşyryp, onuň ygtyýanyna wezir, atabeg we hajyp berip Horezmiň tabynlygny has hem resmileşdirdi.

Emma, Soltan giden badyna yzyna dolanyp gelen Atsyz, Seljuklaryň täze dikmesinden göwni hoş bolmadyk Horezm halkyny öz tarapyna çekmegi başarypdyr we halkyň kömegi bilen häkimýeti Süleýman şanyň elinden aňsatlyk bilen alypdyr.

Atsyz, özbaşdak döwlet gurmak maksadyna barha ýakynlaşýardy. 1040-njy ýylda Buhara hüjüm eden Atsyz, Seljuklaryň galadaky dikmesini dardan asdyrýar. Ýöne, şol döwürlerde ýaşan Reşideddin Watwatyň “Sewgendnama” atly eserinde beýan etmegine görä, Atsyz bu gezek hem Seljuk imperiýasyna tabyn bolmaga mejbur edilipdir. 1141-nji ýylyň Sentýabr aýynda Garahytaýlar bilen seljuklar arasynda bolup geçen Katwan söweşi we bu söweşde Sanjaryň goşunlarynyň ýeňilmegi, Sanjaryň bolsa söweş meýdanyny taşlap, Termeze çekilmegi özbaşdaklyk ugrunda baş galdyrmaga Atsyz üçin täze bir mümkinçilik döretdi.

Hut şu maksat bilen 1141-nji ýylyň Dekabr aýynda Sarahsa goşun sürdi. Bu ýerde hiç hili ýaragly garşylyk gőrmezden gala giren Atsyz, atlaryň başyny Kuwwatly Seljuk Imperiýasynyň paýtagty Merwe tarap öwürýär. Garşylyk görkezmäge çalyşan merwlileri gylyçdan geçirdip, din adamlarynyň köpüsini Gürgenje alyp gidýär. 1142-nji ýylda Nişapura girýär, ol ýerde öz adyna 4-5 günläp hutba okadýär.

Horezmşa Atsyz Gürgenje dolanandan soňra, Termezdekä goşunlaryny jemläp ýetişen Soltan Sanjar gysga wagtyň içinde Horosany täzeden ele geçiripdir we hutbalaryň öz adyna okalmagyny ýaňadan ýola goýupdyr.

1143-nji ýylda ar almak maksady bilen Atsyzyň üstüne ýöruş eden Seljuk goşunlary, Gürgenç diwarlaryny katapultlar bilen ýumurmaga başladylar. Ýagdaýyň çykgynsyzdygyna göz ýetiren Atsyz, soltana tabynlygyny, onuň buýrugyna görä hereket etmäge taýýardygyny aýdýar. Şeýlelikde, ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Ońa laýyklykda Atsyz basyp alan Seljuk topraklaryny yzyna beripdir we Seljuk döwletine tabynlykda Horezmi dolandyrmaga başlapdyr.

Atsyz Soltanyň janyna kast etmek üçin iki sany jansyzy imperiýanyň paýtagtyna ýollapdyr. Bu iki jansyzyň Merwiň golaýynda bir ýerde tutulmagy we syrlarynyň açylmagy Sanjaryň üçünji gezek Horezme ýöriş etmegine sebäp bolupdyr.

Öňki söweşlerden belli bir derejede tejribe gazanan Atsyz bu gezek Seljuk goşunlaryny daş-töweregi suw bilen örtülen, kiçi bir ada şeklindäki Hazarasp galasynda garşylapdyr. Iki aý töweregi dowam eden gabawdan soň galany zabt etmegi başaran Sanjar, Horezmň paýtagty Gürgenje tarap ugrapdyr. Goşunynyň esasy bölegini ýitiren Atsyz bolsa bu gezek hem söweşi duruzmaga we Soltandan ötünç soramaga mejbur bolupdyr.

1153-1156-njy ýyllarda Soltan Sanjar balhly oguzlaryñ ýesiri bolan pursatynda Atsyz öz eýeleşýän ýerini has-da giñeldýär şol döwürde ol ilki Amula (Türkmenabada), soñra Merw, Sarahs, Nusaý sebitlerine harby ýörişler guraýar. Ol oguzlaryñ berk gaytawul bermegine sezewar bolup yzyna dolanýar. 1156-njy yylda Atsyz Günorta Türkmenistana iñ soñky harby ýörişini geçirende Nujsaýyñ golaýynda aradan çykýar. 1153-nji ýylda Soltan Sanjaryñ Balhly oguzlara ýesir düşmegi we üç ýüz üç aý 10 günläp ýesirlikde bolmagy beýik seljuk döwletiniñ synyp balhly oguzlaryñ Marydaky, Nişapurdaky eden etdilikleri Atsyza ýaramaýar. Haçan-da Soltan Sanjar balhly oguzlardan gaçyp tussaglykdan boşandan soñra Atsyz 1156-njy ýylda balhly oguzlar bilen Sanjaryñ arasynda araçynyñ wezipesini ýerine

ýetirýär. Ol balhly oguzlara hat ýazyp özüniñ hem Sanjara tabyndygyny balhly oguzlaryñam oña tabyn bolmalydyklaryny ýazýar. Soltan Sanjara iberen hatynda bolsa, ony ýesirlikden boşamagy bilen gutlap, özüniń ońa wepaly gulluk etjekdigi we Soltan islese Horasanda, islese Horezmde ýa-da Termezde galmaga razydygyny beýan edýär.[58]

Görşümiz ýaly Atsyz iş ýüzünde Köneürgenç türkmen döwletiniñ düýbüni tutujydyr. Emma muña garamazdan ol ýogalan wagty (1156ý.) hem Sanjara tabyndygyny aýdyp ýogalýar.

Atsyz 1156-njy ýylyń Iýul aýynyń 30-da 59 ýaşynda Günorta Türkmenistana ýörişi wagtynda aradan çykýar. Ol ysmaz keseline sezewar bolýar. Ölmezinden öń: “Mal-mülküm mańa hiç-hili peýda bermedi, soltanlygym elimden gitdi” diýipdir.[59]

**Köneürgenç Ilarslanyñ döwründe (1156-1172ýý.)**

Atsyz aradan çykandan soñra Köneürgenç türkmen döwletiniñ tagtyna onuñ ogly Ilarslan (1156-1172ýý.)geçýär. Ilarslan hökümdarlygyny özüne howp salýan basdeşlerinden dynmak syýasaty bilen başlaýar. Ol özüne wepaly goşunlarynyñ sanyny artdyrýar. Goşunlara berilýän ýer paýyny ep-esli artdyrýar. Ilarslan Köneürgenç türkmen döwletini resmi taýdan özbaşdak döwlet diýip jar eden ilkinji hökümdardyr. Akademik W.W. Bartold Ilarslany musulman dünýäsiniñ gündogar böleginiñ iñ güýçli patyşasy diýip atlandyrýar. Ilarslan Köneürgenç türkmen döwletiniñ çäklerini barha giñeldip Dahystany (Dehistan) we Gürgeni özüne boýun egdirýär.

Horasanda seljuklaryñ döwletiniñ synandan soñraky syýasy dagynyklygy ulanyp Il Arslan öz döwletiniñ çäklerini has giñeldýär. Bu ýerde ýazyrlar esasy güýje öwrülip 1160-njy ýylda Ilarslana garşy Durnuñ golaýynda gazaply söweş bolýar. Söweşde ýazyr serkerdesi Yagmyr hanyñ baştutanlygyndaky türkmenler ýeñilýär we ýazyrlar Ilarslana doly tabyn bolýarlar. Ýagmyr hanyñ ýolbaşçylygyndaky ýazyrlar Gürgen bilen Köneürgenjiñ arasynda ägirt uly ýerleri eýeläp oturypdyrlar. Olaryñ merkezi şäheri Bäherdeniñ 20 km golaýyndaky Şähristan şäheri bolupdyr.

---

58 Şol ýerde 394 sah

59 Ibn Esir. Kämil taryh. Aşg. 2005ý. II-kitap 253 sah

Ilarslan Mawrennahrda hem öz döwletiniñ çäklerini giñeltmegi dowam etdiripdir. Ol ýerde hem Garaköl bilen Jent şäheriniñ arasynda ýaşaýan 10 mün öýli türkmen Ilek diýen adamyñ ýolbaşçylygynda Samarkandyñ hökümdarynyñ tarapynda durup Ilarslana garşy göreşipdir. Şeýlelikde Il Arslan syrkawlap Horezme gelýär we 1172-nji ýylyň Mart aýynda aradan çykýar.

**Köneürgenç döwletiniń Soltan Tekeşiň döwrűnde gülläp ösmegi**

Kakasy ýogalandan soň Il Arslanyń yň kiçi ogly Soltanşa geçýär. Onuň döwrűnde ýurdy esasan onuň ejesi dolandyrypdyr.

Il arslanyň uly ogly Tekeş bu döwűrde Jendiň häkimidi. Ol kiçi doganynyň tagta geçmegi bilen asla ylalaşmandyr. Tekeş garahytaýlylardan doganyna garşy göreşmek űçin kömek soraýar we olaryň kömek bermeginde 1172-nji ýylyň Dekabr aýynyň 11-inde hepdäniň baş gűni dabaraly ýagdaýda tagta geçýär. Soltanşa Dehistana gaçýar. Tekeş Dehistany eýeläp, Soltanşanyň ejesini öldűrýär.. Soltanşa Muaidiň ýegeni Dogan şa Abu Bekiriň ýanyna, soň bolsa Gur hökűmdary Gyýaseddiniň ýanyna gaýdýar.

Tekeş tagt ugrundaky göreşde kömek bereni űçin garahytaýlylara salgyt tölemäge borçlanypdy. Emma Horezmiň hökűmdary bolandan soň salgyt tölemekden ýűz öwrűp, garahytaýlylaryň salgyt ýygnaýjysyny öldűrtýär. Muny eşiden Soltanşa öz agasyny agdarmak, tagta geçmek űçin kömek sorap garahytaýlylara ýűz tutýar. Horezmden salgyt ýygnamaga döwtalap garahytaýlylar muňa razylaşypdyrlar. Emma tekeş duşmanyň ýoluny suwa basdyryp öňe sűýşmegini päsgel beripdir. Soltanşa Merw we Sarahsa çekilip 1193-nji ýyla çenli ýagny aradan çykýança şol ýerlere hökűmdarlyk edipdir. Bu iki dogan barada Köneűrgenç tűrkmen döwleti Soltan Alaeddin Tekeşiň döwrűnde iň ösen derejesine ýetip, uly bir imperiýa öwrűlýär. Döwletiň çägi Syrderýanyň aşak akymynda Yraga çenli çäkleri özűne berkidipdir.

Köneűrgenç tűrkmenleriniň döwleti tűrkmen halkynyň taryhynda uly yz galdyrmak bilen tűrkmeniň ylymyny, medeniýetini, sdungatyny

dűnýä ýaýmakda uly yz galdyran döwletdir. Bu döwlet Soltan Tekeşiň döwrűnde öz ösűşiniň iň ýokary derejesine ýetip uly bir imperiýa öwrűldi.

Soltan Tekeşiň döwrűnde işjeň daşary syýasat bilen birlikde içeri syýasatda hem uly öňegidişlikler bolupdyr. Döwlet ykdysady, medeni taýdan ösűpdir. Ýurdyň paýtagty Köneűrgenç şäheri möhűm ykdysady, söwda, medeni merkeze öwrűlipdir. Şasenem, Zamakşa, Galalygyr ýaly gala şäherler-de ýaşaýyş täzeden janlanyp, gyzgalaňly durmuş dowam edipdir. Arap geografiýaçysy Ýakudyň ýazmagyna görä, ol Horezm ýaly gűlläp ösen welaýaty hiç haçan görmändir. [1]60

Esasan hem altyn dinaryň hűmmeti ýokary bolupdyr. Tekeş öz çykaran monetalarynda özűni soltan diýip atlandyrýar.[61] Köneűrgenç şalarynyň arasynda soltan derejesini alan ýeke-täk Tekeşdir.

Soltan Tekeşiň döwrűnde ylym, medeniýet hem gűlläp ösűpdir. Ol ylym adamlaryna howandarlyk edipdir. Hatda onuň özi hem goşgy dűzűp, gazal aýtmagy, saz çalmagy gowy görűpdir.

Köneűrgenç döwlet taryhyny medeni goraghanasynyň uly ylmy maslahatçysy Kuwwat Öräýewiň gűrrűň bermegine görä il arasynda şeýle gűrrűň saklanyp galypdyr. Ýagny Soltan Tekeş öz dűzen goşgularyny "uk" atly saz guralynda saza goşup aýtmagy gowy görer eken. Ynha, gűnleriň bir gűni duşman Soltan Tekeşiň döwlet dolandyryş syrlaryny öwrenmek, soňra bolsa ony öldűrmek űçin içaly iberipdir. Soltan Tekeş alymlar, şahyrlar, bagşylar bilen oturylyşyklar guramagy, bu babatda bäsleşikler geçirmegi ýygy-ýygydan gurap durupdyr. Şeýle oturylyşyklaryň birine ýaňky içaly hem gatnaşypdyr. Şonda Soltan Tekeş uk saz guralynda öz dűzen goşgusyny aýdym edip ýerine ýetiripdir. Onda içalynyň näme maksat bilen gelendigi we onuň basyny aman gutarmagyň aladasyny etmelidigi barada beýan edilipdir. Içaly bu goşgynyň özűne degişlidigini bilip, gaçmak bilen bolupdyr. Emma Soltan Tekeşiň esgerleri tarapyndan tutulyp öldűrilipdir.

---

60 Türkmenistanyń taryhy. Aşgabat. 1994ý. I-kitap 123 sah.

61 W.W.Bartold. Soçineniýe. M. 1964ý. II-tom. 536 sah.

Köneürgenç türkmen döwletini Tekeşiň dolandyran döwründe onuň medresse we kitaphana assambleýasyny gurdurandygyny Ibn as-Saini ýazýar.[62]

Tekeşiň köşgünde işlän alym Fahr ed-Din ar-Razy 1179-njy ýylda "Ylymlar ýygyndysy" diýen eserini ýazýar. Onda dürli ylymlaryň 57 pudagy hakynda beýan edilipdir.[63] Geografiýaçy Muhammet ibn Najyp Bekran bolsa dünýä kartasyny we oňa umumylaşdyrylan teksti düzüpdir. Ýeri gelende Reşideddin Wat-watyň ( 1189-njy ýylda aradan çykýar), Muhammet Nesewiniň Köneürgençde ýaşap, bilim almagyny ýatlasak artykmaç bolmasa gerek.

Soltan Tekeşiň döwründe Köneürgenç türkmen döwleti daşary syýasatda uly üstünlikler gazanypdyr.

Tekeşiň Mawerenahra ýörişi 1182-nji ýylda bolýar. Tekeş Buhara goşun iberip ony parahatçylyk ýoly bilen eýelejek bolýar. Emma bu başa barmaýar. Goşun göz açyp ýumasy salymdan şäheri eýeläp ony talamaga başlaýar. Emma Tekeş şäheriň talanmagyna parahat ilatyň ejir çekjekdigine düşünip goşuny yzyna çagyrýar. Şäheriň häkimi gaçmaga synanşan mahaly 1000-e golaý adam bilen ýesir alynýar. Şeýlelikde Buhara Tekeşiň eýeçiligine geçýär.

Bu döwürde Tekeşiň esasy bäsdeşi Gur türkmenleriniň hökümdary Gyýasetddin bolýar. 1183-nji ýylyň tomusunda Tekeş öz goşuny bilen Horasanda peýda bolýar. Bu döwür gur soltany Gyýasetddin üçin iň bir amatsyz mahallar dowam edýärdi, ýagny Merwdäki gozgalaňçylar aşa howp salýardy. Tekeş Gyýasetddine ýazan hatynda Gyýasetddini "oglum" diýip atlandyrýar we özünden başga adamyň kömegine umyt baglamakdan başga çykalgasynyň ýokdygyny ýazýar.[50] [64]

1185-nji ýylda Horasanyň hökümdary Tugan şanynyň aradan çykmagy bilen ornuna ogly Sanjar şa geçýär. Horasanyň uly bolmadyk bölegi Soltan şanyň eýeçiligine geçýär. Bu ýerleri eýelemek ugrunda Tekeş bilen Gur soltany Gyýasetddiniň arasyndan hem bäsdeşlik döreýär we ol Tekeşiň peýdasyna gutarýar. 1187-nji ýylda Nişapur Tekeş

[48] H.Ýakubow. Gadymy Horezmiń ýüregi. Aş. Ýurt. 1995ý.
[49] Türkmenistanyń taryhy. Aş. 1994ý. I kitap 134 sah.
[64] W.W.Bartold. Soçineniýe. M. 1964. tom-1 406 sah.

tarapyndan eýelenip, ogly Mälik şa yhta edilip berilýär. Sanjar şa Horezme iberilýär. Haçanda Sanjar şanyň Nişapurlylar bilen aragatnaşyk saklaýandygy aýan bolandan soň onuň gözüni oýdurýar.[2]

Soltan Tekeşiň hökümdarlygynyň soňky ýyllarynda daşary syýasatda has-da uly üstünlkiler gazanýar.

Tekeş Parsyň hem içki işlerine gatyşyp başlaýar. Yrak Seljuk soltany Togrul II bilen Gutlug Ynanjyň arasynda çaknyşyk bolýar. Onda Gutlug Ynanaç ýeňilýär we Togrul Hemedany eýeleýär. Gutlug Ynanç Reý-de galýar. Togrul II halyfyň elinden dünýewi hökümýeti almaga çalyşypdyr. Bu babatda kömek bermegini sorap, Gutlug Ynanjy Alaeddin Tekeşiň ýanyna iberýär. Emma Gutlug Ynanç Tekeşiň özüni öldürmeginden gorkup, ýene-de Reýe gaýdýar. Soltan Tekeş Reýe gelip ony eýeleýär. Emma dogany Soltan şanyň Horezme çozaryndan gorkup, yzyna gaýdýar. Reýde goramak üçin öz esgerlerini galdyrýar.[1]

1193-nji ýylda Soltan şa wepat bolýar. Şondan soň Soltan şanyň eýeçilikleri hem Tekeşe geçýär. Ol Köneürgenç türkmen döwletiniň ýeke-täk hökümdary bolýar. Tekeş uly ogly Mälik şanyň Merwe, ogly Kutbeddin Muhammeddi Nişapura häkim edip beleýär.

Soltan Tekeşiň Reýe indiki ýörişi 1194-nji ýylda bolýar. Yrak Seljuk Soltany Togrul II Reýi gaýdyp almaga synanyşýar. Halypanyň ilçileri hem gelip, Togrulyň üstünden Tekeşe arz edýärler. Ýagny öňde belleýişimiz ýaly Togrul II halypanyň elinden dünýewi häkimýeti almagy synanyşypdyr. Tekeş Nişapurdan Reýe gelýär we Gutlug Ynanjy alyp Togrul II bilen göreşe girýär. Bu döwürde Togrul II-niň esgerleri dagynyk ýagdaýdady. Şeýle-de bolsa ol Tekeş bilen söweşe girýär. Bu söweş 1194-nji ýylyň Mart aýynyň 19-da Reýiň golaýynda bolýar. Netijede Togrul II ýeňilýär. Onuň kellesini alyp, Bagdadyň şäher derwezesiniň öňünde birnäçe gün asyp goýýarlar. Tekeş soňra Hemedany eýeläp, ony Gutlug Ynanja yhta edip berýär.[2] Ibn Esiriň maglumatlaryna görä halyfyň weziri Muaid Tekeşe köp halat-serpaý ýapýar. Emma Jüweýni bu barada şeýle maglumat berýär. Ýagny wezir

---

[2] Şol ýerde 410 sah

[1] Ibn Esir. Kämil taryh. Aşgabat. Miras 2005ý. III-kitap 68 sah.

[2] Ibn Esir. Kämil taryh. Aş. Miras 2005 ý. III kitap 68 sah

Muaid Tekeşiň öz tagty üçin Bagdat hökümýetine borçludygyny aýdýar we wezir bilen duşuşyk mahaly Tekeşiň ilki atdan düşüp, ony garşy almalydygyny ulumsylyk bilen talap edýär.[3]

Tekeş tarapynda eýelenen Hemedan, Reý ýerleri ýene-de halyfyň goşuny tarapyndan eýelenýär. Halyfyň goşunynyň gelýändigini eşidip horezimliler Reýi we Hemedany goýup gaýdýarlar.

1196-njy ýylda ýene-de Tekeş bilen halypanyň arasynda söweş bolýar. Bu döwürde wezir Muaid aradan çykypdy. Söweşde Horezmliler ýeňiş gazanýarlar, köp olja alýarlar we Hemedan ýene-de Tekeşe geçýär. Onuň esgerleri weziriň gabryny gazyp, kellesini alyp, Horezme iberýärler we onuň söweşde öldürilendigini aýdýarlar.[1]

Halypa Köneürgenç şalarynyň özi üçin howply garşydaşa öwrülendigine düşünýär. Sebäbi öz hökümdarlygynyň soňky döwründe Soltan Tekeş edil seljuklar döwründäki yaly halypanyň tagtyna hem dawa edip başlaýar.

Halypa Tekeşden günbatar Eýrandan çykmagy we Horezimde galmagy talap edýär. Muňa jogap edip Tekeş diňe bir Yragy däl, eýsem Huristanyň özüne berilmegini, Hatda Bagdatda öz adyna hutba okalmagyny talap edýär.

1195-nji ýylda Tekeş boýunegmezek gypjaklary boýun egdirmek üçin Sygnaga ýöriş edýär we olary özüne tabyn edýär.

1197-1198-nji ýyllarda Soltan Tekeş Buhara ýöriş edýär. Gündogary öwreniji akademik W.W.Bartold bu ýöris barada diňe Ibn Eseriň maglumat berýändigini belleýär.

Bu söweşiň sebäbi gurlularyň Balhy almagy bilen bagly horezmşa Tekeş gurlularyň üstünden Hatda şasyna arz edýär. Netijede garahytaýlylar Jeýhundan geçip, gurlular bilen söweş edýärler. Gurlularyň birleşen güýji garahytaýlylardan üstün çykyp, garahytaýlylar köp esgerini ýitirýärler. Muňa gahary gelen garahytaýlylaryň hökümdary Soltan Tekeşe şeýle mazmundaky hat iberýär: “Sen meniň adamlarymy

[3] W.W.Bartold. Soçineniýe. M. 1964ý. I-tom 411 sah
[1] Ibn Esir. Kämil taryh. Aş. Miras 2005 ý. III kitap 70 sah

öldürdüň. Her bir öldüren adamyň üçin 10 müň dinar tölärsiň”[2]. Şol söweşde garahytaýyylylaryň 12 müň adamy öldürilipdir.

Soltan Tekeş hem öz gezeginde Horezme gelen garahytaýlylaryň ilçisinden olaryň şasyna hat ýollapdyr. Onda şeýle diýilipdir: “Seniň esgerleriň maňa kömek bermek üçin däl-de Gura girdiler. Men siziň bilen maslahat hem geçirmedim, ol ýere girmegi emel hem etmedim. Men seniň talap edýän puluňy jemledim. Men indi gurlularyň tabynlygyna girdim. Sen bu pula eýelik etmek isleseň, olaryň razylygyny almagyň hökmandyr.” [3]

Garahytaýlylaryň şasy bu haty okap has-da gaharlanýar we uly goşun bilen Horezme ýöriş edýär we paýtagty gabaýar. Tekeş şäherden çykman her gije garahytaýlylaryň üstüne çozuş edip, olaryň köpüsini gyrypdyr. Garahytaýlylar bolsa, adatça gijesini näme bolsada çadyrlardan çykmaýar ekenler. Hatda garagul hem goýmandyrlar. Netijede garahytaýlylar ýeňilýärler. Tekeş olaryň yzyndan yzy bilen gidip, Buharany eýeleýär. Buharalylar  oňa garşy çykyp söweşe girýärler. Söweşde Tekeş üstün çykyp Buharany eýeleýär. Tekeş örän geçirimli adam bolupdyr. Onuň bir gözi kör bolup Buharany eýelände buharalylar ýeke göz iti tutup, oňa telpek geýdirip, Horezmli esgerlere “Bu Horezm şa ”, “Bu siziň soltanyňyz” diýipdirler. Emma Tekeş geçirimlilik edip Buharany eýelän soň hem hiç zat diýmän köp pul paýlap Horezme dolanýar.[1]

Biz ýokarda Tekeşiň garahytaýlylara ýazan hatyny getirdik. Şu ýerde bir zada aýratyn üns bermek gerek. Ýagny onda Tekeş “Men indi gurlularyň tabynlygyna girdim” diýip ýazýandygyny belläpdik. Eýsem Tekeşiň hökümdarlygynyň güýçlenen, Köneürgenç türkmen döwletiniň iň kuwwatlanan döwründe onuň gurlularyň tabynlygyna girmegi mümkin däl diýip pikir edýäris.

1198-1199-njy ýyllarda Tekeş Reýe üçünji ýörişini amala aşyrdy. Tekeş bu ýere bellän naýyby Maýajygyň öz tabynlygyndan çykanlygyny eşidip, ol ýere ýöriş edýär.Tekeşiň gelýändigini eşiden Maýajyk

[2] Ibn Esir. Kämil taryh. Aş. Miras 2005 ý. III-kitap. 82 sah.
[3] Şol ýerde
[1] Ibn Esir. Kämil taryh. Aş. Miras 2005 ý. III-kitap. 83 sah.

galalaryň birinde gizlenýär. Emma Tekeşiň esgerleri tarapyndan tutulyp zyndana taşlanylýar.

Soltan Tekeş demgysma keselinden ejir çekýärdi. Ol 1200-nji ýylyň Iýul aýynyň 3-de şol keselden Şähristanda aradan çykýar.

Şeýlelikde Tekeşiň döwrűnde Köneűrgenç tűrkmen döwletine Horezm, Horasan, Reý, Şähristan, Nişapur, Zebeliýe ýaly ýerler giripdir.

Tekeşiñ döwrüınde ekerançylyk, maldarçylyk, söwda gülläp ösýär. Suwarymly ekerançylyga aýratyn üns berilýär. Gömülen akabalar täzeden gazylýar, weýran bolan obalary dikletmäge üns berilýär. Tekeş öz hökümdarlygyñ soñky ýyllarynda Bagdat halyfy bilen oñuşmaýar. Ol Horasanyñ üsti bilen Bagdada täzeden ýöriş eden pursatynda keselläp ýogalýar.

**Köneürgenç döwletiniń Muhammet şanyń döwrűnde gowşamagy.**

Tekeşiñ aýaly gypjaklaryñ hany Jankişiniñ gyzy Türkan hatyn beýleki aýallaryñ içinde diýen geçýän bolupdyr. Türkan hatyn öz taýpadaşlaryna döwletde uly wezipeleriñ berilmegini gazanypdyr. Haçanda 1200-nji yylda Tekeş aradan çykan wagty Türkan hatyn öz ogly Alaeddin Muhammedi tagta geçirmekligi başarypdyr.

Alaeddin Muhammet (1200-1220ý.) ejesi Türkan hatynyñ täsiri bilen döwleti dolandyrypdyr. Ol kakasynyñ başlan ýörişlerini dowam etdiripdir. Entek Tekeşiñ döwründe Gur döwletine (1165-1215ý.) garşy uruşlaryny dowam etdiripdir. Çünki gurlar Horasanyñ köp bölegini Sarahsy, Nusaýy, Abuwerdi basyp alyp Köneürgenjiñ özüne hem howp salypdyrlar. Köneürgenji gurlardan goramak üçin Türkan hatynyñ tagallasy bilen 70 müñ adamdan ybarat meýletinçilerden düzülen goşun döredilipdir. Şol goşun bilen Muhammet şa gurlary 1204-nji ýylda derbi-dagyn edipdir. Balh we Gazna şäherlerini hem Köneürgenç döwletine goşupdyr. Muhammet şa öñki Gazna we Gur döwletleriniñ mülklerini uly ogly Jelaleddin Meñburna mülk edip beripdir.

1209-1210-njy ýyllarda Muhammet şa garahytaýlylar bilen uruş alyp barypdyr we olary derbi-dagyn edipdir. Netijede Mawerennahr tutuşlygyna Köneürgenç türkmen döwletine birikdirilipdir. Görşümiz ýaly mongol çozuşlarynyñ öñisyrasynda Köneürgenç türkmen döwleti

gaty giñäp, ol häzirki Gazagystanyñ esasy bölegini Eýrany, Yragy, Demirgazyk Hindistany, hazirki Ozbegistany, Owganystany özüne birleşdirýän ägirt uly jahan döwletine öwrülipdir. Muhammet Nesewiniuñ maglumatyna görä Koneürgenç türkmen döwletiniñ çäklerinde 400 ýüzden gowrak uly şäher bar eken.

Muhammet şanyñ döwletiniñ ummasyz bolmagyna garamazdan dürli halklaryñ toplumyndan düzülen raýatly döwlet köp milletli döwletdi. Dürli halklar Muhammet şanyñ alyp barýan syýasatyna garşy baş galdyryp başlapdyrlar. Bagdat halyflygy bilen Muhammet şanyñ arasynda garşylyklar güýçlenipdi. Hatda 1216-njy ýylda Muhammet II Bagdat halyfy Nasry tagtyndan düşürilýändigini jar edipdi. Emma Muhammet şanyñ bu permanyna Bagdadyñ ruhanylary garşy çykypdylar. Muhammet şa Termez şäheriniñ ymamy Seýit aly Al mülk Bagdat halyfynyñ tagtyna geçirmekçi bolupdy. Bu synanyşyk Bagdatly ruhanlylaryñ gozgalaña başlamagyna getiripdir. Ol pitnäni basyp ýatyrmak üçin Muhammet şa 1217-nji ýylda 400 müñ adamly goşüñ bilen Bagdada ýöriş edipdir. Musulman dünýäsiniñ dini ýolbaşçysy Bagdat halyfyna garşy bu ýöriş şowsuz gutarypdyr. Entäk goşun Bagdada ýetmänkä ýolda birden howa üýtgäp güýçli gar ýagyp harasat bolup Muhammet şanyñ köp goşuny we düýeleri bölünip aýrylyp azaşypdyrlar. Goşunlarynyñ köp bölegi Muhammet şa bu ýagdaýy hudaýyñ görkezmesi hasaplap yzyna dolanypdyr. Bu ýagdaý Türkan hatyn bilen Muhammet şanyñ arasynda garşylygy ýitileşdiripdir. Muhammet şa Bagdada şowsuz ýörişinden soñra Türkan hatyndan çekinip Türkan hatyn hökümdarlyk edipdir.

Görşümiz ýaly mongol çozuşlarynyñ öñsyrasynda Muhammet şa dindarlaryñ esasy böleginiñ kömeginden Köneürgenje baryp bilmän Samarkantda ornaşypdyr, Köneürgençde bolsa hem mahrum bolupdur, ejesiniñ we Köneürgençli türkmenleriñ goldawyndan jyda düşüpdir. Ýurtda agzybirlik bozulypdyr. Akademik W. W. Bartoldyň bellemegine görä, jemgyýetiň hiç bir gatlagynda-da Muhammede arka duran tapylmandyr. Muhammetşa bilen harby serkerdeleriň arasyndaky agzalalyklaryň nä derejede ýitileşendigini Juweýniniň bellän bir wakasyndan hem görmek bolýar. Haçan-da Muhammetşa Amyderýanyň

kenaryndaky harby serkerdeleriň arasynda bolanda, ol öz çadyryndy ýatman, tötänden (duýdansyz) başga çadyrda ýatypdyr. Ertesi görseler, onuň çadyrynyň köp ýeri ýaýyň oky bilen eleme-deşik edilipdir.

Ine döwletde agzybirligiñ gowşan pursaty Çingiz hanyñ baştutanlygyndaky mongol basybalyjylary 1219-njy ýylda Muhammet şanyñ eýelik edýän yerlerine çozup giripdirler.

**Türkmenleriñ Bagdat halyflygy bilen gatnaşyklary**

Paýhasa hem-de gahrymançylyga ýugrulan ata-babalarymyz geçmişde "türkmen" adyny şan-şöhrada beslediler. Milletimiziñ at-owazasynyñ dünýä ýañ salmagynda ata-babalarymyzyñ goñşy döwletler, milletler, halkyýetler bilen gatnaşygy möhüm orny eýeleýär. Şol gatnaşykda türkmen, halyflyk gatnaşygynyñ ähmiýeti has hem uludyr. Çünki ilki araplar bilen gelen yslam dinini meýletin kabul eden türkmenler soñlugy bilen yslamy ýaýradyjy hem goraýjy millete öwrülýär. Türkmenleriñ kömegi bilen yslam dini dünýäniñ dürli künjeklerine ýaýraýar. Türkmen gylyjy yslam dünýäsini goraýar. Türkmenleriñ yslam dünýäsindäki abraýynyñ artdygyça yslamyñ syýasy merkezi bolan Bagdat halyflygynyñ türkmenlere, türkmenleriñ hem halyflyga gyzyklanmasy artýar. Olaryñ arasyndaky gatnaşyk ýygjamlaşýar. Bu gatnaşygyñ dowamynda belende galmalar-da, pese gaçmalar-da bolupdyr. Ýöne gynansak-da henize çenli türkmen halyflyk gatnaşyklarynyñ aýratynlyklary göz öñünde tutulyp bu mesele döwürlere bölünip öwrenilmedi. Şu zatlary nazara tutup biz türkmenleriň halyflyk bilen gatnaşyklarynyň mongol çozuşlaryna çenli bolan taryhyny dört sany aýratyn döwüre bölmegi maksada laýyk hasapladyk.

**Onuň birinji döwri** yslam dininiñ dörän wagtyndan 749-njy ýyla çenli aralygy öz içine alýar. Bu döwürde türkmenler halyflyk bilen esasan yslam dinini wagz edýän adamlaryñ kömegi arkaly gatnaşypdyrlar. Gatnaşygyñ birinji döwründe ata-babalarymyzyñ aglabasy yslam dini bilen tanyşypdyrlar we ony kabul edipdirler. Bu döwri türkmen halyflyk gatnaşygynyñ emele gelýän, entek türkmenleriñ araplaryñ syýasy durmuşyna gowşak täsir eden döwri hasaplamak mümkin.

Taryhdan mälim bolşy ýaly, Muhammet pygamber we 4 çaryýarlardan soň Arap halyflygyny 660-749-njy ýyllarda 90 ýyllap omeýalylar şanesli dolandyrýar. 747-nji ýylda Abu Muslimiň ýolbaşçylygynda Maryda başlanan gozgalaň netijesinde ol nesilşalyk agdarylýar. Halyflygyñ türkmenlere daýanmagy halyflyk tagtyny horasanlylaryň, aýratyn-da marylylaryň kömegi bilen eýelänlerinden soň başlanypdyr. 749-nji ýylda halyflygyň tagtyna Muhammet pygamberiň daýysy Abbasyň neberelerinden Abul Abbas geçýär. Onuň döreden nesilşalygy abbasylar (749-1258 ý) ady bilen dünýä dolýar. Abbasylar tagta geçenden soň batyr türkmenlerden goşun düzmäge başlapdyrlar. Şu wakalar bilen türkmen-halyflyk gatnaşyklarynyň **ikinji döwri** başlanýar. Ol döwür 749-1055ý. aralygy öz içine alýar.

Abbasy halyflary ilki türkmen gulamlaryny öz goşunynda ulanypdyrlar. Türkmenleriň aýratyn söweşjeňligine göz ýetirip, olaryň sanyny barha artdyryp başlapdyrlar. Abbasylardan ikinji halyf bolan Mansur (754-775ý.) türkmenlerden Hommad atly türkmeni, üçünji halyf Mähdi (775-785ý.) Mübärek atly türkmeni uly harby serkerde derejesine çenli ösdüripdirler. "Müň bir gijede" ýatlanýan dördünji halyf Harunyň (786-809ý) ogly al-Mamun (813-833ý) tagty bikanun eýelän doganyna garşy göreşde türkmenlerden delalat isläp, Mara gaçyp gelipdir. Marylylaryň kömegi bilen dogany Amini abbasy tagtyndan aýrypdyr. Mamun doganyny häkimiýetden çetleşdirenden soň hem Maryda birnäçe wagt galyp, Maryny halyflygyň merkezine öwrüpdir. Onuñ Maryny gaçybatalga edinmeginiñ sebäbi onuñ ejesi (Meretjil hatyn) türkmen bolup, ejesiniñ garyndaşlarynyñ goldawundan peýdalanmaga gelendigi düşnükli ýagdaýdyr.[65]Ol Bagdada giden wagty özi bilen wepaly türkmen esgerleriniň birnäçesini alyp gidipdir.

Mamunyň ogly Mutasim (833-842ý) türkmen esgerleriniň sanyny has artdyrypdyr. Ỳeri gelende aýtsak onuñ ejesi hem Horasanly türkmen (Maryde hatyn) Mutasim Abbasy goşunynda türkmen saýlama goşunyñ (gwardiýasynyň) düýbüni tutujydyr. Ol öz janpenalaryny hem türkmenlerden alypdyr. Akademik W.W. Bartold "Aziýada ariý

65 ГУНДОГДЫЕВ О, Р Е В Н И Т Е Л И В Е Р Ы. «Нейтральный Туркменистан» 3. 07.2003 г)
65 (W.W. Bartold Soçineniýe M. 1968, tom II, çast 2 str. 328)

medeniýeti barada"atly makalasynda Mutasimi türkmen esgeleriniň sanyny iň köpelden halyf hasaplaýar[66].

Abbasy halyflygynda IX asyryň ortalarynda jemi 45 müň çemesi goşun bolupdyr. Onuň 25 müňüsi saýlama goşun, 20 müňüsi adaty goşun bolupdyr. Saýlama goşun gönüden-göni halyflygyň merkezinde ýerleşdirilip, ol halyfyň jan ynanýan goşuny hasaplanypdyr.

Saýlama goşuny hem dürli milletlerden düzüpdirler. Muny bardygeldi goşunuň bir böleginde topalaň tursa, ony beýleki milletlerden bolan goşun bilen basyp ýatyrmak üçin şeýdipdirler. Köp milletli saýlama goşunda gulluk edýän türkmenleriñ sany (IX asyryň ortalarynda) 13 müň adama ýetipdir. (Döwürdeşi Aly b. Jahma atly şahyr Mutasimini 20 müň ezber türkmen esgerli halyf diýip atlandyrypdyr. Ýöne, şahyryñ türkmen esgerleriniň sanyny artdyryp aýdan bolmagy-da mümkin.) Halyflar esasan türkmenlere bil baglap syýasat ýöredipdirler. Türkmen harby serkerdelerini özlerine maslahatçylar edinipdirler.

Köp milletli Abbasy goşunyndaky türkmenler türkmen ýaragynyñ, harby ussatlygynyñ abraýyny gorap, türkmenleriñ abraýyna abraý goşupdyrlar. Goşunyň arasynda we Bagdat halyflygynda türkmen goşunlarynyň beýlekilerden güýçlidigi ykrar edilipdir. Hatda bu barada uzak wagtlap dürli derejeli çekişmeler bolupdyr. Şeýdip Abbasy goşunyndaky esgerler ol ýerde "türkmen meselesini" döredipdirler. Türkmen meselesi Mutasim, Wasik, Mustain, Mutazz dagylar halyflyk eden döwürleri, aýratyn-da Mutawakkul döwründe köşkde ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Çekişmä gatnaşanlaryñ bir topary türkmenleriň sanyny artdyrmagy halyflara maslahat beripdir. Beýleki topar bolsa türkmenler şundan artyk köpelse halyflygy ele alar öýdüp gorkupdyr.

Türkmen esgerleriniň beýleki milletleriňkiden artykmaçdygyny subut edýän eserler hem döräpdir. Şeýle eserlere meşhur arap ýazyjysy Abu Osman al Jahiziň halyflygyň baş weziri al-Fath b.Hakana iberen "Halyflygyň türk (türkmen. J.H.) we beýleki goşunlarynyň artykmaçlyklary hakynda" (Risala fi manakip al – atrak wa ammat junut

66 Bartold W.W. Soçineniýe M. 1968, tom II, çast 2 str. 328

al-halyfa) atly IX asyrda ýazan işini, Ibn al Fakih al-Hemedaniniň “Ýurtlar hakynda habarlar” (Ahbar al - Buldan) eseriniň türkmenler hakyndaky ýörite bölümini we XI asyra degişli Ibn Hassulyň “Türkleriň (türkmenleriň J.H.) beýleki esgerlerden artykmaçlygy hakynda” ýaly işler degişlidir.

Türkmen meselesinde türkmenlere tarapdar toparyň agdyklyk etmegi netijesinde IX asyryň ahyrlarynda - X asyryň başlarynda saýlama goşundaky türkmen esgerleriniň umumy sany hem, olaryň alýan haklary hem artdyrylypdyr. Abbasy goşunyndaky türkmenleriň sany IX asyryň ortalaryndakydan 2 esse artyp X asyryň başlarynda 20-25 müňe ýetipdir. (X asyryň başlarynda halyflygyň ähli goşunynyň sany 70 müň töweregi bolupdyr.) Görşümiz ýaly türkmen goşuny abbasylaryň ähli goşunynyň 3/1-ni düzüpdir. Olaryň hemmesi diýen ýaly atly esgerler bolupdyr. Az sanlysy pyýada gulluk edipdirler. IX asyryň ahyrynda - X asyryň başlarynda pyýada türkmen esgeri ortaça 5 dinar, atlysy bolsa 10 dinar aýlyk hak alypdyr ( bu döwrün her bir dinary 4, 27 gr altyna barabardy).

Türkmen esgerleri Bagdad halyflygyna özleri bilen türkmen harby demokratiýasyny hem alyp barypdyrlar. Halyf türkmenlere daýanypdyr, türkmenler onuň adalatly dolandyrmagyny talap edipdirler. Haçanda halyflar halkyň gözünden düşse türkmen esgerleri özara maslahatlaşyp, olary tagtdan agdarypdyrlar. Halyflykda bu döwürde dörän ýagdaýy L.L. Gumilýow jaýdar kesgitläpdir. Onuň anyklamagyna görä türkmen saýlama goşuny bolmasa halyf bir sagat hem häkimiýetini saklap biljek däldi, türkmenler bolsa halyfyň rugsady bolmasa keseki ýurtda hojaýynçylyk edip biljek däldiler.

Türkmenleriň döwlet işlerine goşulmasy IX asyryň 60-njy ýyllarynda has güýçlenipdir. Olar 10 ýylda dört halyfy tagtdan çetleşdirip, ornuna şol nesilşalygyň beýleki agzasyny halyflyga göteripdirler. Halk arasynda halyfyň türkmen goşunyna baglydygy barada dürli gürrüňler döräpdir. Şol döwürden şeýleräk bir hekaýat saklanyp galypdyr. Bir gezek halyf an-Mutazz özüniň näçe ýaşajakdygyny we näçe wagt halyf boljakdygyny münnejimden sorapdyr. Ol hem “türkmenler näçe isleseler şonça” diýip jogap beripdir.

XI asyryň basyndan başlap Abbasy halyflygy gowşamak, dargamak döwrüni başdan geçirýän pursady Seljuk türkmenleri olaryň dadyna ýetişipdir. 1055-nji ýylda Beýik Seljuk türkmen soltany Togrul begiň dabaraly ýagdaýda Bagdada girmegi, paýtagtdan kowulan halyfy ýene-de tagtynda oturtmagy we halyfyň türkmen soltanyna öz gyzyny nikalap bermegi bilen türkmen-halyflyk gatnaşyklarynda täze-**üçünji eýýamy** başlanypdyr. Bu döwür 100 ýyl çemesi dowam edipdir. Beýik Seljuk türkmen döwleti döwründäki türkmen-halyflyk gatnaşyklarynyň häsiýetli aýratynlygy hökmünde türkmenleriň halyflara howandarlyk etmegini, olaryň yslam dininiň goragçylary bolandyklaryny aýtmak zerurdyr. Bu döwürde Seljuk türkmen soltanlaryndan Togrul soltandan başga-da birnäçesi halyflar bilen guda garyndaşlygy ýola goýupdyrlar.

Türkmen halyflyk gatnaşygynyň **dördünji döwri** Köneürgenç türkmen döwletiniň alyp baran syýasaty bilen berk baglanyşyklydyr. Bu döwür 1172-1231-nji ýyllar aralygyny öz içine alýar. Köneürgenç türkmen döwletiniň hökümdarlary Beýik Seljuk türkmen döwletiniň mirasdüşerleri hökmünde Bagdad halyflygyna türkmenleriň öňkisi ýaly uly täsirini saklamaga çalyşypdyrlar. Abbasy halyflary bolsa diňe bir dini häkimiýeti däl, eýsem dünýewi häkimiýeti hem elde saklamak isläpdirler. Bu bolsa Köneürgenç türkmenleriniň şadöwleti döwründe Abbasy halyflygy bilen gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagyna getiripdir. Bu ikisiniň gatnaşyklary Soltan Tekeşiň (hökümdarlyk ýyllary 1272-1200) we Alaeddin Muhammet şanyň (hökümdarlyk ýyllary 1200-1220) döwründe hasam ýitileşipdir. Köneürgenç türkmenleriniň şadöwletini uly derejä ýetiren hökümdar Tekeş Horasana we Mawerennahra öz häkimligini berkidensoň, Eýranyň we Yragyň içerki syýasy işlerine hem goşulypdyr. Seljuk türkmenleriniň Yrakdaky döwletiniň gowşamagyndan hem-de onuň Abbasy halyflygy bilen gatnaşyklarynyň ýaramazlaşmagyndan peýdalanan Tekeş bu sebitde işjeň daşary syýasaty alyp barypdyr. Apbasy halyflygy Nasyr Lidinalla (1180-1225ý.) döwleti dolandyrmagy öz eline jemläp, halyflykda diňe dini häkimýeti galdyrmak isleýän Seljuk soltany Togrul II-ä garşy göreşde kömek bermegi sorap, Tekeşe ýüz tutupdyr.

Tekeş Togrulyň goşunyny derbi-dagyn edip, 1194-nji ýylda Hemedany eýeläpdir. Tekeş 1194-nji ýylyň Iyun aýynyň 26-synda Yrak tagtynda oturypdyr. Bu waka Seljuk türkmenleriniň Yrakdaky döwletiniň ýykylandygyny aňladýardy.

Şu wakadan soň öň seljuklaryň täsirinde bolan ýerleri paýlaşmak meselesi Abbasy halyflygy bilen Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň arasyndaky gatnaşyklaryň ýaramazlaşmagyna getiripdir. Bagdat halyfynyň özüne dünýewi häkimyetiň gaýtarylyp berilmegini türkmenlerden berk talap etmegi bu garşylyklary has ýitileşdiripdir. Tekeş gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin 1196, 1198-nji ýyllarda Yraga iki gezek ýöriş edipdir. 1196-njy ýylyň iyun aýynda Tekeşiň goşuny bilen halyflygyň harby güýçleriniň arasynda bolan gazaply söweş köneüurgençlileriň peýdasyna tamamlanypdyr. 1198-nji ýyldaky ýörişiň netijesinde Abbasy halyfy Tekeşiň häkimligini ykrar etmäge mejbur bolupdyr. Tekeşiň dolandyran soňky ýyllarynda Bagdat halyfy bilen gapma-garşylyklar täzeden ýitileşýär. Tekeş Horasanyň üsti bilen Bagdada üçinji gezek ýöriş edipdir. Emma ol ýöriş wagty 1200-nji ýylyň Iýul aýynyň 4-inde keselläp aradan çykypdyr.maý

Abbasy halyflygy bilen Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň gatnaşyklary soltan Alaeddin Muhammediň döwründe hasam erbetleşipdir. 1216-njy ýylda Muhammet şa Bagdat halyfy Nasyryň tagtdan düşürilýändigini, onuň ýerine Termeziň dini ulamasy, seýit Aly al-Mülki halyf bellenilýändigini yglan edipdir. Emma Bagdadyň ruhanylary we täsirli adamlary muňa razy bolmandyrlar. Bagdatly ruhanlylar gozgalaňa başlapdyrlar. Muhammet şa öz diýenini zor bilen gögertmek we gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin 1217-nji ýylda Bagdada ýöriş edipdir. Halyfyň iberen ilçileriniň eden töwellasy hem Muhammet şany bu niýetinden gaýtaryp bilmändir. Hemedandan Bagdada tarap ugran şanyň goşunyny ummasyz köp möçberde ýagan gar saklapdyr. Ýolda birden howa üýtgäp üç gije-gündizläp güýçli gar ýagmagy we harasat gopmagy netijesinde geriş haýsy, jülge haýsy, kötel haýsy saýgarar ýaly bolmandyr. Muhammet şanyň köp goşuny we düýeleri bölünip aýrylyp azaşypdyrlar. Köp çadyrlar, nökerler, atlar, düýeler garyň astynda galypdyr. Muhammet Nesewiniň ýazmagyna görä: “ýere

ýagan ak gardan agyr sülsadyñ mañlaýy garalýar, gara kysmat, gara bedibagtlyk aralaşýar. Goşunyñ ýükçi hem söweş düýeleriniñ ählisi gyrylýar. Bir topar esger aýagyny sowuga aldyrsa, bir topary elini sowuga aldyrýar. Soltan bu şowsuzlygy, bu belany ýaramaz alamat saýyp, ýörişe gaýdanyna ahmyr edip, agyr oýlardan soñ goşuny yza dolaýar”. Dogrudan-da Muhammet şa tebigy betbagtçylygy hudaýyñ göz görkezmesi hasaplap yzyna dolanypdyr. Muhammet şanyñ Bagdada şowsuz ýöriş edip köpsanly esgerlerini we mallaryny ýitirip, netijesiz yzyna gaýtmagy  Türkan hatyn bilen onuň arasyndaky garşylygy has-da ýitileşdiripdir. Köneürgenç döwletiniň içindäki dindarlar hem Bagdad halyfynyň garşysyna giden Muhammet şany goldamandyrlar.

Muhammet şa Bagdada şowsuz ýörişinden soñra Türkan hatyndan çekinip Köneürgenje baryp bilmän Samarkantda ornaşypdyr, Köneürgençde bolsa Türkan hatyn hökümdarlyk edipdir. Muhammet şanyň Bagdada indiki ýyl ýöriş etmek niýeti hem mongol howpy zerarly amala aşmaýar. Käbir taryhçylar Muhammet şanyň Yraga ýöriş etmekçi bolýandygyny eşiden halyf Nasyr Lidinallanyñ ondan gorkusyna, Çingiz hana hat ýollap, Horezmiñ baý diýardygyny, eger bu ýere ýöriş etse, özüniñ Horezmşa ýardam bermejekdigini aýdyp, mongollary Horezmiñ garşysyna küsgürendigini nygtaýarlar.

Görşümiz ýaly mongol çozuşlarynyñ öñisyrasynda Muhammet şa dindarlaryñ esasy böleginiñ, ejesiniñ we onuň täsirindaki harby serkereleriň goldawyndan jyda düşüpdir. Netijesiz harby ýörişler zerarly halkdan alynýan salgytlaryň artdyrylmagy netijesinde halk köpçüligi hem Muhammet şany halamandyrlar. Ýurtda agzybirlik bozulypdyr. Ine döwletde agzybirligiñ gowşan pursaty Çingiz hanyñ baştutanlygyndaky mongol basybalyjylary 1219-njy ýylda Muhammet şanyñ eýelik edýän ýerlerine çozup giripdirler. Çingiz hanyň çozuşlary başlanandan soň Köneürgenç döwletiniň dindarlarynyň ýeňillik bilen mongollara tarap geçmekleri-de belki Muhammet şanyň halyflyk bilen gatnaşyklarynyň erbetleşmeginiň netijesidir. Halyflyk bilen türkmenleriň birek-biregi goldamaklarynyň Muhammet şanyň döwrände gutarnykly bozulmagy netijesinde mongollar ilki 1221-nji ýylda Köneürgenç döwletini, 37

ýyldan soň, ýagny 1258-nji ýylda bolsa Bagdad halyflygyny ýok edýärler.

Beýik-Osman türkmen döwletiniñ döwründe halyflyk täzeden dikeldilýär. Bu  Halyflygyñ halyflary türkmenlerden bolupdyr.

# Edebiýatlar


1. Gurbanguly Berdimuhamedow, Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr, Aşgabat, 2007 ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy, I bölüm, Aşgabat, 2007 ý.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary, Aşgabat, „Ylym“ 2007 ý.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal, Aşgabat, 2007 ý.
5. Gurbanguly Berdimuhammedow, Ösüşiñ täze belentliklerine tarap, Aşgabat, 2008 ý.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow, Döwlet adam üçindir, Aşgabat, 2008 ý.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow, Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy, Aşgabat 2008 ý.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň Beýik Galkynyş eýýamynyň konstitusiýasy hakynda, Aşgabat, 2008 ý.
9. Agajanow S.G., Oçerki istorii oguzow I türkmen Sredneý Azii. IX – XIII ww.Aşgabat, 1969.
10. Atamälik Jüweýni. Alemi eýeleýjiniñ taryhy I-II jilt, Aşgabat, 2005
11. Abdyrahman Jamy. Baharystan. Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, A.: 2004.
12. Abd-ar Razzak Samarkandy. MITT., tom I, Moskwa-Leningrad.: 1939.
13. Ahmedow A. Gadymyýetiň ýaňy: Ylmy-populýar öçerkler. A.: Magaryf, 1992.
14. Bartold W.W. Bartold W.W. “Oçerk istorii türkmenskogo naroda” . Soçineniýe,tom II, çast 1, Moskwa 1963

15. Gumilýow L.N. Tysýaçeletiýe wokrug Kaspiýa. Soçineniýe. T.11. Moskwa. 1998., str. 312.

16. Ibn Esir. Kämil taryh. 1,2,3 -nji kitaplar. Aşgabat 2005

17. Ýazyjy ogly Aly Seljuk türkmenleriniń taryhy.A.2004

18. Ỳusubowa A., Türkmen edebiỳatynyñ taryhy ösüş döwürleri. A.: 2005.

19. Nejmeddin Kubra we Gündogaryñ ruhy-medeni dünỳäsi. TMM. A:, 2008.

20. Muhammet Münewwer. Mäne babanyń keramatlaryndan we halatlaryndan hekaýatlar. A.2005.

21. Magtymguly. Şygyrlar, üç tomluk, II tom A.: “Türkmenistan” 1994.

22. Meredow A. Magtymgulynyň düşündirişli sözlügi. I bölüm, Konbed Kowus:.1998.

23. Reşiteddin. Sbornik letopiseý. Tom 1. kniga wtoraýa. Moskwa 1952.

24. Фарук Сумер. Огузлар-туркменлер. А.: 1999.